A. MUHAMMADJONOV

# ÖZBEGISTANYŇ TARYHY

**(IV ASYRDAN XV ASYRYŇ BAŞLARYNA ÇENLI)**

## 7-nji SYNP

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan umumy orta bilim berýän mekdepler üçin derslik hökmünde tassyklanan*

Gaýtadan işlenen üçünji neşirden terjime



"SHARQ" NEŞIRÝAT-ÇAPHANA
PAÝDARLAR KOMPANIÝASYNYŇ
BAŞ REDAKSIÝASY
DAŞKENT — 2017

UO‘K: 94(575.1)(075)
KBK 63.(5O‘)
M–3

Derslik 2017-nji ýylda **F. Sultanow** tarapyndan ähli temalar gaýtadan işlenen bolup, 21,22,23,34,35,40-nji temalar täzeden ýazylan.

Jogapkär redaktor: **A.T. Zamonow**
Dersligiň metodik esasy **F. Sultanow** tarapyndan işlenen

Syn ýazanlar:

***A.M. Atahojaýew*** – ÖzR YA Taryh institutynyň bölüm başlygy, taryh ylymlarynyň doktory;

***A.J. Ýahşiýew*** – Salgyt akademiýasynyň Taryh kafedrasynyň müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty;

***N. Narziýew*** – TŞHTIGTUHKI uly mugallymy;

***Ş.Safarowa*** – Respublikan Tälim merkeziniň Sosial ylymlar bölüminiň baş metodisti;

***Z.Jumanowa*** – Daşkent şäheriniň Çilanzar tümänindäki 162-nji mekdebiň taryh mugallymy.

**Derslikden okuw prosesinde peýdalananyňyzda Size kömek edýän belgiler:**



**Möhüm taryhy wakalary ýatda saklamagy talap edýär.**



**Tekstde duşýan adalgalaryň we esasy düşünjeleriň mazmunyny öwreniň.**



**Tema boýunça soraglara jogap beriň, ýumuşlary ýerine ýetiriň.**

M–3 **Muhammetjanow, Abdulahad.**
Özbegistanyň taryhy: 7-nji synp üçin derslik. Gaýtadan işlenen üçünji neşirden terjime / Awt. A. Muhammetjanow. – D.: “Sharq”, 2017. – 160 s.

**UO‘K: 94(575.1)(075)**
**KBK 63.(5O‘)**

ISBN 978-9943-26-687-2

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan kärende üçin çap edildi.**

© A. Muhammadjonov
© “SHARQ” NÇPK Baş redaksiýasy, 2009, 2013, 2017

# G I R I Ş

Eziz okuwçy!

Watanymyz baý gadymy taryha eýe. Turan, Türküstan Mawerannahr atlary bilen şöhrat gazanan bu ýurduň we öz zähmeti bilen ony abat eden özbek halkynyň geçmişi gaty gyzykly we göreldelidir.

Siz şu derslikde IV–XV asyrlaryň dowamynda ülkämiz taryhynda bolup geçen wakalar barada bilersiňiz. Bu taryhy basgançakda, “özbiý” we “özbek” adalgalary bilen beýgeldilen özbek halky şekillendi.

*** “Özbek” – taýpa begi, hökümdar**

IV–XV asyrlarda ilki Horezm, hyýanylar, kidariýler, eftallar, türk hakanlygy, soňluk bilen samanylar, garahanlylar, horezmşalar, Emir Temur hökümdarlyk eden iri döwletler iş alyp barypdyr. Şol döwletler bu çägiň ilatynyň sosial-syýasy, ykdysady we ruhy durmuşynyň ösmegine täsir edipdir.

Irki orta asyrlarda “*oba häkimi*” diýlip atlandyrylan uly ýer eýesi – “*daýhan*”lar we olaryň ekinzarlarynda işleýän ýersiz “*kadiwar*”lar şekillendi. Ýerde işlemegiň düzgünleriniň düýpgöter özgermegi ilatyň arasynda gatlaklanmagy has-da ýitileşdiripdir.

VIII asyryň başlaryna gelip ýurdumyzda Arap halyfaty ornaşdyryldy. Ülkämize arap medeniýetiniň täsiri güýçlenýär. Halyfat hökümdarlygyndan soňky asyrlarda ylmyň magaryfyň ösmegi üçin şertler emele gelýär. Ýurdumyzdan dünýä ylym-biliminiň ösüşine goşant goşan ***Muhammet ibn Musa al-Horezmi***, ***Ahmet al-Fergany***, ***Abu Reýhan Biruny***, ***Ibn Sina***, ***Ulugbek*** we ***Alyşir Nowaýy*** ýaly beýik akyldarlar ýetişip çykdy.

Orta asyrlarda ýaşap döredijilik eden ***Ymam Buhary***, ***Ymam at-Termizi***, ***Mahmyt az-Zamahşary, Ahmet Ýassawy***, ***Nejmiddin Kubra***, ***Bahaweddin Nagyşbendi*** we ***Hoja Ahrar***

***Weliý*** ýaly meşhur ulamalaryň yslam dinine we taglymatyna degişli eserleri bu günki günde-de öz ähmiýetini ýitirenok.

Beýik alymlaryň we akyldarlaryň ylmy mirasy we onuň häzirki zaman siwilizasiýasy taryhynda tutýan ornuna we roluna bagyşlanyp **2014-nji ýylyň 15-16-njy maý günleri** Samarkantda halkara konferensiýa geçirildi. Konferensiýada ellä golaý ýurtlardan gündogarşynas alymlar, abraýly halkara guramalaryň wekilleri, ylmy merkezleriň hünärmenleri gatnaşdylar.

Eziz okuwçy!

Biz şu toprakda ýetişip çykan, dünýä ykrar eden beýik akyldarlaryň we meşhur ulamalaryň nesilleridiris.

"Dünýä ykrar eden beýik akyldarlarymyza we meşhur ulamalarymyza mynasyp bolmak" diýende nämä düşünýärsiňiz? Pikiriňizi düşündiriň. Munuň üçin Sizden näme talap edilýär?

***** "Barlagçy-alymlaryň pikiriçe, Gündogar, hususan-da, Merkezi Aziýa sebiti IX-XII we XIV-XV asyrlarda misli apytupan ýaly atylyp çykan iki güýçli ylmy-medeni rowaçlygyň çeşmesi hasaplanyp, dünýäniň başga sebitlerindäki Renessans proseslerine oňyn täsir eden Gündogar galkynyş döwri – Gündogar Renessansy hökmünde dünýä alymlary tarapyndan hakly ýagdaýda ykrar edilendir".***

Islam KARIMOW

Dersligi okamak bilen ata Watanyň goragy ugrunda mertlik görkezen ***Jelaletdin Menguberdi, Temur Mälik, Şyh Nejimiddin Kubra, Mahmyt Taraby, Emir Temur*** ýaly watanperwerleriň edermenligi bilen tanyşarsyňyz.

Gadymky Turanyň çäklerinde ozaldan oturymly özbekler, täjikler, gyrgyzlar, gazaklar, garagalpaklar we türkmenler ýaşap gelipdirler. Şu sebäpli-de, özbek halkynyň geçmişi etnik taýdan ýakyn bolan doganlyk halklaryň taryhy bilen aýrylmaz baglanyp uýgunlaşypdyrlar. Olar köp ýagdaýlarda ýeke-täk döwletiň umumy raýaty bolup ýaşapdyrlar, il-ýurdy abat etmäge işeňňir gatnaşypdyrlar.

Derslikde berlen wakalar bilen tanyşmak bilen siz, halkymyz hemişe döredijilikli zähmete, ylma we magaryfa ymtylyp ýaşandyklaryny bilersiňiz. Diňe ylma we magaryfa ymtylmak arkaly kämilligi gazanmak mümkinligini düşünýärsiňiz. Kämillik bolsa dyngysyz zähmet talap edýär. Siz öz üstüňizde dyngysyz işläp, gözlegleriňizi, bilimleriňizi has-da berkidip, barha artdyrmak arkaly watanperwerligiňizi ýüze çykararsyňyz. Bu bolsa Siziň ruhy edermenligiňizdir.

**1.** Özbegistan Respublikasynyň birinji Prezidenti Islam Karimowyň aşakdaky pikirlerini okaň we ondaky "...özümiz hem, edil olar ýaly, ynha şu bahasyna ýetip bolmaýan mirasa öz goşandymyzy goşalyň!" diýen pikirlerine gatnaşygyňyzy bildiriň. Siz nähili goşant goşup bilersiňiz?

*"Men ýaşlarymyza ýüzlenmek bilen, olara hemişe: "Biz beýik ata-babalarymza busanmalydyrys, guwanmalydyrys", diýip aýdýaryn. Şol bir wagtda "Diňe bir buýsanjymyzyň özi ýeterli däldir, geliň, hany, özümiz hem, edil olar ýaly, ynha şu bahasyna ýetip bolmaýan mirasa öz goşandymyzy goşalyň!" diýip gaýtalaýaryn".*

**2.** Hany, ýadyňyza saljak boluň, gadymky döwürde Özbegistanyň çäginde nähili döwletler bolupdyr?

**3.** Tekstde getirilen "Orta asyrlarda emele gelen döwletler şu çägiň ilatynyň sosial-syýasy, ykdysady we ruhy durmuşynyň ösmegine täsir edipdir" jümlesinde nähili täsirler barada gürrüň edilýär? Sosial-syýasy, ykdysady we ruhy täsir diýende nämäni düşünýärsiňiz?

**4.** Hany aýdyň, orta asyrlarda Watanymyzyň taryhynyň özboluşly aýratynlygy nämeden ybarat eken?

**5.** Orta asyrlarda ýurdumyzda ýetişip çykan beýik akyldarlaryň we meşhur ulamalaryň haýsy eserlerini bilýärsiňiz?

**6.** Siz ýurdumyz taryhyna bagyşlanan halkara konferensiýada gatnaşsaňyz, nämeler barada gürrüň eden bolardyňyz?

# I B A P ORTA ASYRLARDA ÝER EÝEÇILIGI GATNAŞYKLARYNYŇ ŞEKILLENMEGI WE ÖSÜŞI

## 1-§. SOSIAL-YKDYSADY ÖZGERIŞLER

**Daýanç düşünjeler:** ***daýhan, kaşowarz, kadiwar, çokar.***

**Sosial-ykdysady özgerişler.** Öz döwrüniň beýik döwletleri bolan Kang döwleti we Kuşan patyşalygy döwründe Gadymky Turan diýary ýokarlanyp başlapdy. Bu döwürde ýurduň ilatynyň sosial-ykdysady, medeni we syýasy durmuşynda möhüm özgerişler bolup geçýär. Şäherleriň sany barha köpelýär we olaryň çägi giňelýär. Şäher irki orta asyrlardan başlap hünärmentçiligiň, söwda-satygyň we medeni durmuşyň merkezine öwrülipdir.

Oazislerde iri suwaryş desgalary gazylyp, suwarymly daýhançylyk meýdanlary giňelipdir. Suw degirmeni, jykyr we **çarhpelek** ýaly suw desgalary açyş edilipdir. Akýan suw derejesinden ep-esli beýiklikde ýerleşýän meýdanlara suw çykaryp abat edilipdir.

Ekin meýdanlaryny suwarmagyň we işläp bejermegiň kämilleşmegi netijesinde ilat daýhançylykdan bol hasyl alypdyr. Şäherlerde ilatyň barha köpelmegi, hünärmentçilik, içerki we daşary söwdanyň ösüş gazanmagy bilen oba hojalyk önümlerine bolan zerurlyk barha artypdyr. Netijede ýurduň ykdysady durmuşynda çig mal bilen üpjün edýän obalaryň abraýy ýokarlanypdyr. Bir tarapdan, ýere, ekerançylyk meýdanlaryna bolan gatnaşyk, olara eýelik etmek şekli ýuwaş-ýuwaşdan özgerip başlapdyr. Ikinji tarapdan bolsa, oturymly ekerançy ilat bilen çarwadar taýpalaryň arasyndaky aragatnaşyklar ösüpdir.

Ýurduň sähra we dagetek sebitlerinde ýaşaýan göçme we ýarym göçme ilatyň oturymly durmuş terzine geçmegi güýçlenipdir. Netijede daýhançylyk üçin ýaramly suwarylýan ýerlere bolan zerurlyk barha artypdyr. Şonuň netijesinde tarp we boz ýerlere suw çykarylyp, uly-uly ekin meýdanlary döredilipdir. Şeýle abadançylyk işlerini amala aşyrmakda ýurduň jemgyýetçilik durmuşynda ep-esli uly abraýa eýe

bolan mülkdar gatlak wekilleri, oba aksakgallary hem-de taýpa baştutanlary işbaşy hökmünde işeňňir gatnaşýarlar. Täze özleşdirilen ýer meýdanlarynyň mälim bir ülşi olaryň eline geçip, miras emläge öwrülipdir. Şeýdip, uly-uly ýer eýeçiligine esaslanýan mülkdarlar gatlagy şekillenipdir.

**Daýhanlar we olaryň hojalygyndaky durmuş.** Taýpa baştutanlary, işbaşylar özlerine degişli ýer meýdanlaryny suwaryş desgalarynyň ýokarky böleginden, aýratynam, bendiň başynyň töwereginden bölüp alypdyrlar. Bu ýol bilen olar suwdan daýhançylykda arkaýyn peýdalanmak, suw paýlanyşyny gözegçilik astyna alyp, oba ilatynyň üstünden öz täsirini geçirmek mümkinçiligine eýe bolupdyrlar. Şeýdip, olar ekerançy ilatyň üstünden hökümdarlyk edip başlapdyrlar. Şol döwürde olar **daýhanlar** diýlip atlandyrylypdyr.

Daýhanlar şäherlerde mahabatly galalarda we köşklerde, söwda we hünärmentçilik dükanlarydyr söwda hatarlaryndan ybarat uly hojalyga hem eýe bolupdyrlar. Obalarda bolsa ekinzar meýdanlardan daşary, olaryň köşkli we berkitmeli korganlary, degirmenleri bolupdyr. Köp hyzmatkärler daýhanlaryň hojalygynda gyşyn-ýazyn zähmet çekipdirler. Her bir uly ýer eýesiniň 30–40, 50–100 we käte ondan artyk mahsus esgerler topary – **çokarlary** bolupdyr. Çokarlar güýçli we çakgan hem-de öz hojasyna wepaly ýetginjeklerden saýlanyp alnypdyr. Beýle sadyk we söweşjeň çokarlary bilen daýhanlar duşmanyň hüjümi wagtlarynda olara garşy harby ýörüşlerde gatnaşypdyrlar. Başga wagtlarda olar daýhan hojalygyndaky tertibe seredip durupdyrlar.

Obalarda daýhanlaryň abraýy artyp, uly-uly ýerlere eýe bolupdyrlar. Bu bolsa öz gezeginde ýurduň jemgyýetçilik durmuşyna täsir edipdir. Ýer eýeçiliginiň döremegi netijesinde ýurduň jemgyýetçilik durmuşynda ýiti özgerişler bolup geçýär. Oba obşinalary barha ýerli mülkdar **daýhanlara** we oňa tabyn bolan ýersiz we erksiz **kadiwar**lara bölünipdir. Oba obşinalarynyň ýerlerinde ýaşap ýerden we suwdan ybarat umumy emläge eýe bolan erkin ekerançylar gatlagy **kaşowarz**lar diýlip atlandyrylýardy. Soňluk bilen olaryň mälim bir bölegi

obşina ýerlerinden mahrum bolup, bara-bara **kadiwarlar**a öwrülipdirler. Käbir daýhanlar bolsa öz welaýatlarynda hatda özbaşdak häkim bolupdyrlar.

**V asyryň ortalaryn**a gelip, şeýle-de bolsa ekin ýerleriniň mälim bir bölegi mülkdar daýhanlaryň gol astyndaky emläklerden ybarat bolsa-da, emma ekerançy oazislerdäki suwarylýan ýerleriň esasy bölegi entegem oba obşinalarynyň garamagynda-dy.



*** Daýhan (oba häkimi) – irki orta asyrlardaky mülkdar gatlak**
*** Kaşowarz – ekerançy ýönekeý goşçular**
*** Kadiwar – obanyň daýhanlara tabyn ilaty**
*** Çokar – daýhanyň emlägini goraýan, harby sakçy**



1. Siz nähili pikir edýärsiiz, näme üçin irki orta asyrlar döwründe ösüş başlanypdyr? Bu ilerleme netijesinde nähili özgerişler bolup geçipdir?
2. Hany aýdyň, obalaryň abraýynyň artmagyna nämeler sebäp bolupdyr?
3. Näme üçin tarp we boz ýerleri özleşdirmekde mülkdar gatlak wekilleri, oba aksakgallary hem-de taýpa baştutanlary işeňňir gatnaşýarlar?
4. Irki orta asyrlarda oba obşinalary nähili gatlaklardan düzülipdi?
5. Hany pikirleniň, näme üçin ekerançy oazislerdäki suwarymly ýerleriň esasy bölegi oba obşinalarynyň garamagynda bolupdyr?

## 2-§. IRKI ORTA ASYRLARDA HOREZM, HYÝANYLAR, KIDARIÝLER DÖWLETLERI

**Daýanç düşünjeler:** ***Afrigiler, Hyýanylar, Kidariýler.***

**Horezm döwletiniň döredilmegi.** Barha gowşap barýan Kang döwletinden birinji bolup Horezm bölünip çykýar. Ony ýerli afrigiler dinastiýasyna degişli horezmşalar dolandyryp başlaýar. **III asyr ortalary**nda Horezm döwletiniň paýtagty häzirki Garagalpagystanyň Ellikgala tümeninde ýerleşýän gadymky **Toprakgala** şäher harabasynyň ornunda bolupdyr.

*** Afrigiler – Horezmde IV-X asyrlarda hökümdarlyk eden horezmşalar dinastiýasy. Ony esaslandyran – Afrig.**
*** Bürgüt we laçyn Horezmiň hökümdarlyk simwollary bolupdyr.**

Milady **305-nji ýyl**da Horezmşa **Afrig** öz karargähini Horezmiň gadymky **Kät** şäherine göçürýär. **Kät** gaýtadan dikeldilip, şa özüne täze köşk gurdurýar. 305-nji ýyldan başlap, Horezmiň afrigiý şalary kümüş teňňeler zikgeläpdirler. Teňňeleriniň öň tarapyna şanyň suraty, arkasyna bolsa suwarynyň suraty düşürlipdir.

Kümüş teňňeleriň zikgelenmegi ýurduň içerki we daşary söwda gatnaşyklaryny berkidipdir. Hökümdarlar "***Horezmşa***" derejesine sezewar bolupdyrlar. "Horezmşalar" derejesi ilki "siýawuşlar" dinastiýasy tarapyndan kabul edilipdir.

**III asyr**da Horezmiň çäginde birnäçe ownuk häkimlikler bolupdyr. **Toprakgala**dan elinde bürgüt gondurylan täçli hökümdar ýa-da **Ankagalanyň** golaýyndan bolsa elinde laçyn tutan täçli adamyň teswiri düşürlen teňňüniň tapymagy, şübhesiz, hökümdarlyk simwolyny delillendirýär.

Horezmde suwarymly daýhançylyk, hünärmentçilik, maldarçylyk we söwda-satyk, ylym-bilim, sungat, hususan-da heýkeltaraşlyk ýokary derejede ösüş gazanypdyr.

Horezm hyýanylar, kidariýler, eftallar hem-de Türk hakanlygy döwründe hem özüniň syýasy garasyzlygyny saklapdyrlar. Horezm Wizantiýa we türkler bilen diplomatik aragatnaşyklary alyp barypdyr.

**Hyýanylar döwleti.** IV asyryň 70-nji ýyllaryndan V asyryň ikinji ýarymyna çenli Orta Aziýada hyýanylar hökümdarlyk edipdir. Bu döwleti türki taýpalardan bolan hyýanylar esaslandyran bolup, döwletiň merkezi Zerewşan oazisinde bolupdyr. Hyýanylar ilki Zerewşan oazisini eýeläp, soňra Günorta tarap hereket edipdirler we ep-esli güýçden gaçan Kuşan patyşalygynyň ornuny eýeläpdirler. Merkezi Toharystan bolan Demirgazyk Hindistany, Owganystany, Horasanyň bir bölegini hem öz içine alan hyýanylar döwletini gurupdyrlar. Bu döwlet 120 ýyldan gowrak iş alyp barypdyr.

**Kidariýler döwleti.** **V asyryň 20-nji ýyllaryn**da gündogardan Syrderýa we Aralyň boýlary arkaly Horezm hemde Amyderýa basseýnine ýene bir göçme çarwadar ilat – **toharlar** girip gelipdir. Toharylar Kuşanlaryň nesilleri bolupdyr. **Kidar atly** hökümdar baştutanlyk edenligi üçin olary Kidariýler diýip hem atlandyrypdyrlar. Tiz arada **Kidariýler** Hyýanylar döwletiniň günorta böleginde öz hökümdarlygyny ornaşdyrypdyrlar. **Balh** şäheri bu täze döwletiň paýtagtyna öwrülipdir.

**456-**njy ýylda kidariýler we sasanylar döwletleriniň arasynda çaknyşma bolup geçýär. Bu çaknyşmada Kidariýler döwleti Sasanylardan ýeňilýär we özüni gaýtadan dürsäp bilmeýär. Kidariýler göçme çarwadar ilat – eftallar bilen çaknyşmagy netijesinde Demirgazyk Hindistana çekinýärler we ol ýerde 75 ýyl hüküm sürýär.



1. Gadymky Horezm döwleti barada nämeleri bildeňiz?
2. Oýlanyp görüp pikir ýöretjek boluň, irki orta asyrlarda Horezmiň özüniň syýasy garaşsyzlygyny saklap galmagynyň sebäbi nämededi?
3. Hyýanylar, Kidariýler döwletleriniň çägini kartan görkeziň.
4. Hyýanylar Orta Aziýa haýsy çäk arkaly girip gelýär?

**Aşakdaky jedweli dolduryň: Irki orta asyr döwletleri**

| Döwletleriň ady | Çägi | Döräň wagty |
|---|---|---|
| | | |

## 3-§. EFTALLAR DÖWLETI. EFTALLAR DÖWRÜNDE SOSIAL-YKDYSADY WE MEDENI DURMUŞ

**Daýanç düşünjeler:** ***Eftallar. Etnik gatnaşyklar. Ýer eýeçiligi. Söwda. Pul dolanyşygy. Dil. Medeni aragatnaşyklar. Döwlet daýanjy.***

**Eftallar döwleti.** V asyryň 20-nji ýyllaryndan VI asyryň 70-nji ýyllaryna çenli bolan döwürde Orta Aziýada Eftalylar döwleti iş alyp barypdyr. Ýazuw çeşmelerinde eftaliýler, eftallar, eftalitler, haýtallar ýaly dürli atlar bilen atlandyrylan bolup, bu

atlar Eftallar şasy **“Eftalon”,** käbir çeşmelerde **“Wahşunwar”** dan alnypdyr.

*** Eftallar döwleti - irki orta asyrlaryň güýçli döwleti. V asyryň ikinji ýarymy we VI asyryň başlarynda Eftallar döwleti Orta Aziýanyň, Gündogar Eýranyň, Demirgazyk Hindistanyň we Gündogar Türküstanyň çäklerini öz içine alypdyr.**

Eftallar V asyryň başlarynda Orta Aziýa çägine Gündogardan girip gelipdirler. Eftallar döwletiniň ilkinji paýtagty Buharanyň golaýyndaky Paýkent we Warahşa şäherleri bolupdyr. Bu döwlete Orta Aziýadan daşary Gündogar Türküstan, Owganystan, Demirgazyk Hindistan we häzirki Päkistanyň çäkleri hem giripdir. Eftallar döwleti özara aragatnaşygy ýola goýmak maksadynda **456-njy ýyl**da Hytaýa ilçi iberipdirler.

Eftallaryň barha güýçlenmeginden howsala düşen sasanylar olara garşy ýörüş edýär. Sasanylar patyşasy **Peroz 484-nji ýyl**da eftallara garşy urşy onuň heläk bolmagy bilen tamamlanýar. Şondan soň eftallara tabyn bolup galan sasanylar olara kümüş hasabynda bellenilen pajy üznüksiz töläp durupdyrlar.

*** Paç – olpan, salgyt. Bir döwlet tarapyndan ikinji döwlete tölenýän, şonuň ýaly-da, şäher we oba bazarlarynda söwdagärlerden alynýan ýörite töleg görnüşi.**

Eftallar döwründe soltanlyk ýeke-täk hökümdar tarapyndan dolandyrylypdyr. Tagt atadan perzende geçmän, şol dinastiýadan kim laýyk diýlip hasaplansa şol tagta oturypdyr. Dalaşgäri anyklap hödürleýän geňeş hem bolupdyr. Bu geňeş dinastiýanyň hormatlanýan wekillerinden hem-de soltanlygyň abraýly emeldarlaryndan ybarat bolupdyr. Welaýatlarda dolandyryş ýerli maşgalalar (dinastiýalar) tarapyndan alnyp barylypdyr. Bu mölkler hökümdar – **Şo** (şa) tabyn dinastiýalar tarapyndan dolandyrylypdyr. Hatda olaryň her biri özüniň kümüş ýa-da mis teňňesini zikgeledipdirler.

V asyryň ahyry — VI asyryň başlarynda Horezm, Sogdiana, Çaç we Baktriýa welaýatlarynda mahabatly binalary bolan aýry-aýry galalar emele gelipdir. Eftallaryň döwlet dolandyryşynda mälim kada-kanunlar bolupdyr. Döwlet harby güýje daýanypdyr. Jenaýat üçin öräk berk jezalar bellenilipdir. **563-567-nji ýyllar**da Eftallar döwleti Türk hakanlygy hem-de Eýran sasanylaryň zarbasyna duçar bolupdyr we bütinleý ýok bolupdyr.

**Hojalyk durmuşy.** Eftallar döwletine birleşen ilatyň etnik düzümi dürli-dürli bolupdyr. Ykdysady-söwda gatnaşyklarynyň bökdençsiz ýola goýulmagy ýurtda daýhançylygyň, emeli suwaryşyň, maldarçylygyň, bagdarçylygyň we hünärmentçiligiň gülläp ösmegine esas bolupdyr. Häzirki wagtda hem Daşkent oazisiniň we Günorta Gazagystanyň ýerleriniň bir bölegini suw bilen üpjün edip duran **Zegeryk** (Zowaryk) we **Bozsuw**, Samarkant welaýatynyň günorta tümenleriniň esasy suw çeşmesi **Dargom kanaly V asyr**da gurlan iň iri suwaryş pudaklaryndan hasaplanýar.

**Söwda we pul dolanyşygy.** Daşary söwda pajyndan bähbitli bolan eftallar "Ýüpek ýoluny" öz gözegçiligi astynda saklap durmaga çalyşypdyrlar. Hytaý, Hindistan, Eýran we Wizantiýa bilen bolan halkara söwdada işeňňir gatnaşypdyrlar. Ýüpek ýoly söwdasynda sasany söwdagärleri bilen bäsdeşlikde esasan sogdylar araçy bolupdyrlar. Bu bolsa öz gezeginde ýol, gatnaw, üpjünçilik, hyzmat etmek pudaklarynyň barha giňelmegine ýol açypdyr. Daşary söwdada ýüpek, lak, boýagly, reňkli çüýşeler, gymmatbaha daşlar, bedew atlar, matalar, süýjüler, gural-ýarag ýaly seýrek önümleriň bazary geçginli bolupdyr. Halkara söwda aragatnaşyklarynyň ösüşi bilen ýurtda teňňe pul dolanyşygy kadalaşdyrylýar.

Içerki we daşary söwda gatnaşyklarynda eftallar ilkibaşda sasany hökümdarlarynyň kümüş teňňelerinden giňden peýdalanýarlar. Bulardan daşary, **Buhara, Paýkent, Wardana, Nagşap, Samarkant** we **Horezm**da ýerli häkimler tarapyndan çykarylan şaý teňňeler ýurduň içerki söwdasynda giň dolanyşykda bolupdyr.

**Dil we medeni aragatnaşyklar.** Orta Aziýa ilatynyň bir bölegi *sugd dilin*de, ikinji bölegi *türki dil*de gepleşipdirler. Bu döwürde sugd dili halkara söwda dili hökmünde Ýedisuw we Fergana, Gündogar Türküstan, Hytaý çäklerinde peýdalanylypdyr. **V–VI asyrlar**da *sugd, Horezm* we *eftal ýazuwlary* ýaýrapdyr. *Eftallar elipbiýi* Baqtriya ýazuwy esasynda şekillenipdir. *Eftallar elipbiýi* 25 harpdan ybarat bolupdyr. Ýazuw çepden saga tarap ýazylypdyr.

**V asyr**da Orta Aziýada çüýşeçilik ösüpdir. Orta Aziýa çüýşesi reňbe-reňligi, ýaldyrawuklygy we durulygy taýdan Wizantiýanyň çüýşesinden üstün durupdyr. Hytaý imperatorlary öz köşklerini bezände Orta Aziýadan getirilen reňkli çüýşeden peýdalanypdyrlar.

Orta Aziýa ilatynyň medeni däpleri goňşy ýurtlar, hususan-da, Hindistan we Eýran şekillendiriş stilleri bilen utgaşyp, irki orta asyrlar medeniýetiniň şekillenmeginde berk esasa öwrülipdir.

1. Eftallaryň ilkinji eždatlary nirede ýaşapdyr? Sudury kartada olaryň ýaşan ýerlerini we ugurlaryny reňkläň.
2. Eftallar ýazuw çeşmelerinde nähili atlar bilen agzalýar?
3. Hany aýdyň, näme üçin eftallar bilen sasanylaryň arasyndaky gatnaşyklar ýiti bolupdyr?
4. Hany aýdyň, eftallar gelip çykyşyna görä nähili taýpalara degişli bolupdyr? Esasy käri nähili bolupdyr?
5. Eftallar döwletinde dolandyryş düzümi nähili bolupdyr?

**Aşakdaky jedweli dolduryň. Eftallar döwleti.**

| **Eftallar döwleti** | **Çägi** | **Iş alyp baran döwri** | **Hökümdary** | **Hojalyk durmuşy** |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

## 4-§. ORTA AZIÝA HALKLARY TÜRK HAKANLYGY DÖWRÜNDE

**Daýanç düşünjeler:** ***Türk hakanlygy. Hakanlygyň dolandyryşy. Eftallar döwletiniň ýatyrylmagy. Hakanlygyň bölünmegi.***

**Hakanlygyň döredilmegi. VI asyryň ortalary**nda Altaýda we Günorta Sibirde ýaşan türki taýpalary birleşdiren täze döwlet emele geldi. Bu döwlet taryha Türk hakanlygy ady bilen giripdir. Onuň esaslandyryjysy **Bumin**di. **552-nji ýyl**da ***Bumin*** "*hakan*" diýlip yglan edilýär.

**Altaý** hakanlygyň merkezi edip bellenilýär. Türkleriň günbatara tarap ýörüşlerine **Istami** baştutanlyk edýär. Oňa ***"Ýabgu hakan"*** diýen dereje berilýär. Tiz arada Ýedisuw we Gündogar Türküstana utgaşýan ýurtlarda ýaşaýan türki taýpalar boýun egdirilýär. **555-nji ýylyň özünde** türkler Syrderýanyň we Aral deňziniň boýlaryna çenli uzap gidýän giň ülkeleri eýeleýärler. Hakanlygyň araçägi Eftallar döwletiniň çäklerine utgaşyp giden. Netijede eftallar döwletiniň demirgazyk çäkleri howp astynda galýar. Şeýle amatly ýagdaýdan peýdalanan sasanylar Toharystany we Çaganiýany eftallardan çekip alýarlar.

Türk hakanlygynyň eftallar bilen çaknyşjagy gurulgysyzdy. Şeýle çylşyrymly syýasy ýagdaý hakanlygy Eýran, soňra Wizantiýa bilen ýakynlaşdyrýar. Uzak wagt eftallaryň täsirinde ýaşan sasanylar bu döwletiň bütinleý ýok bolmagyndan bähbitlidi. **Husraw I Anuşerwan**yň (531–579) başlangyjy bilen emele gelen özara harby bileleşik Eýran şasynyň **Istami**ge giýew bolmagy arkaly has-da pugtalanýar.

Eýran esgerleriniň **Balh**a hüjümi kömeginde türkler **563-nji ýyl**da Eftallar döwletiniň ýerlerine çozup girýärler. **Parak** (Çyrçyk) jülgesi we onuň merkezi **Çaç** şäheri eýelenýär. Syrderýadan geçip, Zerewşan jülgesine girip barýarlar. Olar **Samarkant**, **Keş** we **Nagşab**y eýeläp, **Buhara** ýakynlaşýarlar. *Sekiz gün* dowam eden gazaply söweşde eftallaryň goşuny ýeňilýär.

Şeýdip, günortadan Eýran sasanylaryndan, demirgazykdan bolsa Türk hakanlygyndan **563–567-nji ýyllar**da zarba

duçar bolan Eftallar döwleti bütinleý ýok edilýär. Netijede ýeňilen döwletiň mirasy özara bölünip, Amyderýanyň günorta kenarlaryna çenli bolan welaýatlar Eýran, onuň sag kenary boýunça Kaspi deňzine çenli çenli uzap giden ýerler Türk hakanlygynyň garamagyna geçýär.

Eftallar döwleti ýykylansoň, ýagdaý düýpgöter özgerýär. Indi öz araçägini demirgazyk-gündogara tarap giňelden Eýran Amyderýadan tä Siriýa çenli Ýüpek ýoly üstünden öz gözegçiligini ornaşdyrýar. Uzak Gündogardan Eýranyň çäklerine çenli kerwen ýolunyň gözegçiligini öz howandarlygy astyna alan türkler bolsa Eýran arkaly Wizantiýa bilen gönüden-göni söwda edýän bolupdyr.

**Türk hakanlygynyň dolandyrylyşy.** Türk hakanlygy näçe uly bolsa-da, hakyky merkezleşen döwlet däldi. Onuň esasy türki dilde gepleşýän taýpalar bileleşiginden ybarat bolupdyr. Bu bileleşigi hakan dolandyrypdyr. Hökümdaryň häkimiýeti urug-taýpa däplerine daýanýan harby-administratiw dolandyryşa esaslanýar. Ýurt göçme çarwadarlara we oturymly daýhan ilata bölünen. Göçme çarwadar ilata **“budun”** ýa-da **“gara budun”** diýipdirler. Budun öz gezeginde taýpalar ýaranlygy bileleşigini düzýärdi. On ok budun ýa-da iliň häkimi **“ýabgu”** ýa-da **“jabgu”** ady bilen atlandyrylýardy. Ýabgu derejesine diňe hakan urugyna gan-garyndaş bolanlar göterilýärdi. On ok iliň serdary bir tümen (ýagny on müň) atlyny nyzama çekýärdi. Beýle harby bölümiň tümenbaşy **“şod”** diýlipdir.

* **Budun – çarwadar ilat**
* **Hakan – beýik hökümdar, patyşa, imperator**
* **Ýabgu hakan – hakan urugyndan bolan ýurt häkimi**
* **Şod – on müň goşun serkerdesi**
* **Ýasak – daýhanlar we çarwadarlardan alynýan salgyt**

**VI asyr**da Çyrçyk, Zerewşan, Kaşgaderýa we Amyderýa basseýnlerinde *ondan artyk oazis häkimlikleri* bardy. Olaryň ykdysady we syýasy dolandyryşy ýerli dinastiýa hökümdarlarynyň elinde galdyrylyp, türkler olardan diňe paç we ýasak almak bilen çäklenýärdiler.

**Hakanlygyň bölünişi.** Uly-uly taýpalar ýa-da taýpalar bileleşigi merkezi häkimiýete boýun egmejek bolýardylar. Türk hakanlygynyň garamagynda bolan çäklerdäki häkimler özbaşdak bolmak isleýärdiler. Bu faktorlar hakanlygyň berk merkezleşen döwlete öwrülmegine mümkinçilik bermändir.

Boýun egdirilen çäkleri ýerli häkimler arkaly dolandyryş tertibi hakanlygy barha gowşadypdyr. Munuň üstesine, Wizantiýa, Hytaý we Eýran bilen hemişelik bäsdeşlik hakanlygyň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrypdy. Netijede, Türk hakanlygy **VI asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrlary**nda ikä: **Gündogar türk hakanlygyna** we **Günbatar türk hakanlygy**na bölünip gidýär. Beýik türk hakanlygy döredilen il-ýurt Alaý daglarynyň gündogaryndan tä Uzak Gündogara çenli bolan çäk, ýagny *Günorta Sibir, Urhun basseýni* (Mongoliýa), *Demirgazyk Hytaý* ***Gündogar hakanlygyň*** garamagynda bolupdyr. Bu hakanlygyň paýtagty **Otukan jülgesinde** (Mongoliýa) emele gelipdir. Alaý daglarynyň günbatarynda ýerleşýän ülkeler: *Ýedisuw, Gündogar Türküstan, Syrderýa* we *Amyderýa basseýnleri* hem-de olara utgaşýan çäk ***Günbatar hakanlyk*** tarapyndan dolandyrylypdyr, karargähi ***Ýedisuw***da ýerleşipdir.

*** Pugta merkezleşen döwlet — bu ähli çäkleri ýeke-täk hökümdaryň häkimiýeti tarapyndan dolandyrylýan döwletdir.**

1. Türk hakanlygy haçan we nirede döredi, ony kim esaslandyrypdyr?
2. Näme maksatda Türk hakanlygy bilen Eýranyň arasynda harby bileleşik düzüldi?
3. Türk hakanlygynyň Orta Aziýa ýörüşi nähili netijelere getiripdir?
4. Eftallar döwleti ýykylansoň özgeren ýagdaý barada näme diýip bilersiňiz?
5. Hany aýdyň, Türk hakanlygy dolandyryşy Eftallar döwründäki dolandyryşdan nämesi bilen tapawutlanypdyr?
6. Türk hakanlygy nähili sebäplere görä bölünip gidipdir? Türk hakanlygy bölünip gitmezligi üçin nämeler etmelidi diýip pikir edýärsiňiz?

## 5-§. GÜNBATAR TÜRK HAKANLYGY

**Daýanç düşünjeler:** ***Günbatar türk hakanlygy, ýabgu, dolandyryş tertibi. Jemgyýetçilik durmuşy. Abruýyň gozgalaňy.***

**Dolandyryş.** Günbatar hakanlyk sosial, ykdysady we medeni taýdan Gündogar hakanlykdan doly bölünip durupdyr. Gündogar hakanlygyň ilatynyň esasy bölegi çarwadar göçme taýpalardy. Günbatar hakanlygyň ilatynyň uly bölegi bolsa oturymly daýhançylyk, hünärmentçilik we söwda-satyk bilen meşgullanýardy.

**VII asyryň birinji çärýegi**nde Günbatar hakanlyk örän güýçlenipdir. Onuň gündogar araçägi Altaýa, günortada bolsa Sind (Hind) derýasynyň boýlaryna baryp ýetipdir. Günbatar hakanlyk özüne tabyn welaýatlary dolandyrmakda ýerli dinastiýalary saklap galypdyr. Möhüm ähmiýete eýe bolan käbir ülkelerde bolsa hakan maşgalasyna degişli wezipeli adamlar bellenipdir.

Hakan **Tong ýabgu** (618–630) hökümdarlyk eden döwürde dolandyryş tertiplerine özgertme girizilipdir. Özgertmä görä, ýerli hökümdarlara hakanlygyň **"ýabgu"** derejesi berlip, olar hakanyň naýybyna (wekiline) öwrülýärler.

Şunuň bilen birlikde Orta Aziýa, Gündogar Türküstan we Toharystanyň özbaşdak diýen ýaly häkimlikleriniň üstünden syýasy gözegçilik güýçlendirilýär. Olar huzuryna hakanlygyň naýyplary – **tudunlar** iberilýär. Ýöne içki göreş netijesinde Günbatar türk hakanlygy barha güýçden gaçýar.

**Jemgyýetçilik durmuşy**. Günbatar türk hakanlygyna birleşen ilatyň durmuşy we hojalygy dürlüçe bolupdyr. Hakanlyk oturymly we göçme ilata bölünipdir. Göçme taýpalaryň esasy käri maldarçylyk bolupdyr. Ilatyň oturymly bölegi medeni taýdan öňdebaryjy bolup, hakanlygyň sosial we ykdysady durmuşynda uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Hakanlykda şäherler we obalar köp bolupdyr. Ilaty daýhançylyk, hünärmentçilik we söwda-satyk işleri bilen meşgullanýardy. Hünärmentler ýasan şaý-sepler we gural-ýaraglar köpdürlüligi we örän pugtalygy bilen tapawutlanýardy.

Içerki we daşary söwda-satyk işleri şäher ilatynyň esasy kärlerinden biri bolupdyr. Bu ugurda aýratynam **Sugd** söwdagärleriniň ýagdaýy ýokarydy.

Günbatar türk hakanlygy bilen Hytaýyň arasynda **VII asyryň birinji ýarymynda** ykdysady aragatnaşyklar işeňňirleşýär. Bu döwürde Hytaýa dokuz gezek söwda ilçiligi iberilýär.

**Abruýyň baştutanlygyndaky gozgalaň.** Türk hakanlygy döwründe Orta Aziýada daýhanlar tarapyndan ýerleri eýelemek prosesi barha ýaýbaňlanyp, zulum güýçlenýär. Öz ýer emläginden aýrylan kaşowarzlar mülkdar daýhanlara bendilik ýagdaýyna düşüp, tabyn kadiwarlara öwrülýär. Garyplyk, jebir-sütem we daýhanlaryň täsirine garşy ilat baş götermäge mejbur bolýar. Şeýle halk gozgalaňlaryndan biri **585–586-njy ýyllar**da Buharada bolup geçýär. Gozgalaňa hakan maşgalasyna degişli **Abruý** baştutanlyk edýär. Gozgalaňdan howsala düşen mülkdar daýhanlar we baý söwdagärler Buhara welaýatyny terk edip, Türküstana we Teraz taraplara baryp ornaşýarlar. Olar türk hakanyna ýüzlenip, gozgalaňçylara garşy göreşde kömek sorapdyrlarlar. Türk hakany **Garaçorin** ogly **Şeri Kişwar (Il Arslan)** baştutanlygynda goşun iberýär. ***Abruý*** öldürilip, gozgalaň basyp ýatyrylýar. Kadiwarlar we hyzmatkärler öz hojaýynlary – daýhanlara gaýtarylýar.



*** 585–586-njy ýyllarda Buharada Abruýyň baştutanlygynda garyplyga, jebir-süteme we daýhanlaryň täsirine garşy gozgalaň bolup geçýär. Ol Şeri Kişwar (Il Arslan) ýolbaşçylygyndaky goşun tarapyndan basyp ýatyrylýar.**



1. Berk merkezleşen döwlete mahsus esasy alamatlary aýdyň.
2. Gündogar we Günbatar türk hakanlyklarynyň meňzeş taraplaryny anyklaň.
3. Günbatar türk hakanlygyna haýsy çäkler giripdir?
4. Hakan Tong ýabgu döwründe haýsy ugurda özgertme geçirilýär?
5. Hany aýdyň, näme üçin Türk hakanlygyndaky ilatyň durmuşy we hojalygy dürlüçe bolupdyr?
6. Näme sebäpden Buharada halk gozgalaňy bolupdyr? Onuň netijesi näme bilen tamamlandy?

**Aşakdaky jedweli dolduryň. Günbatar türk hakanlygyna degişli maglumatlar bilen dolduryň.**

| Dolandyryşy | Jemgyýetçilik durmuşy | Kaşowarzlaryň ýagdaýy |
|---|---|---|
| | | |

## 6-§. ÝERLI HÄKIMLIKLERIŇ DÖREDILMEGI

**Daýanç düşünjeler:** ***Ýerli häkimler; Sugd işhidleri; Toharystan; Fergana; Çaç; Elak; şäher binagärçiligi.***

**Ýerli häkimlikler.** **V–VII asyrlar**da ýurt **15-den artyk** häkimliklere bölünip gidipdi. Bu welaýat häkimlikleri ilki eftallar, soňra Türk hakanlygyna boýun egdirilen bolsa-da, emma eftallar hem, türk hakanlary hem olaryň içerki durmuşyna gatyşmaýar diýen ýalydy. Merkezi häkimiýete paç töläp durmak bilen olar öz garaşsyzlygyny mälim derejede saklap galýarlar.

**Sugd.** Özbaşdak häkimlikleriň arasynda iň irisi **Sugd işhidleri** – oazis hökümdarlarydy. Orta asyr döwletleri bileleşiginde *Sugd işhidleri* uly syýasy abraýa eýedi. Bu bileleşikde **Zerewşan** we **Kaşgaderýa** jülgelerinde ýerleşýän **Samarkant**, **Buhara**, **Keş** oazisleriniň *on bir iri mülkleri* birleşipdi. Olaryň her biri öz häkimi, harby çokarlary we mis pul birligine eýedi.

Sugdda ilat gür ýaşardy. Olar daýhançylyk we bagdarçylyk, aýratynam, üzümçilikde örän ökde bolupdyr. Maldarçylykda Sugdyň gissar goýunlary we atlary örän meşhurdy.

Sugd şäherleri bu döwürde hünärmentçilik merkezine öwrülýär. **718-nji ýyl**da sowgat hökmünde Samarkantdan iberilen tuwalgadan nusga alyp, Hytaý ýaragçylary goşuny demir galpaklar (tuwalga) bilen üpjün edipdirler.

**Toharystan**. Häzirki Günorta Özbegistany we Günorta Täjigistany, Demirgazyk Owganystany öz içine alypdyr bu taryhy welaýat demirgazykda Gissar daglary, günortada Hindikuş,

günbatarda Murgap we Gerirud jülgesi, gündogarda Pamir bilen araçäkleşipdir. Toharystan Balh, Gunduz, Termiz, Çaganiýan, Huttal we başga 27 sany dag we dagetek welaýatlardan ybarat bolupdyr. Toharystanyň paýtagty **Balh** şäheri bolupdyr.

Toharystan ady gadymda Grek-Baktriýa döwletini ýykan çarwadar taýpa – *ýueçžiler* adyndan alnan. Toharystanyň hökümdarlary ilki **“mälikşa”,** soňluk bilen **“ýabgu”** ady bilen atlandyrylypdyr.

Toharystanyň ilatynyň esasy bölegi oturymly daýhançylyk bilen meşgullanypdyr. Hünärmentçilikde ýaragçylyk, çüýşeçilik, dokmaçylyk ösüpdir.

Toharystan Hindistan, Ýakyn we Uzak Gündogar ýurtlary bilen söwda-medeni aragatnaşyklary ýola goýup, öz teňňeleri içerki söwda dolanyşygynda bolupdyr.

**Fergana.** **Fergananyň** hökümdarlary **“ihşid”** diýlip atlandyrylypdyr. Fergananyň ýerleri örän hasyldar bolup, ilaty daýhançylyk bilen güzeran geçiripdir, pagta we şaly ekipdirler. **Koson**, **Ahsikat** (Huşkat) we **Kuwa** (Kubo) ýaly iri merkezi şäherlerinde hünärmentçiligiň dürli ugurlary ösüş gazanyp, olaryň önümleri içerki we daşarky bazarlarda örän hyrydarly bolupdyr. Goňşy ýurtlarga boýag, reňkli çüýşe önümleri we däri-dermanlar çykarylypdyr.

Fergana jülgesinde oturymly ilat bilen hatarda çarwadarlar hem ýaşapdyrlar. **Kurama** we **Garamazar** daglary eteklerinde gadymdan gylýalçylyk bilen meşgullanylypdyr. Bu jülgede köpeldilen bedew atlaryň şöhraty dünýä ýaýrapdyr.

**Çaç we Elak**. **Çyrçyk** we **Ahangaran** jülgelerinde iki häkimlik bolupdyr. Çeşmelerde olardan biri **Çaç**, ikinjisi **Elak** atlary astynda agzalýar. Çaçyň merkezi **Çaç** şäheri bolup, hökümdary **“tudun”** diýlip atlandyrylýardy. Elagyň merkezi **Tunkat**, häkimleri bolsa **“daýhan”** diýlip atlandyrylýardy.

**VII asyryň birinji çärýegi**nde Günbatar türk hakanlygy hökümdarlyk karargähini *Çaç* welaýatyna göçürýär. Hökümdar we melika üçin bu ýerde özboluşly karargähler gurlupdyr.

*Çaç* ülkesi öz teňňe pullary ulgamyna eýe bolupdyr. Teňňeleriň ýüz tarapynda hökümdaryň suraty, ters tarapynda ot,

buýra guýrukly barsyň ýa-da gaplaňyň teswiri, käte dinastiýanyň ýörite tagmasy düşürlipdir. Käbir teňňelerde bolsa, hatda hökümdara ýanaşyk melikäniň suraty hem çekilipdir. Şeýle surat hökümdaryň melikesi – **hwatun** (hatun) wezirlik derejesine eýe bolup, döwlet dolandyryşynda işeňňir gatnaşandygyny delillendirýär. Köşkde ol hakandan soňky orny eýeläpdir.



**Çaç teňňesi.**
**VII asyr.**

*Çaç* we *Elak* köp pudakly hojalyga eýe bolup, suwarymly daýhançylyk, maldarçylyk, hünärmentçilik, känçilik we söwda ýokary derejede bolupdyr.

Kerwen ýolunyň ülke arkaly geçmegi *Çaça* we *Elag*a içerki we daşary söwda-satygyň giňelip, şäherleriň ilatynyň köpelmegine mümkinçilik beripdir.

**Dolandyryş administrasiýasy.** Irki orta asyrlarda Orta Aziýa häkimliklerinde mälim tertipdäki dolandyryş administrasiýasy döräpdi. Dolandyryş administrasiýasynyň esasy wezipesi raýatlardan paçlary, salgytlary we ýasaklary öz wagtynda ýygnap almak, jemgyýetçilik işlerine olary çekmekden ybarat bolupdyr. Girdeji-çykdajylar anyk we aýdyň bellik edilip, resmileşdirilipdir. Olara barmak basylyp, möhür bilen tassyklanyp goýlupdyr.

**Şäher binagärçiligi.** **V–VII asyrlar**da Orta Aziýada, bir tarapdan, ýer eýeçiligi gatnaşyklarynyň ornaşdyrylmagy we barha pugtalanmagy, ikinji tarapdan, göçme çarwadarlaryň girip gelmegi we oturymlylaşmagy şäherleriň we obalaryň keşbine hem-de ilatynyň durmuş terzine we sosial ýagdaýyna uly täsir edýär.

Ekerançy ýerler giňelip, daýhançylyk oazisleriniň suw üpjünçiligi düýpli gowulanýar. Dagetek meýdanlara suw çykarylyp, täze ýerler özleşdirildi. Şäherleriň ilaty köpelýär. Obalarda **“köşk”**, **“kasyr”**, **“korgan”** we **“korganç**a” ýaly berkitmeli ýaşaýyş jaýlary gurlupdyr.

Berkitmeli kasyrlar, korganlar we köşkler esasan daşky duş-

manyň hüjümine garşy goranma desgasy, çokarlar toplanýan ýer, dolandyryş merkezi hem-de azyk we gural-ýarag saklanýan ammar wezipesini ýerine ýetiripdir.

Orta asyrlarda şäherler üç bölekden ybarat bolupdyr. Olar ***“kohandiz”***, ***“şähristan”***, ***“rabat”*** diýlip atlandyrylypdyr. Şäherleriň üç bölegi-de aýry-aýry diwarlar bilen gurşalypdyr. Olaryň birnäçe derwezeleri bolupdyr. Şäher diwarlary boýunça akym geçýän anhor hendek wezipesini ýerine ýetiripdir. Orta asyrlarda ýaşan arap awtorynyň (*Ibn Hawkal* we *Iştahriý*) ýazmagyna görä, ýeke **Binkatyň** (Daşkent) ýigrimi iki derwezesi bolupdyr.

*** Ihşid – welaýat häkimi**
*** Kohandiz (ark) – şäheriň häkim galasy ýerleşýän bölegi**
*** Rabat – şäheriň daşky galasy**
*** Şähristan – şäheriň içerki bölegi**

1. Sugd ihşidligi haýsy oazisde ýerleşýärdi? Şu ýerli häkimlik näçe mülkleri birleşdiripdi?
2. Ýada salyň, Toharystanyň çägi ilki Orta Aziýada bar bolan haýsy döwlet çägine meňzeş bolupdyr?
3. Irki orta asyrlarda Orta Aziýada bar bolan ýerli häkimliklerden haýsysynda melike wezirlik derejesine eýe bolup, döwlet dolandyryşynda işeňňir gatnaşypdyr?
4. Orta Aziýa häkimliklerinde dolandyryş administrasiýasynyň esasy wezipesi nämelerden ybarat bolupdyr?

## 7-§. VI–VII ASYRLARDA MEDENI DURMUŞ

**Daýanç düşünjeler:** ***Ýazuw; Dini ynançlar; Sungat; Saz.***

**Ýazuw.** Bu döwürde Sugd, Horezm we Toharystan ilatynyň aýry-aýry ýazuwlary bolupdyr. *Sugd* we *Horezm* ýazuwlary gadymky *aramy ýazuwy* esasynda emele gelipdi. *Tohar ýazuwy* baktriýa ýazuwy esasynda şekillenen bolup, 25 harply ýazuwuna eýe bolupdyr.

Hat, resminama we käbir habarlar ýaly namalar esasan

derä, agaja, toýuna we kem-käsleýin kagyza ýazylýardy. Çünki kagyzyň bahasy örän ýokarydy. Käbir ýazuwlar bolsa hatda patyşa köşklerine we ybadathananyň diwarlaryna hem ýazylýardy. Olaryň arasynda ilçilik hatlary, hojalyk girdejileri we çykdajylary, hukuk şertnamalary, astronomik resminama, taryhy ýatnamalar hem-de dini dogmalar ýazylan seýrek golýazma tapylmalar bar.



**Sugd ýazuwy.**

Biziň döwrümize çenli saklanyp galan *sugd ýazuwlary* Penjikendiň golaýyndaky **Mug galasyn**da, Gündogar Türküstandaky **Turfan şäheriniň** golaýynda, Samarkandyň gadymy harabasy **Afrasiýab**da ýazyp öwrenilipdir. Olarda Sugdyň syýasy taryhy, hukuk we kanunlary, ykdysady we dini ygtykatlary babatda möhüm maglumatlar getirilen.

Sugdda oglanlar bäş ýaşa dolansoň, ýazuw we hasap öwredilýärdi, soňra olar 20 ýaşa ýetenlerinde söwda işlerini öwrenmek üçin özge ýurtlara iberilýärdi.

Şonuň ýaly-da, bu döwürde **türki run** (göktürk) haty hem giňden ulanylypdyr. Türkleriň bu ýazuwy biri ikinjisine utgaşyp gidýän 38–40 harplardan ybaratdy. Olar daşlara we agaçlara oýup ýazmak örän oňaýly bolupdyr. Gadymky *göktürk ýazuwlary* (**Kultegin** we **Bilga hakan** ýazuwlary) Altaýdan we Gündogar Türküstandan daşary, Ýedisuw, Fergana we Zerewşan jülgelerinden tapylyp, öwrenildi. Olar guburdaşlara, toýun we metal önümlere, agaja hem-de teňňe pullara ýazylypdyr.

*** Irki orta asyrlarda ýurdumyzda sugd, horezm, tohar we türki run (göktürk) ýazuwlary bolupdyr.**

**Dini ynançlar**. **VI–VII asyrlar**da Orta Aziýada *zarduştylyk, budizm, hristiançylyk, moniheýlik, kam* (şamanylyk) ýaly birnäçe ýerli we başga ülkelerden girip gelen dinler bolupdyr. Ilatyň aglabasy *zarduştylyk* dinine uýupdyrlar.



**Warahşa. Diwar suraty.**

Çeşmelerde ýazylyşyna görä, Toharystanyň ilaty budda dinine uýupdyr. Toharystan Merkezi Aziýada *budda* we *moniheýçilik* dinleriniň ýaýramagynda we ösüşinde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Orta Aziýa halklarynyň ideologik durmuşynda *moniheýçilik dini* hem giň ýaýrapdy. Moni dini taglymaty boýunça älemiň başlangyjy iki garşylykly ýaradyjy – *ýagtylyk* we *haýyrlylyk* hem-de *tümlükden* we *ýowuzlyk*dan ybaratdyr. *Ibadat*, *oraza*, *sadaka* moni dininiň **arkany** hasaplanypdyr. Samarkant welaýatynyň **Urgut tümeni** diňe bir Sugdda däl, eýsem bütin Orta Aziýada *hristiançylyk* merkezlerinden bolupdyr.

Türk hakanlygynyň çarwadar ilaty gadymdan *şamanylyk* dinine sygynypdyrlar. Bu din janlara we ruhlara, ata-babalaryň ruhuna sygynmak ynanjyny terbiýeläpdir. Gadymky türkler öz dinini **“kam”** diýip atlandyrypdyrlar. Çünki olarda **“şaman”** diýen söz bolmandyr. Bu din koosmosy ýokdan bar eden *Gök Taňr*a uýýan ýeke hudaýlylyk dini hasaplanýar. Çarwadar

*** Arkan — dindäki iň möhüm wezipe, söýeg, administrasiýa**
*** Kam-şaman — Gök Taňra sygynýan ýeke hudaýlylyk dini**



göçme ilat Gök Taňra bagyşlanan dessurlary geçirip, gurbanlyklar edipdirler. Meselem, Gök Taňrynyň hormatyna gurbanlyk üçin gara akmaňlaý ot soýlupdyr.

**Şäher gurluşygy.** V–VII asyrlarda daýhançylyk meýdanlary giňelip, önümleriň barha artmagy, hünärmentçilik önümlerine we enjamlaryna bolan zerurlyk, söwda-satygyň rowaçlanmagy şäherleriň gülläp ösmegine täsir edipdir. Şäher gurluşygynyň özeni bolan şähristanlar, olaryň töwereginde rabatlar, baglar, esasan, bol suwly menzillerde gurlupdyr. Şähristan meýdany ilki *15 gektardan* geçmändir. Onda, esasan, baý gatlak wekilleri ýaşapdyrlar. Şäheriň töweregindäki rabatda hünärmentler, daýhanlar ýaşapdyrlar. Buhara we Paýkent şäherleriniň meýdany *20 gektardan* geçmändir. Bu döwürde Orta Aziýada iň uly şäherlerden biri **Samarkant**dy. Onuň umumy meýdany baryp *200 gektar* bolupdyr. Şähristan gurluşygy **Afrasiýab**, **Warahşa**, **Penjikent** şäherlerindäki arheologik barlaglar arkaly öwrenilen. Köçe şahalarynyň hataryna ýönekeý ýaşaýyş jaýlary, hünärmentleriň ussahanalary, dükanlar, ybadathanalar, köşkler gurlupdyr. Diwarlar, hususan-da goranma diwarlary pagsadan we çig kerpiçden gurlup, burçlaryna beýik fortlar işlenipdir.

**Sungat.** Şekillendiriş sungatynyň **suratkeşlik** we **heýkeltaraşlyk** ýaly pudaklary ösüş gazanypdyr. Surhan oazisinde **Balalikdepe** we Zerewşan jülgesinde **Penjikent**,



**Warahşa. Gençli Humaý guşy. VI–VII asyrlar.**

**Warahşa** we **Afrasiýab**, Fergana jülgesinde **Kuwa** harabalarynda tapylyp öwrenilen ýadygärliklerden – *diwar suratlary, heýkeller* we *haşamly nagyşlar* şol döwrüň ýokary sungat eserlerinden hasaplanýar. Diwar suratlary döwrüniň örän çylşyrymly durmuşy, dindir ynanjy we daşary ýurtlar bilen alnyp barylan aragatnaşyklardan hekaýa edýän çeşmedir.

Heýkeltaraşlygyň ösmegine aýratynam buddizm dini güýçli täsir edipdir. Fergana jülgesinde **Kuwa**dan hem-de Korgandepäniň golaýyndaky **Ajinadepe**den buddanyň äpet heýkelleri tapylyp, öwrenildi. **Ajinadepe buddasy** heýkeliniň boýy 12 metre ýetýär.

Bu döwürde *çeper agaç haşamçylygy* sungaty hem ýokary derejede ösüpdir. Irki orta asyr gençkärligi sungatynyň seýrek ýadygärligi nusgalary **Warahşa** tapyndylary arkaly barlanyp öwrenilipdir.

**Saz sungaty.** Orta Aziýada *saz, tans, aýdymçylyk, wäşilik* we *derbazlyk* ýaly sungatyň dürli ugurlary hem ösüpdi. Bu döwürde sungat ugrunda *Buhara wäşileri*, *Samarkant naýçylary*, *Daşkendiň tansçy ýigitleri* we *tansçy gyzlary* bilen şöhrat gazanypdy.

Çaç tansçylary ýerine ýetiren meşhur **"Çaç tansy"** ýa-da depe goşup, üm bilen egin oýnadyp ýerine ýetirilýän şadyýan **"Dep tansy"** Hytaý emeldarlaryny haýran galdyryp, olary özüne çekipdi. Ýeke Buhara şäherinde ussa hünärmentler tarapyndan on görnüşdäki saz gurallary ýasalypdyr.



**1.** Irki orta asyrlarda ilat nähili ýazuwlardan peýdalanypdyr?
**2.** Ýazuwlar esasan nämelere ýazylypdyr? Näme üçin kagyza seýrek ýagdaýlarda ýazylypdyr?
**3**. Ilat nähili dinlere ynanypdyr?
**4**. Hany aýdyň, heýkeltaraşlygyň ösmegine aýratynam haýsy din güýçli täsir edipdir?

# II BAP
# ARAP HALYFATY DÖWRÜNDE MAWERANNAHR

## 8-§. MAWERANNAHRDA ARAP HALYFATYNYŇ ORNAŞDYRYLMAGY

**Daýanç düşünjeler:** ***Yslam dini, Horasan, Mawerannahr, Mawerannahryň boýun egdirilmegi.***

**Yslam dininiň emele gelmegi.** Gadymdan Arabystan ýarymadasynda araplar dagynyk ýagdaýda ýaşaýardylar. **VII asyr başlarynd**a Arabystanda ýeke-täk ygtykat esasynda ýurdy birleşdirmek hereketi başlanýar. Bu beýik ygtykat ýeke hudaýlylyga esaslanýan yslam dinidi.

*** Yslam — "boýun egmek", "tabyn bolmak", "özüni Alla erkine tabşyrmak" diýen manylary aňladýar.**

Allanyň rasuly (ilçisi) Makka şäherinde dünýä inen **Muhammet** (s.a.w. – sallallohu aleýhi wesellem) **ibn Abdullah** (570–632) bu herekete ýolbaşçylyk edýär. Yslamy kabul edip, Resulullaha eýeren onuň tarapdarlary "*muslim*" (musulmanlar) diýlip atlandyrylypdyr. Olar ynsanlaryň Hudaýyň öňünde deňdigi, rysgalyny hemmä Ýaradanyň özi ýetirip berýändigi hem-de jemgyýetdäki adalatsyzlyk ýok bolmagy üçin hak dine girmelidigini wagyz edýärler. Yslam baýdagy astynda **Mekge** şäherinde başlanan wagyz **Medinä** göçýär. **Muhammet** (s.a.w.) **630-njy ýyl**da araplary ýeke-täk döwlete birleşdirýär.

**Muhammet** (s.a.w.) aradan çykandan soň, onuň iň ýakyn tarapdary **Abu Bekr** (632–634) **halyfa** (orunbeser) diýlip yglan edilýär. Arap taýpalarynyň yslamy kabul edip, syýasy taýdan ýeke-täk häkimiýete birleşmeginde, şonuň ýaly-da, dünýä dinlerinden birine öwrülmeginde yslam dogmalary, hukuk we ahlak normalaryny öz içine alan **Gurhany kerim**iň ähmiýeti beýik boldy.

**Müsür**, **Siriýa**, **Palestina**, **Yrak**, **Eýran** ýaly köp ýurtlar boýun egdirilip, hasapsyz oljalara eýe bolandan soň Arap halyfaty harby ýörüşleri biziň ülkämize gönükdirýär.

**651-nji ýylda** araplar söweşsiz **Merw** şäherini eýeleýärler. Soňra häzirki Owganystanyň demirgazyk, Eýranyň demirgazyk gündogar bölegini hem-de Günorta Türkmenistandan tä Amyderýa çenli bolan çäkler basyp alynýar. Araplar bu çäkleri **Horasan** diýip atlandyrypdyrlar. Onuň merkezi **Merw** şäheridi. Bu welaýaty dolandyrmak üçin mahsus naýyp bellenip, ol Merwde ýaşaýardy. Araplar bu ýerde ornaşandan soň, Amyderýadan demirgazykda ýerleşýän baý welaýatlary zabt etmäge taýýarlanýarlar. Bu ýerleri araplar **Mawerannahr**, ýagny ***"derýanyň aňry tarapy"*** diýip atlandyrypdyrlar.

*** Arap halyfaty – ähli häkimiýet Muhammediň (s.a.w.)-orunbeserlarynyň (halyfalar) elinde toplanan döwlet (632–1258). Onda Ummawylar (661-750) we Apbasylar (750-1258) dinastiýalary hökümdarlyk edipdir.**

**Mawerannahr tarapa ýörüşler.** Araplar Mawerannahra ilki ony basyp almak üçin däl, eýsem Yslam dinini ýaýmak taýdan taýýarlanmak, ýerli hökümdarlary synamak maksadynda ýörüş edýärler. Mawerannahra ilkinji hüjümler **654-nji ýyl**da **Maýmurg** we **667-nji ýyl**da **Çaganiýan**dan başlanýar. Çeşmelerde ýazylmagyna görä, bu döwürde Horezm araplar tarapyndan iki gezek talanypdyr.

*Narşahy*nyň ýazmagyna görä, 673-nji ýylyň güýzünde halyfa **Muowiýa I** (661–680) permany bilen **Ubaýdullah ibn Ziýad** Amyderýadan geçip, Buharanyň çägine çozup girýär. **Paýkendi** we **Romitan**y eýeläp, Buhara hökümdarynyň goşunlaryny ýeňýär we öz peýdasyna şertnama düzüp, *bir lak* (ýüz müň) dirhem möçberinde kontribusiýa töledýär. Kontribusiýdan daşary araplar dört müň ýesir, ýarag, egi-eşik, altyn we kümüş önümlerinden ybarat köp oljalar bilen Merwe gaýdýarlar. Ýol ugruna araplar **Termiz** şäherini eýeleýärler.

**VIII asyryň başlaryn**da araplar Mawerannahryň çägini doly basyp almaga girişýärler. Horasana naýyp edip bellenen **Kuteýba ibn Muslim** araplaryň Mawerannahra harby ýörüşine baştutanlyk edýär. ***Kuteýba*** harby ýörüşi **705-nji ýyl**da **Balh** welaýatynyň töwereklerini zabt etmekden başlaýar. Tiz ara-

da **Çaganiýanyň** häkimi söweşsiz boýun egýär. ***Kuteýba*** kynçylyk bilen **Paýkend**i eýeläp, Buhara tarapa ýol alýar we **709-njy ýyl**da Buharany eýeleýär. Buharalylar her ýylda halyfata paç tölemäge, öýleriniň ýarysyny araplara boşadyp bermäge mejbur edilýär.

**710-njy ýyl**da ***Kuteýba*** **Nagşap** we **Keş**i basyp alyp, **Samarkand**a hüjüm başlamak üçin taýýarlanýar. Ýöne Horezmde başlanan içki gapma-garşylyklar netijesinde emele gelen amatly pursat ***Kuteýba***ny Sugd ýörüşini gijikdirip, Horezme goşun çekýär. Sebäbi, Horezm şasy **Çagon** inisi **Hurzat** baştutanlygynda halk gozgalaňyndan gorkup, **711-nji ýyl**da Kuteýba kömek sorap ýüzlenýär. ***Hurzat*** duşmanyň eli bilen çym-pytrak edilip öldürilse-de, Horezmşa mundan öz özbaşdaklygyny ýitirip, araplara paç tölemäge mejbur bolýar. Onuň goşuny bolsa ***Kuteýba***nyň harby ýörüşlerinde gatnaşmaga mejbur edilýär.

**712-nji ýyl**da ***Kuteýbanyň*** goşunlary **Samarkand**a hüjüm edýär. Bu döwürde ***Gurak*** (710–737) Sugda patyşa edilip göterilipdi. ***Gurak*** araplara garşy göreş alyp barýar. Güýçler deň bolmanlygy netijesinde Samarkant boýun egýär. ***Gurak*** bilen ***Kuteýbanyň*** arasynda şertnama düzülip, oňa görä Sugd halyfata tabyn bolýar.

**Çaçyň we Ferganany zabt edilmegi.** **713-nji ýyl**da ***Kuteýbanyň*** goşunynyň bir bölegi **Çaç welaýaty**na, özi baştutanlygynda esasy güýç bolsa **Fergana jülgesine** tarap ýol alýar. Çaç oazisi basyp alnyp, onuň baş şäheri **Madinat aş-Şaş**, örän köp galalar we korganlar hem-de obalar otlanyp weýran edilýär. **715-nji ýyl**yň başynda bolsa Fergana jülgesini üzül-kesil eýeläp, **Kaşgara** çenli girip barýar. Hemme welaýatlara araplardan *emirler* bellenýär. Ýöne ***Kuteýba*** halyfa **Suleýman**a garşy pitne turuzmagy netijesinde Ferganada arap esgerleri tarapyndan öldürilýär.

**Ýer eýeçiligi şekilleri.** Araplar Mawerannahry basyp alansoň, bu ýerdäki ýer-mülkler halyfa degişli bolýar. Halyfa döwlet ýerlerini ikta hökmünde peşgeş beripdir. Döwlet ýerleri käbir harby ýolbaşçylara we emeldarlara ömürlik ýa-da mülke

mirasdüşerlik hökmünde berlipdir. Ýöne ýerleriň esasy eýesi halyfa hasaplanýardy we u iktadarlardan üşr almakş hukugyna eýedi.

Iri ýer eýeleri - daýhanlar arap halyfaty döwründe hem öz ýerleriniň eýeleri bolmagynda galypdyrlar, ýöne olar indi kärendeçilere öwrülip, girdejiniň belli bir bölegini halyfalygyň hazynasyna ibermegi borç edinipdiler.

**VIII asyryň** dowamynda iri daýhanlaryň gol astyndaky ýer-mülkler ýokary arap harby mülkdaryna geçýär. Arap aristokratlarynyň daýhanlar bilen ýakynlaşmagy şol döwürde güýçlenipdir. Daýhanlaryň araplar bilen ýakynlaşmagy, olary basybalyjylar üçin ynamly hyzmatkärligini üpjün etmek bilen bir hatarda, ýer-mülkleri we başga baýlyklaryny saklap galmaga mümkinçilik döredýär. Daýhanlar arap basybalyşlaryndan soň halyfalyk naýybynyň wekili hasaplanýan emire boýun egipdirler. Ýöne emir bilen bir hatarda iri ýer eýeleri - buharhudatlaryň hem ýagdaýy belent bolupdyr. Narşahynyň maglumatlaryna görä, käbir daýhanlar Buhara emiri we buharhudatlar olaryň öz ýerlerini çekip alandyklaryny şikaýatyny Horasan naýybyna ýetiripdirler.

Mawerannahrdaky obalarda ýerler maýda hojalyklar tarapyndan işläp bejerilipdir. Daýhanlar ýerleri maýda böleklere paýlap ekerançylara – kadiwarlara we kaşowarzlara

*** Muhammet Narşahy (899–959) – taryhçy alym. Buharanyň Narşah obasynda doglan. “Buharanyň taryhy” atly eserini ýazyp galdyrypdyr.**
*** Emir (arapça – “emr ediji”, “başlyk”, “häkim”) – leşgerbaşy, häkim, bek. Arap halyfaty döwründe aýratyn goşun serkerdeleri emir diýlip atlandyrylyp, olar adatda zabt edilen welaýatlara naýyp edilip bellenipdirler.**
*** Fath (arapça) – “eýelemek”, “zabt etmek”, “basyp almak” manysyny berýär.**
*** Ikta (arapça) – çäk, paýlanyp berlen ýer, hökümdar tarapyndan uly hyzmatlary üçin peşgeş edilen çäk ýer.**
*** Üşr (arapça – “ondan bir”) – edara işleri üçin girdejiniň 1/10 möçberi hasabynda alynýan salgyt.**

kärende hökmünde bölüp beripdirler. Munuň üçin ekerançylar salgyt töläpdirler. Daýhanlar we emirler salgydyň halyfanyň hazynasyna düşmeginde araçylyk edipdirler.

1. Dünýä taryhyndan alan bilimleriňize esaslanyp araplar barada we Yslam dininiň nähili emele gelendigini aýdyp beriň.
2. Horasan haýsy çäkleri öz içine alypdyr? Onuň merkezi haýsy şäher bolupdyr?
3. Hany aýdyň, Mawerannahr diýen söz nähili manyny aňladypdyr?
4. Pikirleniň, näme üçin araplar Mawerannahry ilki basyp almagy göz öňünde tutmandyrlar?
5. Horezm halyfata nähili tabyn edildi?
6. Araplar Mawerannahry näçe ýylyň dowamynda basyp alypdyrlar?
7. Araplar döwründe ýer eýeçiliginiň nähili şekilleri bolupdyr?

## 9-§. MAWERANNAHRDA YSLAM DININIŇ ÝAÝRAMAGY

**Daýanç düşünjeler:** ***fath netijeleri, salgytlar, Yslama çagyryş.***

**Ykdysady netijeler**. Halyfat ülkäni zabt etmek prosesinde onuň ähli diýen ýaly abat daýhançylyk oazislerini, örän köp şäherleri we obalary otlap weýran etdi. Suw desgalary bozup taşlandy. Ekin meýdanlary suwsuzlykdan gurap galdy. Zabt edilen şäher we oba ilatyndan altyn, kümüş, gymmatbaha zatlar we köp gural-ýaraglar çekip alynýar. Şertnama düzmäge mejbur bolan **Buhara**, **Paýkent**, **Sugd** hökümdarlaryndan uly mukdarda paçdyr tölegler alynýar. Halyfatyň goşunlaryna müňlerçe ýerli ýigitleri çekilýär.

Basybalyjylar harby güýje daýanyp, ilatdan dürli salgytlary ýygnap, ilaty dürli köpçülikleýin işlere çekýärler. **Merw**, **Paýkent**, **Buhara** we **Samarkant** ýaly şäherlerde şähristan ýa-da ondaky maşgalalaryň deň ýarymy araplar we olar bilen birlikde gelen ajamlara (eýranlylar) boşadyp berilýär. *"Hyraç"*, *"üşr"*, *"zekät"*, *"jizýa"* ýaly salgytlar girizilýär.

**Yslama çagyryş.** Araplar Mawerannahrda ornaşdyrylan

syýasy häkimiýeti berkitmek we onuň durnuklylygyny üpjün etmek üçin yslam dinini wagyz etmäge, ilat arasynda yslamy ýaýmaga aýratyn üns berdiler. Şu sebäpli-de olar şol döwre çenli Mawerannahrda bolan dinlere garşy berk göreş alyp barýarlar. Ybadathanalar weýran edilip, olaryň ýerine juma metjitleri gurulýar. Meselem, ***Kuteýba*** Buhara şäheriniň merkezinde ýerleşýän zarduştylar ybadathanastny juma metjidine öwürýär, sugdy ýazuwda ýazylan eserleri ýok etdi. Ýerli ilaty Yslam dinine girizmäge çalyşýarlar. Şu maksatda metjide gelip ybadat edýänler üçin hatda 2 dirhemden pul sowgat etmegi-de girizýärler.

**Ilaty yslamlaşdyrmak ýollary.** Yslam dinini kabul edip, musulman bolan ýerli ilat wekilleri ilkinji ýyllarda hyraç we jizýa salgytlaryndan azat edilipdir. Yslamy kabul etmediklerden bolsa jan salgydy – *jizýa* ýygnalyp alnypdyr. Salgytlary öz wagtynda tölemedik adamlaryň boýunlaryna *“karzdar”* diýlip ýazylan tagtajyk asyp goýulýardy. Ýerli döwlet ýolbaşçylarynyň aglabasy öz hukuklaryny we ýeňilliklerini saklap galmak maksadynda yslam dinini kabul edipdirler. Yslamy kabul etmedik aristokratlar öz ýerlerinden mahrum edilipdir ýa-da salgyt töläpdirler. Beýle çäreler Mawerannahryň ilatynyň arasynda yslam dininiň tiz ýaýramagyna kömek edipdir. Şeýlelikde araplar Mawerannahryň syýasy düzümine we dini ygtykadyna öz täsirini geçirmegi başarypdyrlar.

*** Jizýa – Yslamy kabul etmedik ilatdan alynýan jan salgydy**
*** Zekät – emlägiň 1/40 bölegi möçberinde alnan salgyt.**
*** Hyraç – hasylyň 1/3 bölegi möçberinde alynýan ýer salgydy**
*** Metjit, meçit (arapça – sežde edilýän ýer) – musulmanlaryň köpçülik bolup, namaz okalýan ýeri, ybadathana**

Halyfat tarapyndan Mawerannahryň basyp alynmagy netijesinde ýerli halkyň urp-adaty, dini we ygtykady, medeniýeti

basgylandy. Ýerli sugd ýazuwunda ýazylan dini we magaryf kitaplary, ylmy eserleri we gymmatly resminamalary hem-de senemleri oda ýakyp, ýok edip taşlaýarlar. Kuwadaky budda ybadathanasynyň heýkelleriniň bölekläp taşlanandygy, Afrasiýab köşk diwarlaryna çekilen suratlardaky adamlaryň suratlarynyň gözleri oýulyp, boýunlaryna gylyş bilen çyzyp goýberilendigi muňa aýdyň mysaldyr.



1. Halyfat basybalyşlary Mawerannahrda nähili netijelere getiripdir?
2. Ýerli ilaty yslama girizmekde nähili ýollardan peýdalanylypdyr?
3. Araplar tarapyndan nähili salgytlar girizilipdir?
4. Basybalyşlar ýerli medeniýete nähili täsir etdi?

## 10-§. HALYFATA GARŞY HALK NÄRAZYLYGY

**Daýanç düşünjeler:** ***halk närazylygy. Gurak we Diwaştiç gozgalaňlary. Maliýe özgertmesi. Ummawylar. “Ak geýimliler” gozgalaňy. Mukanna. Rofe ibn Laýs.***

**Gozgalaňyň sebäpleri.** Halyfatyň talaňçylykly syýasaty ýerli halky ähli hak-hukuklardan mahrum etdi. Medeniýetiň aýakasty edilmegi, arap diliniň, ýazuwunyň we halyfat kada-kanunlarynyň zorluk bilen girizilmegi netijesinde ýerli halkyň arasynda närazylyk barha güýçlenip, gozgalaňlar bolmagyna sebäp boldy.

Halyfa **Umar ibn Abduleziz** (717–719) çylşyrymly ýagdaýy hasaba alyp, boýun egdirilen ýerli halklar bilen ylalaşmak syýasatyny amala aşyrmaga mejbur boldy. Ol täze ýerleri mundan beýläk zabt etmegi bes etmek hem-de maliýe özgertmesini geçirmek barada perman çykarýar.

Şoňa görä musulman araplar bilen bir hatarda yslamy täze kabul eden ýerli halklardan *hyraç* we *jizýa* salgytlaryny almak ýatyrylýar. Ýöne Mawerannahryň aristokratlarynyň aglabasy özüni hakyky musulman diýip hasaplap, salgyt tölemegi bes edýärler. Soňra halyfat administrasiýasy bir gezek hemmeden *jizýa* almak barada buýruk berýär. Netijede Mawerannahrda

uçdantutma yslamdan çykmak we köne dinlere dolanmak başlanýar. Munuň netijesinde ýerli mülkdarlar bilen arap administrasiýasynyň arasynda gapma-garşylyk ýitileşip, bütin ýurtda basybalyjylara garşy halk gozgalaňlary başlanýar.

*** Özgertme — bar bolan tertibi özgertmek**
*** Perman — kanun güýjüne eýe bolan buýruk**

**Gozgalaňlaryň başlanmagy.** Şeýle gozgalaňlardan biri **720-nji ýyl**da Sugdda başlanýar. Gozgalaňa *Sugd ihşidi* **Gurak** we *Penjikent häkimi* **Diwaştiç** baştutanlyk edýärler.

Sugdlylara kömek etmek üçin **Ýedisuw**dan türk leşgerleri gelýär. Sugddaky ähli häkimlikleriň ilaty aýaga galýar. Gozgalaňçylaryň birleşen güýçleri araplara berk zarba berýärler. Diňe käbir şäherler we galalar içinde gurşawda galan arap basybalyjylary uly ýer salgydy we görnükli wekillerini gozgalaňçylaryň ygtyýaryna girewe bermek bilen jan saklaýarlar.

**Gozgalaňçylara eglişik edilmegi.** Mawerannahryň ilatyny köşeşdirmek we araplaryň häkimiýetini berkitmek maksadynda Horasanyň naýyby **Aşros** yslam dinini kabul edenlerden *hyraç* we *jizýa* salgytlaryny almazlygy karar edýär. Bu ilaty köşeşdirmäge gönükdirilen wagtlaýyn çäredi. Aristokrat daýhanlaryň köpüsi öz çokarlary we kadiwarlary bilen yslamy gaýtadan kabul edip, araplaryň tarapyna geçýärler.

Horasanyň täze naýyby **Nasyr ibn Saýýar** (738–748) ýurtda öz ýagdaýyny berkidip almak maksadynda *maliýe özgertmesibi* geçirýär. Yslamy täze kabul eden adamlar jizýadan azat edilýär. Ähli musulmanlar hukuk taýdan deňleşdirilýär, ýer eýesiniň ygtykadyna seremezden olaryň hyraç tölemegi hökman edilip bellenýär.

Ýokary mertebeli arap leşgerbaşylary bilen mülkdar daýhanlaryň arasyndaky gan-garyndaşlyk aragatnaşyklary ornaşdyrylýar. Şol bir wagtda özi hem görelde bolup, Buharhudatyň gyzyna öýlenýr. Şeýle syýasat netijesinde araplar bilen ýerli aristokratlaryň arasynda mälim derejede ýaranlyk

emele gelip başlaýar. Emma bu azatlyk ugrunda alnyp barylýan halk hereketlerini ýatyryp bilmeýär. Mawerannahr halyfatdaky iň birahat we pitneçi ülkelerden birine öwrülýär.

**“Ak geýimliler” gozgalaňy.** Mawerannahrda ýene bir halk gozgalaňlaryndan biri **769–783-nji ýyllar**da bolup geçipdir. Gozgalaňçylar ak lybas geýendikleri üçin taryhda ol **“Ak geýimliler”** gozgalaňy ady bilen agzalýar. Bu hereketiň ýolbaşçysy **Haşim ibn Hekim** atly hünärment bolupdyr. Ol kellesine we ýzüne gök perde tutup ýöreýändigi üçin ony “***Mukanna***”, ýagny “*Nikaply*” lakamy bilen atlandyrypdyrlar. Mukanna Horasanda kiçi leşgerbaşyndan wezirlik derejesine çenli göterilipdir.

Mukanna daşary ýurtlularyň hökümdarlygyna we zulmuna garşy aýaga galmaga çagyryp, Mawerannahra ýol alýar we öz ýakynlary bilen Nagşap we Keş şäherine ýetip barýar. Keşiň golaýynda dagyň depesine gurlan **Som galasy**ny öz karargähine öwürýär. Tiz arada bütin Kaşgaderýa oazisi “Ak geýimleriň” eline geçýär. Netijede “Ak geýimliler” hereketi giňelip, uly halk gozgalaňyna öwrülýär. Ol aýratynam **Sugd**da güýçlenip, **Elak** (Ahangaran) jülgesine we **Şaşa**-da özüniň täsirini ýetirýär. Gozgalaňda dürli gatlaklar gatnaşýar.

“Ak geýimliler” gozgalaňyna zarba bermek üçin halyfa ***Mansur*** **775-nji ýyl**da uly harby güýji Mawerannahra gönükdirýär. Ilkinji çaknyşykarda arap goşunlary uly ýitgi çekip, Samarkanda çekinýärler. Ýöne, dört aý dowam eden göreşden soň gozgalaňçylar ýeňilýär.

**Narşahda** we **Samarkant**da “Ak geýimliler” ýeňlensoň, ýerli mülkdar gatlak wekilleri araplara kömek berip başlaýarlar. Göreşiň ahyrky basgançagy **Keş jülgesi**nde bolup geçýär. **783-nji ýyl**da Mukannanyň **Som galasyn**daky karargähi gabalýar. Uzak dowam eden gabawdan soň göreşden güýçden gaçan gozgalaňçylar boýun egýärler. Basybalyjylara boýun egmegi islemedik ***Mukanna*** özüni ýanyp duran tamdyra taşlap heläk bolýar.

“Ak geýimliler” guramaçylykly hereket edip bilmändikleri gozgalaňyň ýeňilmeginiň esasy sebäbi boldy. Ikinjiden, halk

hereketiniň köpçülige ýaýramagyndan gorkan ýerli mülkdarlar yzly-yzyna araplaryň tarapyna geçipdirler. Üçünjiden, gozgalaňyň uzak dowam edenligi zähmetkeşleri haldan taýdyrýar.



*** Mukanna (takm. 719–783) – Mawerannahrda Arap halyfaty hökümdarlygyna garşy göterilen azatlyk hereketiniň başlygy. Merw şäheriniň golaýyndaky Koza obasynda doglan. Hakyky ady Haşim ibn Hekim bolup, Narşahynyň ýazmagyna görä, ol köp okapdyr, gaty düşbi bolup, himik, jady we jadylyk ylymlaryny öwrenipdir. Arap, pars dillerini gowy bilipdir. “Mukanna” lakamy bilen meşhur bolupdyr. Mazdagyň taglymlaryna esaslanýan sosial deňlik we erkin durmuşa çagyrýan taglymaty wagyz edipdir. Gozgalaň şowsuzlyga duçar bolansoň, özüni ot ýanyp duran tamdyryň içine taşlap, heläk bolupdyr. Hamid Olimjan Mukannanyň edermenligine bagyşlanan “Mukanna” dramasyny, Sadriddin Aýniý “Mukanna gozgalaňy” taryhy-edebi oçerkini ýazypdyr.**

**769-783-NJI ÝYLLARDAKY "AK GEÝIMLILER" GOZGALAŇY**



Gozgalaň basyp ýatyrylan bolsa-da, basybalyjylara garşy ýerli halk hereketi üzül-kesil togtap galmady. **806-njy ýyl**da arap leşgerbaşy **Rofe ibn Laýs** baştutanlygynda halyfata garşy ýene gozgalaň turýar. Gozgalaň Samarkantdan başlanyp **Şaş, Fergana, Buhara, Nagşap** we **Horezm** welaýatlaryna ýaýrapdyr. Tiz arada bu welaýatlar halyfatyň elinden gidýär. Horasan naýyby **Mamun** daýhanlardan bolan ***Samanhudat***yň agtyklary: **Nuh**, **Ahmet** we **Ýahýa**lardan haýyş edip, olardan kömek soraýar. Olar **Rofe ibn Laýs**y ele alyp, ony halyfa boýun egmäge mejbur edýärler. Şeýdip nobatdaky halk hereketi hem basyp ýatyrylýar.

Ýerli halklaryň basybalyjylara garşy göreşleri biderek gitmeýär. Ýuwaş-ýuwaşdan halyfatyň hökümdarlygy gowşap başlaýar. Bu ýagdaý Mawerannahryň ilatynyň azatlygyny gazanmagyny çaltlandyrýar.

**1.** Näme üçin Mawerannahryň ilaty gozgalaň turzupdyrlar?
**2.** Horasanyň naýyplary Mawerannahryň ilatyny köşeşdirmäge näme üçin hereket edipdirler we olar nähili syýasat ýöredipdirler?
**3.** Gurak we Diwaştiç niredäki gozgalaňa ýolbaşçylyk edipdirler? Olar barada goşmaça edebiýatlardan maglumatlar toplaň.
**4.** “Ak geýimliler” gozgalaňy näme üçin ýeňilýär? Mukanna barada goşmaça maglumatlary toplaň.
**5.** Rofe ibn Laýs ýolbaşçylygynda gozgalaň nädip basyp ýatyrylýar?

**Aşakdaky jedweli dolduryň: Halyfata garşy gozgalaňlar**

| Bolup geçen gozgalaňlar | Gozgalaňyň sebäpleri | Gozgalaňyň netijeleri |
|---|---|---|
| | | |

## 11-§. APBASYLAR DÖWRÜNDE HORASAN WE MAWERANNAHR

**Daýanç düşünjeler:** ***Zulmuň güýçlenmegi. Abu Muslim wagzy. Abu Muslim gozgalaňy. Apbasylar.***

**Halk närazylygynyň güýçlenmegi. VIII asyryň 40-njy ýyllaryn**da halyfatda täçdir tagt üçin göreş güýçlenýär.

Muhammet pygamberiň (s.a.w.) agasy Apbasyň çowlugy **Muhammet ibn Ali** halyfat üçin göreşe başlaýar. *Ummawylar* Muhammet (s.a.w.) neslini gyryp taşlanlykda günäkärlenipdi. Şeýdip halyfatda ummawylar hökümdarlygyny agdaryp taşlamak üçin ýiti hereket başlanyp gidýär.

Ummawylara garşy umumy närazylyk, aýratynam, halyfa **Marwan II** (744–750) hökümdarlyk eden döwürde örän güýçlenýär. Muňa hyraç salgydynyň mukdarynyň artdyryp goýberilendigi hem-de ilatyň dyngysyz ýowarlara mejburlap çekilmegi sebäp bolýar. Ummawylara garşy göreşe çagyrmak üçin apbasylar dürli welaýatlara köp wagyz edijileri iberýärler. Şeýle wagyz edijilerden biri kufaly **Abu Muslim**di. Ol Horasana gelip, ilaty pygamber Muhammet (s.a.w.) nesillerini goldamaga çagyrýar.

Ilki arap aristokratlary, soňra ýerli daýhanlar ***Abu Muslim***i goldaýarlar. Ummawylara garşy wagyz işleriniň ýaňy tiz arada Horasan, Mawerannahr we Toharystan welaýatlaryna giň ýaýraýar. Ýurduň ilaty halyfata garşy aýaga galýar. Gozgalaňçylaryň ählisi diýen ýaly *gara lybas* geýipdirler. Ilki bilen, gara geýim matam simwoly, galyberse-de, gujurly güýç baýdagy hem-de gazaply söweşlerde gozgalaňçylary ummawy harbylardan tapawutlandyrýan belgini aňladypdyr.

**Ummawylaryň agdarylmagy. 747-nji ýylda *Abu Muslim*** ilaty ummawylara garşy göreşe çagyrýar. Tiz arada ***Abu Muslim*** Horasanyň paýtagty **Merw** şäherini eýeleýär. Halyfa ***Marwan*** öz ygtyýaryndaky ähli harby güýçleri gozgalaňçylara garşy gönükdirse-de, emma ummawylar häkimiýetini saklap galyp bilmeýärler.

**749-njy ýyl**da ***Abu Muslim*** boshliq gozgalaňçylar halyfatyň merkezi welaýatlari tarap ýol oladilar. Halyfatyň paýtagty **Damask** şäheri eýelenip, halyfa **Marwan II** tagtdan agdarylýar. Onuň oʻrniga apbasylar hanadonidan bolan **Abul Apbas Saffoh** (750–754) halyfatyň tagtyna geçýär. Ýerlerde ummawylar maşgalasynyň wekilleri we ýakynlary gyryp taşlanýar. Şeýdip, Arap halyfatynda döwlet häkimiýeti *Apbasylaryň* eline geçýär.

**Apbasylar döwründe Mawerannahr.** Apbasylaryň halyfatyň tagtyna geçmegi zähmetkeş ilata hiç hili ýeňillik getirmändir. ***Abu Muslim*** arkaly apbasylar tarapyndan halk köpçüligine berlen wadalardan ýekejesi-de amala aşmaýar. ***Abu Muslim*** Bagdatda döwlet we harby güýçleriň ýokary wezipesine bellenýär. Ýöne apbasylar onuň halkyň arasyndaky abraýynyň barha artýandygynyň taradary däldidiler. Netijede ***Abu Muslim*** paýtagtdan uzaklaşdyrylyp, Horasana we Mawerannahra naýyp edip iberilýär.

*** Abu Muslim baştutanlygyndaky gozgalaň 747–749-njy ýyllarda Horasan we Mawerannahrda bolup geçdi. Gozgalaň netijesinde halyfatda ummawylar häkimiýetden agdarylyp, Apbasylar dinastiýasy häkimiýete geldi.**

Zähmetkeş ilatyň arasynda apbasylara garşy gozgalaň turuzmak keýpi peýda bolýar. Şeýle gozgalaňlardan biri **750-nji ýyl**da Buharada bolup geçýär. ***Abu Muslim*** ýerli güýçleriň kömegi bilen gozgalaňy zordan basyp ýatyrýar.

Mawerannahrdaky içki gapma-garşylykdan peýdalanyp, Hytaý imperatorynyň goşunlary Türküstana çozup girýär. ***Abu Muslim*** tarapyndan iberilen harby güýç **751-nji ýyl**da Talas jülgesinde Hytaýyň goşunlaryna zarba berip, olary ýurduň çäginden kowup çykarýar.

***Abu Muslim*** ak ýürekden hyzmat eden bolsa-da, emma Apbasy hökümdarlar oňa ynanmaýardylar. **755-nji ýyl**da ýaragsyz we ýalňyz köşke gelen ***Abu Muslim*** halyfanyň buýrugyna görä öldürilýär. ***Abu Muslim***iň öldürilmegi halyfatyň gündogarynda, aýratynam, Horasanda we Mawerannahrda apbasylara garşy halk hereketleriniň güýçlenmegine bahana bolýar.

**Apbasylar döwründe Mawerannahryň dolandyrylyşy.** Mawerannahr **VIII asyryň ortalaryn**a çenli garşylyk görkezmegine seretmezden arap halyfatynyň möhüm welaýatlaryndan biri hökmünde onuň düzümine üzül-kesil geçýär. Merkezi

hākimiýet 749-njy ýyla çenli Damaskda bolan bolsa, indi Bagdatda ýerleşýärdi.

Halyfa döwleti dolandyrmakda ***wezir ul-wuzaro*** (beýik wezir) daýanypdyr. ***Emir ul-umaro*** harby işler üçin jogapkär bolupdyr. Halyfa dürli meseleleri geňeşde – ***diwan ad-dar***da seredýärdi. ***Diwan ad-dar*** üç sany esasy diwana bölünen: diwan al-maşryk, diwan al-magrub we diwan al-haraj. Mawerannahra degişli meseleler ***diwan al-maşryk***da çözülýärdi.

Halyfa welaýat naýyplaryny wezipelere belleýärdi ýa-da boşadardy. Halyfatyň hukuk meseleleri Kurhany Kerim we Pygamberiň görkezmelerine, nesihatlaryna esaslanmak bilen seredilipdir.

Şeýdip, **VIII asyryň ortalaryn**a gelip Mawerannahrda syýasy dolandyryş arap halyfatynyň syýasy ulgamyna laýyklaşdyrylýar. Sodianada buharhudatlaryň we başga hökümdarlaryň gol astyndaky administratiw-dolandyryş usuly öz şeklini saklap galandygyna seretmezden, häkimleriň halyfanyň naýybyna boýun egmegi hökmandy. Ýerli döwlet baştutanlarynyň aglabasy öz hukuklaryny we ýeňilliklerini saklap galmak maksadynda yslam dinini kabul edipdirler. Yslamy kabul etmedik aristokratlar öz ýerlerinden mahrum edilýärdi ýa-da kontribusiýa tölemeli bolýardylar. Şeýlelikde araplar Moweraunnahryň syýasy ulgamyna we dini ygtykadyna öz täsirini geçirip bilmändirler.



**1**. Näme üçin halyfatda ummawylara garşy halk närazylygy emele gelipdir?
**2**. Abu Muslim ilaty nämä ündäpdir?
**3**. Abu Muslimiň gozgalaňy nähili netijelere getiripdir?
**4**. Apbasylar häkimiýet başyna geçensoň, Mawerannahrda ýagdaý nähili özgerdi?
**5.** Apbasylar döwründe Mawerannhrdaky dolandyryş tertibi barada aýdyp beriň.

## III B A P
## MAWERANNAHRDA ÖZBAŞDAK DÖWLETLERIŇ DÖREDILMEGI

### 12-§. GARLYKLAR, OGUZLAR, TAHYRYLAR

**Daýanç düşünjeler:** ***Garlyklar; Oguzlar; Tahyrylar; Döwlet dolandyryşy.***

**Halyfatyň gowşamagy. VIII asyryň ahyry – IX asyryň başlarynda** Arap halyfaty agyr syýasy krizise duçar bolýar. Boýun egdirilen halklary tabynlykda saklap durmak araplar üçin barha kynlaşýar. Mawerannahryň we Horasanyň ilatynyň ýygy-ýygydan gozgalaň turzup durmagy, üznüksiz dowam eden özara uruşlar we içerki gapma-garşylyklar Arap halyfatynyň häkimiýetini gowşadýar. Bu bolsa özbaşdak döwletleriň peýda bolmagyna getirdi.

Mawerannahryň demirgazyk we demirgazyk gündogar çäklerindäki entek halyfata boýun egdirilmedik serhetdeş ýerlerde birnäçe döwletler döredi. Olardan biri **Garlyklar döwleti**dir.

**Garlyklar döwleti.** Gadymda *Altaýyň günbataryn*da, soňra *Irtyş derýasynyň orta akymyn*da ýaşan *garlyklar* gadymy türki taýpalardan hasaplanypdyr. **VI–VII asyrlar**da olar Türk hakanlygynyň düzümine giripdir. **VIII asyryň ortalary**nda *Ýedisuw ülkesin*de **Garlyklar döwleti** döredi. Bu döwletiň paýtagty *Çu derýasyndan demirgazyg*rakda ýerleşýän **Suýab** şäheridi. Garlyklar döwletiniň hökümdary *“ýabgu”* ýa-da *“jabgu”* diýlip atlandyrylypdyr.

**X asyryň ortalaryn**a baranda garlyklaryň uly bölegi musulman bolupdyr. Bu döwürde birnäçe şäherlerde juma metjitleri gurlupdyr.

Garlyklar döwleti demirgazykdan we gündogardan *Elsuwi derýasynyň* jülgesine çenli, ***çigil taýpasynyň*** ýaýlalaryna çenli; günbatardan ***oguz ýurdy*** we *Fergana jülgesi*; günortada bolsa ***ýagmular*** oazisi we *Gündogar Türküstan* bilen araçäkleşipdir. Bu diýarda paýtagtdan daşary **Jol, Nawkat, Karmankat, Ýar** ýaly şäherler we ençeme obalar döräpdir. Ilat *goýndarçylyk*, dag çeşmeleriniň boýlarynda bolsa *daýhançylyk* bilen

meşgullanypdyr. Gündogar Türküstan we Mawerannahr bilen söwda-satyk alnyp barylypdyr. Daşary esasan ýüň we ýüňli önümler: *haly, palas, keçe* ýalylar çykarylypdyr.

**X asyr**da garlyklar Mawerannahryň demirgazyk çäklerini eýelänsoň, Şaşyň töweregine we Fergana hem-de Zerewşan jülgelerine gelip ornaşypdyrlar. Soňluk bilen oturymly ýagdaýda ýaşaýan ýerli ilata siňip gidipdirler.

*** Garlyklar – türki taýpalardan biri. Ilki Altaýyň günbatarynda, soňra Irtyş derýasynyň orta akymynda ýaşapdyrlar.**
*** VIII asyryň ortalarynda Garlyklar döwleti Ýedisuw ülkesinde döredi. Paýtagty Suýab şäheri bolupdyr.**

**Oguzlar**. Türk hakanlygy hökümdarlygy döwründe oguzlar onuň düzüminde bolupdyr. Türk hakanlygy dargadylansoň, oguzlaryň ep-esli bölegi *Syrderýa basseýniniň* hem-de *Aral deňziniň boýun*da hemişelik ornaşypdyrlar. Olar **IX asyryň ahyry** we **X asyryň başyn**da **Oguzlar döwleti**ni esaslandyrýarlar.

*Syrderýanyň aşaky akymynyň* boýundaky **Ýangikent** şäheri Oguzlar döwletiniň paýtagty bolupdyr. **X asyr**dan başlap oguzlar Yslam dinini kabul edýärler.

*** Oguzlar – Orta Aziýada ýaşan türki taýpa. IX asyryň ahyry we X asyryň başynda Oguzlar döwleti Syrderýa basseýniniň hem-de Aral deňziniň boýunda döredi. Paýtagty Ýangikent şäheri bolupdyr.**

**X asyryň birinji çärýegi**nde Oguzlar döwleti demirgazyk gündogardan aýaga galan *gypjaklar* tarapyndan weýran ediji zarba duçar bolup, bölünip gidýär. Olar öz ýurduny taşlap, bir bölegi günbatara, *Demirgazyk Kawkaz* sähralaryna ornaşýar. Olaryň ikinji bölegi bolsa ilki *Mawerannahr*a barýar we ondan günorta günbatara süýşüp, täze dinastiýa – *seljuklaryň* baştutanlygynda *Alynky Aziýa* ýurtlaryny basyp almaga girişýär.

Bu iki türki döwlet diňe bir Mawerannahryň däl, eýsem bütin Orta Gündogar hem-de Alynky Aziýa ilatynyň syýasy

durmuşyna-da güýçli täsir etdi. Bu döwletleriň ilaty şu çäkde ýaşaýan halklaryň etnik taryhyna täsir edipdir. Meselem: *garlyklar* özbekleriň we täjikleriň, *oguzlar* türkmenleriň, azerbaýjanlaryň, garagalpaklaryň etnogenezinde möhüm rol oýnapdyr.

**Tahyrylar döwleti**. **VIII asyryň ahyry – IX asyryň başyn**da halyfaty lerzana getiren agyr syýasy ýagdaý apbasylary Mawerannahrda we Horasanda alnyp barylýan syýasaty özgertmäge mejbur edipdir. Ýerli aristokratlar Mawerannahry we Horasany diňe bir öz garamagyna geçirmek bilen çäklenmän, eýsem halyfatyň merkezinde-de häkimiýeti dolandyrmakda barha köpräk rol oýnaýan bolupdyrlar. Muňa, aýratynam, halyfa **Harun ar-Raşid** (786–809) aradan çykandan soň onuň ogullary **Mamun** bilen **Eminiň** arasynda **809–813-nji ýyllar**da tagt üçin bolan göreş uly ýol açypdyr.

Halyfatyň merkezi bölegindäki araplar ***Emin***i halyfatyň tagtyna oturdýarlar. Mundan närazy bolan ***Mamun*** inisi ***Emin***e garşy göreşe başlaýar. Hyrat welaýatynyň aristokratlaryndan **Tahir ibn Huseýn** ýolbaşçylygyndaky Horasan we Mawerannahr mülkdarlary oňa kömek berýärler. **813-nji ýyl**da olar Bagdada ýörüş edýärler. Paýtagt eýelenip, ***Mamun*** halyfatyň tagtyna geçýär. Munuň öwezine ***Tahir*** **821-nji ýyl**da *Horasan we Mawerannahr naýyby* edilip bellenýär. Şonuň ýalyda, ***Mamun*** Mawerannahryň aristokratlarynyň hem kömegini unutmaýar. ***Samanhudadyň*** agtyklaryny käbir şäherlere we welaýatlara naýyp edip belleýär. **Nuh**a *Samarkant*, **Ahmed**e *Fergana*, **Ýahýa** *Şaş* we *Ustruşana*, **Ilýas**a bolsa *Hyrat* ýetýär. Munuň öwezine aga-ini samanylar Mawerannahryň her ýylky hyrajyndan örän uly seridelerini tahyrylar arkaly halyfanyň hazynasyna iberip durýarlar.

**Tahir** döwlet işlerini özbaşdak dolandyrmak maksadynda **822-nji ýyl**da halyfanyň adyny hutbadan çykardyp iberýär.

Bu amalda Bagdat bilen aragatnaşygy kesmek we özüni garaşsyz diýip yglan etmekdi. Ýöne köp wagt geçmän ol tötänden aradan çykýar. ***Tahir***yň ogullary **Talha** we **Abul Apbas Abdullah** atasynyň ýerine yzly-yzyna naýyplik edýärler. Şeýdip, Horasan we Mawerannahr dolandyryşy tahyrylar

maşgalasyna miras bolup galýar. ***Abul Apbas Abdullah*** naýyplygy (830–844) döwründe paýtagt **Merw**den **Nişapur** şäherine göçürilýär.

Mawerannahryň şäherlerinde naýyplyk edýän Samanhudatyň nesilleriniň ýerli naýyplygy tahyrylar tarapyndan ykrar edilýär. Samanylar bolsa, öz gezeginde, tahyrylara tabyn hökmünde Mawerannahry dolandyrýarlar. Bu, şübhesiz, Horasanda we Mawerannahrda bir asyrdan artygrak höküm süren halyfat hökümdarlygynyň tamamlanandygyny aňladýardy.

*** Tahyrylar – Horasandaky Tahyrylar döwletinde hökümdarlyk eden dinastiýa (821–873). Resmi taýdan apbasylara tabyn hasaplanypdyr. Dinastiýany 821-nji ýyl Tahir ibn Huseýn esaslandyrypdyr**
*** Saffarylar – Saffarylar döwletinde hökümdarlyk eden dinastiýa. Saffarylar ady onuň esaslandyryjysy Ýakub ibn Laýs as-Saffar adyndan alnan. Saffarylaryň iri hökümdarlary: Ýakub ibn Laýs (873–879); Emr ibn Laýs (879–900)**
*** Hutba – juma namazynda hökümdaryň adynyaýdyp, onuň hakyna doga okamak, alkyşlamak**
*** Gazy – Hak din üçin göreşýän söweşiji**

**Tahyrylar häkimiýetiniň ýok bolmagy.** Tahyrylar döwründe-de zähmetkeşleriň ýagdaýy örän agyr bolmagynda galýardy. Mülkdar daýhanlaryň süteminden, döwletiň agyr salgytlaryndan bizar bolan halk gozgalaň turuzýar. Olara *“gazylar”* hem goşulýarlar. Gozgalaňa saffarylar – misgär hünärment aga-ini **Ýakup** we **Emr ibn Laýs**lar ýolbaşçylyk edýärler. **873-nji ýyl**da Horasanyň paýtagty **Nişapur**y eýeleýärler. Netijede *tahyrylar* hökümdarlygy ýatyrlyp, häkimiýet *saffarylaryň* eline geçýär.

**1**. Näme üçin Arap halyfaty agyr syýasy krizise duçar boldy?
**2.** Pikirleniň, Mawerannahrda özbaşdak döwletleriň peýda bolmagyna näme sebäp boldy?
**3.** Garlyklar döwleti haýsy çäklerde döräpdir?
**4.** Oguzlar döwleti haçan esaslandyrylypdyr?
**5.** Tahyrylar döwleti nähili emele gelipdir?

**Öbaşdak iş.**
**Dersligiň tekstinden peýdalanyp jedweli dolduryň.**

| Döwletiň ady | Döräň döwri | Çägi | Paýtagty |
|---|---|---|---|
| Garlyklar döwleti | | | |
| Oguzlar döwleti | | | |
| Tahyrylar döwleti | | | |
| Saffarylar döwleti | | | |

## 13-§. SAMANYLAR

**Daýanç düşünjeler:** ***samanylar hökümdarlygy, döwlet dolandyryş düzümi, goranma işleri, diwanlar, Yslam dininiň ösüşi.***

**Samanylar hökümdarlygy.** **IX asyr**da Mawerannahryň syýasy durmuşynda hem özgerişler bolup geçýär. Ýurda ilki **Nuh**, soňra **Ahmet** baştutanlyk edýär. Her biriniň hökümdarlygy döwründe öz atlaryndan misden teňňe zikgeledýärler. ***Ahmet*** aradan çykandan (**865-nji ýyl**) soň onuň ogly **Nasyr** Samarkandy merkeze öwürýär. Ol Mawerannahryň ähli welaýatlaryny birleşdirmek we ony Horasandan aýrylmak çärelerini görýär.

**IX asyryň ahyrky çärýegi**nde Mawerannahryň ähli diýen ýaly welaýatlary *samanylaryň* garamagyna geçýär. ***Nasyr*** bütin Mawerannahryň hökümdaryna öwrülýär. Ol kümüş dirhem zikgeledýär.



**Buhara. Ysmaýyl Samany kümmeti. X asyr.**

Köp geçmän aga-ini **Nasyr** bilen **Ysmaýyl**yň arasynda täji-tagt üçin göreş başlanýar. Onda **Ysmaýyl** ýeňiji bolýar. ***Ysmaýyl Samany*** **888-nji ýyl**da bütin Mawerannahry öz gol astyna birleşdirýär.

**Ysmaýyl Samany.** **Ysmaýyl Samany** orta asyrlaryň ukyply, gaýratly we örän düşbi döwlet işgäridi. Ol Mawerannahry birleşdirip, berk döwlet düzmäge çalyşýar. Demirgazyk Gündogar çäklere ýörüş

edýär**. 893-nji ýyl**da **Teraz** şäherini zabt edip, sähralylara weýran ediji zarba berýär.

Mawerannahryň ilatynyň garaşsyzlygyny gazanmagy, şübhesiz, Arap halyfalaryna ýakmaýardy. Şu sebäplide halyfat *saffarylar* bilen *samanylar*y çaknyşdyrmaga we olaryň ikisini-de güýçden gaçyryp, bu baý welaýatlarda öz täsirini gaýtadan dikeltmäge hereket edýär. Halyfa **Mutazid** (892–902) *saffarylar* hökümdary **Emr ibn Laýs**a Horasan bilen birlikde Mawerannahryň üstünden hem höküm ýöretmek hukugy berlendigi barada perman çykarýar we ony **Ysmaýyl**a garşy öjükdirýär. Netijede **900-nji ýyl**da olaryň arasynda uruş başlanýar. Uruş ***Ysmaýyl***yň ýeňşi bilen tamamlanýar. Bütin Horasan samanylaryň gol astyna geçýär. Halyfa ***Ysmaýyl***a hökümdarlyk ýarlygyny ibermäge bialaç mejbur bolýar.

**Ysmaýyl Samany** bütin Mawerannahry we Horasany öz gol astyna birleşdirýär. **Buhara** şäheri bu iki döwletiň paýtagtyna öwrülýär.



*** Samanylar döwleti (865–999) – Mawerannahrdaky we Horasandaky orta asyr döwleti. Samanylar döwletiniň döredilmegi arap halyfatynyň ýykylmagy hem-de Mawerannahry we Horasany basyp alan Samanylaryň döwlet başyna geçmegi bilen bagly. Ösen döwründe Mawerannahr, Horasan, Demirgazyk we Gündogar Eýrany öz içine alypdyr.**

**Dolandyryş ulgamy.** Samanylar ýurdy dolandyrmakda ilkibaşda ykjam dolandyryş administrasiýasyny düzýärler. Ol **emir derghi** we **diwan**lardan (wezirlikler) ybaratdy.

**Dergäh**de *emir karargähi* we *haramy* hem-de *köşk emeldarlary, nökerleri* we *hyzmatkär*leriniň ýaşaýyş jaýlary bolýardy. Narşahynyň ýazmagyna görä, Samanylar dolandyryşy esasan **on diwan** arkaly dolandyrylyp, olaryň arasynda **wezir diwany** baş dolandyryş edarasy hasaplanýardy. **Nasyr II** (914–943) döwründe Buharanyň *Registan* meýdanynda emir köşgüniň garşysynda diwanlar üçin köşk gurlup, edara ynha şu mahsus bina ýerleşýärdi. Edara gullukçylary arap, pars dillerini pugta

eýeläp alan, Gurhanyň we şerigatyň esasy kadalaryny gowy bilýän, dürli ylymlardan habarly bolan sowatly asylzadalardan saýlanyp alnypdyr.

Mawerannahryň gülläp ösmeginde yslam dini ruhanylarynyň goşandy uly boldy. Şu sebäpli-de olaryň abraýy artyp, paýtagt **Buhara** Gündogarda Yslam dininiň iň abraýly merkezlerinden birine öwrüldi. Şäherlerde ençeme ybadathanalar, şol sanda, *juma metjidi*, *hanagäh* we *namazgäh*ler gurulýar. Şol döwürde Buhara şäherinde Orta Aziýadaky ilkinji ylym mesgeni bolan **medrese** gurulýar. Buharanyň bu gadymy medresesi **X asyr**da gurlupdyr. Ol **Farjak medresesi** diýlip atlandyrylypdyr.

Ýurduň ruhy durmuşynda ***"ustad"*** diýlip atlandyrylan din we ylym öňdebaryjylary ýolbaşçylyk edýärdi. Soňluk bilen bu at ***"şeýh ul-yslam"*** ady bilen has-da beýgeldildi. Ustaddan soň ***hatyplar*** durýardy.

*** Medrese (arapça – öwrenmek) – musulmanlaryň orta we ýokary okuw jaýy**

Samanylar metjit, medrese we hanagähler gurmak üçin mahsus ýerler we olaryň harajatlary üçin uly-uly mülkleri bölüp beripdirler. Yslam dininiň gülläp ösüşi, şübhesiz, Orta Aziýa ilatynyň özbaşdak halk bolup şekillenmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

*** Wezir – diwanhana başlygy, baş wezir (ministr)**
*** Ulama – din alymlary**
*** Hajib – harby dereje**
*** Hanagäh – garyphana, mysapyrhana**

**Goranma işleri. Ysmaýyl Samany** *köşküň mahsus regulýar serbazlaryndan ybarat* gowy ýaraglanan *harby goşun* düzýär. Gowy we uzak gulluk eden serbazlar *"hajib"* wezipesine göterilipdir. Hajibleriň başlygy *"hajib ul-hujab"* ýa-da *"hajibi buzruk"* diýlip atlandyrylýardy. Beýle dereje Samanylar köşgündäki ýokary dereje hasaplanýardy.

1. Samanylar nädip Arap halyfatyndan özbaşdak bolupdyr?
2. Haçandan başlap Mawerannahryň ähli diýen ýaly welaýatlary samanylaryň garamagyna geçýär?
3. Ysmaýyl Samany häkimiýete nädip gelipdir?
4. Nahy aýdyň, näme üçin Mawerannahryň garasyzlyga ymtylmagy Arap halyfatyna ýakmandyr?
5. Näme sebäpden saffarylar bilen samanylaryň arasynda uruş gelip çykdy?

**Aşakdaky jedweli dolduryň. Samanylar döwleti**

| **Samanylar döwleti** | **Iş alyp baran döwri** | **Çägi** | **Paýtagty** |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 14-§. SAMANYLAR DÖWRÜNDE SOSIAL-YKDYSADY DURMUŞ

**Daýanç düşünjeler:** ***ykdysady durmuş, içerki we daşary söwda, pul dolanyşygy, ýer eýeçiliginiň şekilleri, Samanylar häkimiýetiniň krizisi.***

**Oba hojalygy.** **IX–X asyrlar**da **Mawerannahryň** we **Horezmiň** ilatynyň esasy bölegi *suwarymly daýhançylyk* bilen meşgullanýardy. Suwaryş pudaklary arkaly suwarylyp abat edilen hasyldar oazislerde *gallaçylyk, şalyçylyk, pagtaçylyk, gök ekinçilik, bakjaçylyk* we *bagdarçylyk* ýokary derejede ösüş gazanypdy.

Daýhançylyk salgydy – *hyraç*dan hazyna düşýän girdeji döwlet girdeji-çykdajysynyň ep-esli bölegini tutýardy. Şonuň üçin hem samanylar ýurtda daýhançylyk hojalygyny ösdürmäge uly üns beripdirler.

**IX–X asyrlar**da **Mawerannahrda** we **Horasan**da maldarçylyk ýokary derejede bolupdyr. Maldarçylyk diňe bir ýurduň ilatyny çarwa önümleri bilen üpjün etmek bilen çäklenmän, hojalygyň hemme ugurlary üçin at-ulaglar hem ýetişdirip beripdir. Aýratynam, döwletiň harby goşunlary, hususan-da, atly goşunlary at-ulag bilen üpjün etmek möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

**Hünärmentçilik**. **Mawerannahr** we **Horezm** şäherlerinde *dokmaçylyk, küýzegärçilik, slesarlyk, misgärlik, zergärlik, çüýşeçilik* we *agaç ussaylygy* ýaly kesp-hünärler ösüş gazanýar. Netijede şäherleriň umumy keşbi düýpgöter özgerýär. Onda uly-uly gümmezli, tekjeli we petikli ymaratlar, ussahanalar, metjitler, medreseler, kümmetler, hanagähler we kerwensaraýlar döredilipdir. Indi şäherler ondan artyk derwezeli uly hünärmentçilik merkezine öwrülýär.

**Samarkant**da ýokary sortly *kagyz* öndürilýärdi. **Şaş** özüniň *gönçülik önümleri* we *deri harytlary* bilen, **Elak** bolsa *kümüş* we *gurşun känleri* hem-de *kümüş teňňe çykarýan zikgehanasy* bilen meşhurdy. **Horezm**de *gaýyk gurluşygy* ösüş gazanypdyr. Horezmde we Termizde ýasa-lan gaýyklar Amyderýa boýunça tä Aral deňzine çenli dyngysyz haryt daşap söwdagärleriň ýüküni ýeňledip, uzagyny ýakyn edipdirler. Bu döwürde şäherler bilen bir hatarda obalar hem ýurduň ykdysady durmuşynda uly orna eýedi. Buharanyň **Zandana obasynda** dokalan mele reňkli boz *“zandaniça”*, Samarkandyň **Wador obasynda** taýýarlanan mata *“wadoriý”* atlary bilen Gündogarda meşhurdy.

**Içerki we daşary söwda.** Ýurtda daýhançylygyň we hünärmentçiligiň ösmegi netijesinde içerki we daşary söwda giňelýär. Gadymky kerwen ýoly boýunça guýular gazylyp, her bir beketde *rabatlar* gurulýar. Kerwenler geçýän şäherlerde we obalarda *kerwensaraýlar* gurulýar. Olarda hüjreler we ammarhanalar bolýardy.



**Samanylardan AbdulMälik bin Nuh teňňesi. Samarkant. 961–962-nji ýyllar.**

Daşary söwda dolanyşygynda *serraplyk çäklerin*den giň peýdalanylýardy. Şol wagtda söwdagärler özi bilen köp mukdarda pul alyp gezmeýärdiler. Öz pullaryny olar şäherdäki serraplardan birine tabşyryp, ondan degişli resminama – *çek* alardylar. Niýetlenilen şähere barmak bilen şu çeki serrapa berip,

onda görkezilen mukdardaky puly dolulygyna gaýtaryp almak mümkindi. *Çek* sözi parsça adalga bolup, şol wagtda-da bu söz şol manyda ulanylypdyr.

*** Rabat – orta asyrlarda araplaryň berkidilen karargähi. Ilki gazylara niýetlenip gurlan mahsus bina. Soňluk bilen rabat diňe bir gala, berkitme manysynda däl, eýsem myhmanhana (kerwensaraý) manysynda-da düşünilipdir.**

*** Kerwensaraý – kerwenler saklanyp, dynç alyp geçýän rabat, saraý, myhmanhana. Söwda ýollarynyň üstünde we şäherlerde gurlupdyr.**

Demirgazyk ýol arkaly Günorta Sibir we Mongoliýa Mawerannahryň şäherlerinden we obalaryndan biz, geýim-gejim, eýer-jabduk, gylyç, gap-gaçlar, zergärlik önümleri, däri-derman, kakadylan miwe, künji we zygyr ýagy we başga şular ýaly harytlar eltilipdir. Sibirden dürli gymmatbaha sütükler, çarwa mallary we maldarçylyk önümleri getirilipdir.

Hytaý bilen bolan söwdada *çaý, ýüpek mata, duz* we *ot* esasy orunda durupdyr. Itile, Hazara we Bulgara Mawerannahrdan we Horezmden tüwi, kakadylan miweler, süýjüler, duzlanan balyk, pagta, ýüpek matalar, mawut, parça we halylar eltilip satylypdyr. Bulgardan we Hazardan gymmatbaha sütükler, şemler, kellä geýilýän galpaklar getirilipdir.

**Pul.** Içerki bazarlarda *"fals"* diýlip atlandyrylan mis köpük, halkara söwda-satykda bolsa kümüş teňňe – *dirhemler* ulanylýardy. Mis teňňleri merkezi hökümet hem, şonuň ýaly-da, dinastiýa agzalaryndan bolan käbir welaýat häkimleri hem çykarýardylar. Kümüş teňňeler diňe hökümet başlygynyň adyndan **Merw, Samarkant, Buhara** we **Şaş**da döwlet zikgehanalarynda zikgelenýärdi.

**Ýer eýeçliginiň görnüşleri.** Samanylar hökümdarlygy döwründe ýer eýeçiliginiň **"mülki soltany", "mülk ýerleri", "wakf ýerleri", "mülki has"** we **"jemegat ýerleri"** diýlip atlandyrylýan 5 görnüşi bolupdyr.

Döwlete degişli ýerler **“mülki soltany”** diýlip atlandyrylypdyr. Hökümdar dinastiýa wekilleri, mülkdar daýhanlaryň we asylzadalaryň garamagyndaky uly-uly ýer meýdanlaryndan çekip zähmetkeş oba ilatyna degişli maýda hususy ýerlere çenli “mülk ýerleri” hasaplanypdyr. Metjit, medrese, hanagäh we medreselere wagtlaýyn ýa-da ebedi peýdalanmak üçin berlen ýerler “wakf ýerleri” diýlip atlandyrylypdyr. Şeýle görnüşlerdäki ýerlerden peýdalanýanlaryň ählisi döwlete hasylyň 1/3 möçberinde hyraç töleýärdi.

Ýokary mertebeli ruhanylar we seýitler gol astyndaky ýerler **“mülki has”** diýlip atlandyrylypdyr. Şeýle ýeňillige eýe bolan mülkdarlar döwlete köplenç hasylyň diňe 1/10 hasabynda üşr salgydyny töläpdirler. Hökümdar dinastiýa hem-de ýokary gatlak wekillerine döwletiň öňündäki hyzmatlarynyň hasabyna sowgat edilen ýerlere – **mülki ikta** ýerler diýlipdir.

Mundan daşary, oba obşinalarynda-da mälim göwrümde ýer meýdanlary saklanyp, olar **“jemagat ýerleri”** hasaplanypdyr. Olar esasan düme we dagetek ýerlerden ybarat bolupdyr.

**Ikta mülki.** **X asyr**da iri wezipeli adamlaryň döwletiň öňündäki hyzmaty üçin ýerden we suwdan ybarat uly-uly mülkler peşgeş berlip başlaýar. Şeýle mülk **“ikta”,** oňa eýe bolan mülkdarlar **“mukta”** ýa-da **“iktadar”** diýilýärdi. **Ikta** hökmünde bolsa käbir welaýat ýa-da şäherler we tümenler sowgat edilipdir. **Ikta** ilki esasan ýokary gatlak aristokratlar: dinastiýa agzalary – emirzadalara we iri wezipeli adamlara sowgat edilipdir. **Ikta mülkleri** ilki bir ömre däl, eýsem mälim möhlete berlip, nesilden nesle geçirilmändir. **Iktadarlar** özüne sowgat edilen çäklerde ýaşaýan ilatdan alynýan salgytlaryň mälim bölegini ýygyp almak hukugyna eýe bolupdyrlar.

**Barzikar-goşçular.** **IX–X asyrlar**da uly ýer eýeleri **kadiwarlary** işletmekden görä, öz ýerlerini oba obşinalarynyň kem ýerli agzalaryna kärendä bermegi makul görýärler. Şol zamanda kärendeçilere **“barzikor”** ýa-da **“goşçular”** diýilýärdi. Döwlet salgytlary (hyraç we üşr) ýer eýesinden hem, goşçulardan hem aýry-aýry alynýardy.

**Samanylar häkimiýetiniň krizisi.** Samanylaryň harby ýörüşleri, hökümdar dinastiýanyň içki gapma-garşylyklary, ýerli häkimleriň özdiýenlilik hereketleri gitdigiçe güýçlenipdir. Netijede ýurtda ykdysady krizis ýüze çykdy. Hatda harbylar, şol sanda, emiriň regulýar türk serbazlary goşunyna aýlyk tölemek üçin serişde tapylmaýar. Şeýle agyr ýagdaýdan çykmak üçin **942-nji ýylda** ilatdan iki gezek salgyt alynýar. Çäksiz tertipsizlik ýurtdaky ýagdaýy has-da ýitileşdirip, ilat dürli gatlaklarynyň häkimiýete garşy aýaga galmagyna sebäp bolýar.

Ýurtdaky syýasy ýagdaý **Nuh** (943–954) we onuň agtygy **Nuh II** (976–997) hökümdarlyk eden döwürde örän ýitileşýär. **947-nji ýyl**da ***Nuh ibn Nasyr***yň agasy **Ybrahym** pitne turuzýar. Köşk serbazlarynyň we Çaganiýanyň iri ýer-mülk eýesi **Abu Ali Çaganynyň** kömeginde **Ybrahym** Buhara tagtyny eýeleýär.

Köp wagt geçmän ***Abu Ali Çaganyny***ň özi hem hökümdara garşy pitne turuzýar. ***Nuh*** gozgalaňy güýç bilen basyp ýatyryp bilmeýär. **952-nji ýylda *Abu Ali Çaganyny*** ol ilki Çaganiýana, soňra Horasana häkim edip bellemäge mejbur bolýar. **961-nji ýyl**da Buharanyň harby esgerleriniň gozgalaňy bolýar. Gozgalaňçylar emiriň köşgüni talaýarlar we ony otlap goýberýärler. Şeýle wakalaryň ýygy-ýygydan gaýtalanyp durmagy, şübhesiz, merkezi häkimiýetiň güýçden gaçandygyny delillendirýärdi.



1. Samanylar döwründe oba hojalygynyň haýsy ugurlary ösüş gazanypdyr?
2. Hünärmentçiligiň haýsy görnüşleri ösüpdir?
3. Hany aýdyň, kerwensaraýlar näme üçin gurlupdyr?
4. Samanylar döwründe içerki we daşary söwdada nähili pul birlikleri ulanylypdyr?
5. Ýer eýeçiliginiň nähili görnüşleri bolupdyr?
6. Barzikarlar we goşçular kimlerdi?
7. Hany aýdyň, Samanylar häkimiýetini krizise getiren sebäpler nämelerden ybaratdy? Onuň öňüni almak üçin nämeleri etmek mümkindi, diýip oýlaýarsyňyz?



**Aşakdaky jedweli dolduryň: Samanylar döwletindäki ykdysady durmuş**

| Oba hojalygy | Hünärmentçilik | Daşary söwda | Pul birlikleri |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 15-§. GAZNAWYLAR

**Daýanç düşünjeler:** ***gaznawylar, Mahmyt Gaznawy, Masud Gaznawy, dolandyryş ulgamy, ylym-bilim we medeniýet.***

**Gaznawylar hökümdarlygy.** Ýurtda ýüze çykan agyr döwürde Samanylar döwletiniň türk hajiblerinden ybarat köşk goşunynyň syýasy abraýy örän güýçlenýär. Çünki harby we goranma işleri doly olaryň elindedi. Türki serkerdeleriň hyzmatlarynyň hasabyna samany emirleri aglaba zehinli leşgerbaşylary **hajib ul-hujab** ýa-da **hajib ul-buzruk** ýaly ýokary harby wezipelere belläp, olara hatda käbir welaýatlary dolandyrmak hukugyny beripdirler.

**962–963-nji ýyllar**da Gazna welaýatyny **Alptegin** naýyp we leşger emiri hökmünde dolandyrypdyr. Ol Gazna we Kabul welaýatlaryny özbaşdak dolandyrmaga çalşyp, Gaznawylar döwletini esaslandyrypdyr. Bu ýaş türki döwletiň paýtagty **Gazna** şäherinde bolupdyr. Gaznawylaryň syýasy abraýy **Sobuktegin** döwründe (977–997) artyp, samanylar tarapyndan ykrar edilipdir. **Mahmyt Gaznawy** döwründe (997–1030) bolsa onuň çägi giňelip, Gündogaryň iň güýçli döwletlerinden birine öwrülipdir. Samanylar dinastiýasy ýatyrylandan soň, **Mahmyt Gaznawy** Horasanyň çägini, soň Horezm döwletini (1017) hem öz soltanlygyna goşup alypdyr. Emma **Masud Gaznawy** döwründe (1030–1040) ýurduň welaýatlary yzly-yzyna elden giderilip, krizise duçar bolupdyr. Netijede **1186-njy ýyl**da Gaznawylar döwleti bütinleý ýatyrylýar.

**Gaznawylar döwletiniň dolandyryş ulgamy.** Gaznawylaryň döwlet düzümi we dolandyryş ulgamlary ozaldan ösüp

gelýän türki döwletlilik esasynda gurlan bolsa-da, ýöne ol özboluşly edara etmek aýratynlygyna eýedi. Wezirlik düzüminde harby, ilçilik we resmi çäreler, maliýe ýaly hem-de habar-poçta diwanlary iş alyp barypdyr. Welaýat hökümdary **waliý**, şäher häkimi **rais** diýlip atlandyrylypdyr. Welaýatda dolandyryş işleri **amid**, şäherlerde bolsa **kutwal** tarapyndan amala aşyrylypdyr. Döwlet güýçli goşuna eýedi. Goşunda harby gämiler (derýa we deňiz floti) hem bolupdyr.

**Ylym-bilim we medeniýet.** Gaznawylar döwletinde ylym-bilim we medeniýet, hususan-da, edebiýat ösüpdir. Mahmyt Gaznawy türki ene dili bilen bir hatarda pars, arap we pahlawy dillerini hem kämil bilipdir, goşgy ýazypdyr. Paýtagt köşgünde 400-den artyk alym, şahyrlar we sungat işgärleri döredijilik edipdir. **Abu Reýhan Biruny**, **Nasyr Husraw**, **Gardiýziý** we **Baýhaky** ýaly beýik akyldarlar Gaznada ýaşapdyrlar. **Biruny** *“Kanuny Masudiý”*, **Baýhaky** *“Taryhy Masudiý”* eserlerini soltan Masuda bagyşlapdyrlar. **Abul Kasym Firdöwsi** meşhur “Şanama” dessanyny ***Mahmyt Gaznawy***ga gowşurypdyr. Gaznawylar döwletinde gurluşyga we binagärçilige-de uly üns berlipdir. **Gazna**, **Balh**, **Nişapur**, **Lahur** we başga şäherlerde ençeme medreseler, metjitler, hanagähler we köşkler gurlup, kitaphanalar iş alyp barypdyr. Bagdyr çarbaglar döredilip, hususan-da paýtagt **Gazna** şäheri gülläp ösüpdir.

1. Gaznawylar döwleti nädip döräpdir?
2. Kimiň döwründe Gaznawylar döwleti Gündogaryň iň güýçli döwletlerinden birine öwrülipdir?
3. Hany aýdyň, Gaznawylar dolandyryş ulgamy öň bolan haýsy döwletleriň dolandyryş ulgamyna meňzeş?
4. Gaznawylar dolandyryş ulgamynda nähili diwanlar iş alyp barypdyr?
5. Gazna şäherinde alymlardan kimler döredijilik edipdirler?

**Aşakdaky jedweli dolduryň:**

| | Iş alyp baran döwri | Çägi | Paýtagty | Hökümdarlary |
|---|---|---|---|---|
| Gaznawylar döwleti | | | | |

## 16-§. GARAHANLYLAR

**Daýanç düşünjeler:** ***Garahanlylar döwleti, Mawerannahryň eýelenmegi, Garahanlylar döwletiniň bölünip gitmegi, Döwlet dolandyryşy, Garahytaýlaryň hüjümi, “Daýhan” adalgasynyň täze mazmuny.***

**Döwletiň döredilmegi. X asyr ortalary**nda Garlyklar *ýagmo, çigil*, *oguz* we başga taýpalar bilen ýeke-täk ýaranlyga birleşýärler. Bu uly çäkde ilkibaşda **“Hakaniýa ülkesi”** diýlip atlandyrylan döwlet döreýär. Bu döwletiň hökümdarlary “*jabgu*” diýilýän derejäniň ýerine özlerini “***garahan***”, ýagny “*beýikhan*” diýip atlandyrýarlar. **XI–XII asyrlar**da **Hakaniýa** ösüş gazanyp güýçlenensoň, ol **“Garlyk-Garahanlylar”** döwleti adyny alypdyr. Bu iri döwlet ençeme taýpalar bileleşigi esasynda döränligi sebäpli hökümdarlary ***“arslanhan”***, ***“bugrahan”*** we ***“tawgaçhan”*** derejeleri bilen aýdylypdyr. Bu üç adalga ýokary derejeli hökümdar manysyny aňladypdyr. Beýiklik ýa-da ýokarylyk bolsa gadymda türki halklarda “***gara***” sözi bilen häsiýetlendirilipdir. Şu sebäpli-de tagtda geçen ***Arslanhan***, ***Bugrahan*** we ***Tawgaçhan***lar “***garahan***” diýlip ykrar edilipdir. Olar dolandyran döwlet bolsa taryhda, soňluk bilen, simwolik ýagdaýda **“Garahanlylar döwleti”** ady bilen şöhrat gazanypdyr.

*** Garahanlylar döwleti, Hakaniýa - Gündogar Türküstan, Ýedisuw we Týanşanyň günorta eteginde dörän döwlet. Garahanlylar dinastiýasy dolandyrypdyr. Garahanlylar döwletiniň döredilmeginde garlyk, çigil we ýagmo taýpalary öňdebaryjy rol oýnapdyrlar. Esaslandyryjysy - Abdulkerim Sotuk Bugrahan (859-955).**

**Garahanlylaryň Mawerannahra hüjümi.** **992-nji ýylda Harun Bugrahan** baştutanlygyndaky garahanlylar Mawerannahra hüjüme başlaýarlar. Bu döwürde samanylar dinastiýasy çuňňur içki gapma-garşylyklaryň girdabyna düşüpdi.

Garahanlylar Buharany garşylyksyz eýeleýärler. **Nuh ibn Mansur** garahanlylara garşy göreşmek üçin Gaznadaky naýyby **Sabuktegin**i kömege çagyrýar. Ol ýigrimi müň adamly goşun bilen Mawerannahra ýetip gelýär. ***Nuh*** bilen birleşip, bir näçe söweşlerden soň garahanlylar naýybynyň goşunlary çym-pytrak edilýär. Munuň öwezine ***Nuh Sabuktegin***i Horasanyň naýyby edip belleýär. Netijede Gaznada we Horasanda ***Sabuktegin*** we ogly ***Mahmydyň*** syýasy hökümdarlygy pugtalanýar.

**996-njy ýyl**da garahanlylar Mawerannahra tarap ýene hüjüme başlaýarlar. Şeýle agyr bir şertde hyýanat ýüze çykýar. Ýagny ***Sabukteginiň*** goşuny Buharany eýeleýär. Soňra ol garahanlylar bilen gepleşikler alyp barýar. Netijede olaryň arasynda şertnama düzülip, oňa görä Syrderýa basseýni garahanlylaryň eline geçýär. ***Sabuktegin*** bolsa Amyderýadan günortadaky ýerlere, şol sanda, Horasanda hökümdar bolýar. Samanylara Mawerannahryň diňe merkezi bölegi berilýär. Ýöne köp wagt geçmän, **999-njy ýyl**da Buharanyň **Nasyr Elakhan** baştutanlygynda garahanlylar tarapyndan zabt edilmegi bilen samanylar hökümdarlygy bütinleý ýatyrylýar.

**Garahanlylar döwletiniň bölünmegi.** Garahanlylar indi Horasany hem öz döwletine goşup almak üçin hereket edýärler. Aradan köp wagt geçmän garahanlylar bilen gaznawylaryň arasynda gazaply uruşlar başlanýar. **1006-njy we 1008-nji ýyllar**da garahanlylar Horasanyň üstüne iki gezek goşun çekýärler. Ýöne ***Mahmyt Gaznawy*** garahanlylara zarba berip, Horasany öz döwletiniň garamagynda saklap galmagy başarýar.

Gaznawylaryň Seljuklar bilen ýiti göreşi başlanýar. Mundan peýdalanan garahanlylaryň ýerli hökümdary ***Ybrahym Böritegin*** **1038-nji ýyl**da Amyderýa boýy welaýatlary – **Huttalan**, **Wahş** we **Çaganiýan**y gaznawylardan çekip alýar. Köp wagt geçmän ol Mawerannahry we Ferganany özüne boýun egdirip, özbaşdak

syýasat ýöredip başlaýar. Netijede garahanlylar iki özbaşdak döwlete bölünip gidýär. Biri paýtagty **Balasagun**da bolan *Gündogar garahanlylar*, ikinjisi merkezi **Samarkant**da bolan *Mawerannahrdaky Garahanlylar döwleti*di. Bu ýeňişlerden soň ***Ybrahym Böritegin*** “*bugrahan*” derejesini alypdyr.

**Döwlet dolandyryşy**. Garahanlylar döwleti welaýatlara bölüp dolandyrýardylar. Olary **elakhan** ýa-da **takinler** (ýa-da tegin) dolandyrýardylar. Häkimleri diňe garahanlylar maşgalasynyň **elakhan** derejesine sezewar bolan agzalaryndan saýlanardy. Elakhanlar öz atlary bilen teňňeler zikgeledýär we welaýatlaryň özbaşdaklygy üçin çalyşýardylar. *Mawerannahr elakhany* garahanly elakhanlarynyň arasynda uly abraýa eýedi. Ol Samarkantda tagta geçipdir. Welaýat dolandyryş administrasiýasynda samanylar döwründäki ýaly dolandyryş edarasy bolupdyr. Şäherler bolsa şäher häkimi, raisler tarapyndan dolandyrylýardy. Garahanlylar ýurtda öz hökümdarlygyny pugtalandyrmakda musulman ruhanylary bilen ýakyn we dostlukly gatnaşyklary ýola goýupdyrlar. Bu döwürde ymamlar, seýitler, şyhlar we sadrlara üns güýçlenip, olaryň abraýy her haçankydan hem belende galypdy.

Garahanly hökümdarlar bu döwürde entek oturymly durmuşa geçmedik bolsalar-da, daýhançylyk oazisleri we şäherleriň medeni ähmiýetini gowy bilýärdiler. Olar **Balasagun, Kaşgar, Teraz, Özgen, Samarkant** we **Buhara** ýaly şäherleri döwlet ýa-da welaýat paýtagtyna öwrüp, şäherler bilen aragatnaşyk baglamaga çalyşýarlar.

**Oba hojalygyndaky ýagdaý. XI asyr**da Mawerannahra girip gelen göçme çarwadarlar daýhançylyk meýdanlaryny depeläp, aýakasty edýärler. Otluklara we ýaýlalara öwürlen ekin meýdanlary garahanlylar maşgalasynyň daýanjy hasaplanýan taýpalaryň esasy emlägine öwrülýär.

Ýerli mülkdar daýhanlar bilen göçme çarwadaryň arasynda gapma-garşylyk güýçlenip, daýhanlara garşy göreş ýitileşýär. Garahanlylaryň zor salmagy netijesinde mülkdar daýhanlar jan saklamak üçin öz ýerlerini taşlap gitmäge mejbur bolýarlar.

Garahanlylar hökümdarlygy döwründe ýerli mülkdar daýhanlar ýer-suw mülklerinden hem-de ýurtda eýe bolan syýasy ýagdaýlaryndan aýrylyp, jemgyýet durmuşynda özüniň öňki ornuny we ähmiýetini bütinleý ýitirýärler.



*** XI–XII asyrlarda "daýhan" diýen düşünje özüniň "oba häkimi"ni aňladýan asyl manysyny ýitirdi.**

**Ikta ýerleriniň giňelmegi. XI asyr**dan başlap ýerden peýdalanmakda *ikta düzgüni* örän giň ýaýraýar. Garahanlylar tarapyndan hökümdar dinastiýanyň görnükli wekillerinden daşary ýokary derejeli harbylar, döwlet gulukçylary we ýerli aristokratlara hem uly-uly ýer meýdanlary *ikta* hökmünde berilýär. *Ikta* düzgüni garahanlylar üçin boýun egdirilen ýurtlaryň ilatyndan degişli salgytlary ýygnamak dolandyrmagyň iň amatly şekli hasaplanypdyr.

Şeýdip, **XI–XII asyrlar**da Mawerannahrda we Horasanda **ikta** ýerleri giňelip, eýeçiligiň esasy görnüşlerinden birine öwrüldi.

Bu döwre gelip musulman ruhanylara bolan ünsüň güýçlenmegi we ýurtda olaryň syýasy täsiriniň barha artmagy bilen *wakf ýerleri* hem ep-esli köpelýär.

Bu döwürde *barzikarlar* irki orta asyrlardaky kadiwarlara garanda azat hasaplansalar-da, emma olaryň üstüne döwlet tarapyndan dürli salgytlar we her hili borçlar ýüklenipdi. Suwaryş pudaklaryny, bentleri, ýol we galalary gurmak we olary abatlamakda olaryň gatnaşmagy hökmandy.

**Şäherler, söwda we hünärmentçilik. XI–XII asyrlar**da şäherler giňelýär, ilat sany köpelip, olar has-da gür ilatly bolýar. **Samarkant, Buhara, Termiz, Özgen, Daşkent** ýaly şäherler içerki we daşary söwda üçin dürli-dürli hünärmentçilik önümlerini öndürän hem-de teňňeler arkaly alnyp barylýan bazar täjirçiliginiň merkezine öwrülýär. Şu döwürde gurlup, häzire çenli saklanan **Rabati Mälik**, **Metjiti kelan**, **Minorai kelan**, **Wobkent minarasy**, **Jarkorgan minarasy**, **Magoki attori metjidi** hem-de ençeme köşk, metjit, medrese, minara,

hanagäh, kümmet, üsti basyrlan bazar we kerwensaraý ýaly desgalar quriladi.

Hünärmentçilik önümleri özüniň köpdürlüligi we ýokary derejede nepisligi bilen tapawutlanýar. Bu döwürde şäherlerde, aýratynam, küýzegärçilik, çüýşeçilik, misgärlik we slesarlyk ösüş gazanýar. Hünärmentçiligiň ösmegi hem-de içerki we daşary söwdanyň giňelmegi bilen bazar täjirçiliginde pula talap artýar. Netijede kümüşden we misden köp pullar we teňňeler zikgelenýär.

**Garahytaýlar hüjümi.** Syýasy taýdan barha gowşap barýan Garahanlylar döwleti özüniň öňki ýagdaýyny ýitirip, seljuklaryň täsirine duçar bolýar we oňa tabyn bolup galýar. **XII asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyryna** gelende Garahanlylar döwleti gündogardan gelen täze basybalyjylar – göçme **garahytaýlar** (mongollara degişli taýpa) hüjümine duçar bolýar. Garahytaýlaryň hökümdary **Görhan Bolasagun** şäherini Garahytaýlar döwletiniň paýtagtyna öwrüpdir.

Ýedisuwa ýerleşip alan *garahytaýlar* tiz arada Syrderýanyň orta akymyna tarap ýörüşe başlaýarlar. Olaryň söweşjeň goşunlary ilki Şaş we Fergana, soňra Zerewşan we Kaşgaderýa welaýatyna çozup girýär. **1137-nji ýyl**da olar **Hojant** şäheriniň golaýynda garahanlylaryň elakhany **Mahmyd**a weýran ediji zarba berýärler. Özara şertnama düzülip, garahanlylardan uly töleg alnansoň, öz ýurtlaryna gaýdýarlar. Ýöne şertnama uzaga çekmeýär. Aradan dört ýyl geçensoň garahytaýlar ýene Mawerannahra ýörüş edýärler. **1141-nji ýyl**da bolup geçen söweşde *garahytaýlar* ýeňiş gazanýar. Netijede Garahanlylar döwleti ýatyrylýar.

1. Garahanlylar döwleti nähili döredi?
2. Hany aýdyň, garahanlylar Mawerannahra näçe gezek hüjüm edipdir? Olaryň netijeleri nähili gutarypdyr?
3. Garahanlylar döwletiniň ikä bölünmegi nähili geçdi?
4. Garahanlylarda döwlet dolandyryşy öňki döwlet dolandyryşlaryndan haýsy tarapy bilen tapawutlanýar?
5. “Daýhan” diýen düşünje näme üçin özüniň öňki manysyny ýitirdi?

6. Hany pikirleniň, ikta düzgüni samanylar döwründäkiden nämesi bilen tapawutlanypdyr?
7. Garahytaýlar hüjümi nähili netijä getirdi?

**Aşakdaky jedweli dolduryň:**

| Garahanlylar döwleti | Çägi | Iş alyp baran döwri | Döwlet dolandyryşy |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 17-§. HOREZM DÖWLETI WE ONUŇ ÝOKARLANMAGY

**Daýanç düşünjeler:** ***özbaşdaklyk üçin göreş, Horezmşalar döwleti, içki gapma-garşylyklar.***

**Mamunylar döwründe Horezm.** **995-nji ýyl**da Gürgenç miri **Mamun ibn Muhammet Kät** şäherini eýeläp, Horezmiň iki bölegini birleşdirýär we Horezmşa derejesine sezewar bolýar. Şeýdip *afrigiler* dinastiýasy ýok bolup, *Mamunylar* hökümdarlygy başlandy. **Köne Ürgenç** Horezmşalar döwletiniň paýtagtyna öwrüldi. Gysga döwrüň içinde Mamunylar Horezmşalar döwletini sosial, syýasy, ykdysady we medeni taýdan ösdürýärler. Ýurt *welaýata, şäherlere* we *obalara* (gala) bölünip dolandyrylýar.

***Horezmşa*** döwletiň ýokary we absolýut häkimi hasaplanýardy. **Gürgenç**de şanyň karargähi, merkezi dolandyryşy – *diwanhana* döredildi. Onuň düzüminde ekerançy, söwda-täjirçilik, maliýe, salgyt, şäherlerde we obalarda asudalygy saklamak üçin harby işler bilen meşgullanýan edaralar iş alyp barypdyr. Döwletiň iň ýokary wezipelerinden biri wezirlik – *hojaýy buzruk* derejesine eýe bolupdyr. Ol diwanhananyň işlerine jogapkär bolupdyr. Harby saparlar wagtynda hökümdaryň adyndan döwleti dolandyrypdyr.

**Özbaşdaklyk üçin göreş.** **1017-nji ýyl**da ***Mahmyt Gaznawy*** tarapyndan zabt edilip, öz özbaşdaklygyndan mahrum bolan Horezm **1040-njy ýyl**da Seljuklar döwletine tabyn bolup galýar. Seljuklar hökümdary **Mälikşa** öz gullukçylaryndan **Anuştegini**

Horezme naýyp edip belleýär. ***Anuştegin*** aradan çykandan soň Horezmde onuň mirasdüşeri **Kutbiddin Muhammet** (1097–1127) naýyplik edýär. Ol "*Horezmşa*" derejesini dikeldip, şeýle at bilen beýgeldilse-de, Seljuklar döwletiniň wepaly naýyby bolmagynda galypdy. Horezmiň özbaşdaklygy Kutbiddin Muhammediň ogly **Atsyz** (1127–1156) ady bilen baglydyr.

Ilkibaşda ***Atsyz*** türkmenleri we gypjaklary özüne boýun egdirýär. Horezm bilen ykdysady taýdan bagly bolan Syrderýanyň eteklerini we Mangyşlak ýarymadasyny eýeleýär. ***Atsyz*** Kaspi deňziniň kenarlaryndan tä Syrderýanyň orta akymyna çenli bolan ýerlerde Horezmşalar döwletiniň binýadyny gurýar.

**Horezmşalar döwletiniň döredilmegi.** ***Atsyz***yň syýasatyny onuň mirasdüşerleri **Ilarslan** (1156–1172), **Soltanşa Mahmyt** (1172) we **Tekeş** (1172–1200) dowam etdirýärler. **XII asyryň ikinji ýarym**ynda Mawerannahrda we Horasanda syýasy ýagdaý has-da ýitileşýär. **1153-nji ýyl**da **Soltan Sanjara** garşy göçme oguzlar pitne turuzýarlar. Şonuň netijesinde Seljuklar döwleti ýiti zarba duçar bolup, güýçden gaçýar.

Ilkibaşda ondan **Kiçi Aziýa** we **Kerman** bölünip gidýär. Soňra Pars, Azerbaýjan we Horasan welaýatlary özbaşdak bolýar. Şeýle syýasy ýagdaýda, şübhesiz, Horezmiň hökümdarlyk gerimi giňeldilip, onuň özbaşdaklygy has-da pugtalanýar. Horezm döwleti, aýratynam, Atsyzyň agtygy Tekeş döwründe örän giňelýär. **1187–1193-nji ýyllar**da ol **Nişapur, Raý** we **Merw** şäherlerini zabt edýär. **1194-nji ýyl**da bolsa seljuklar soltany **Togrul**a weýran ediji zarba berip, Eýrany Horezme boýun egdirýär.

**Döwlet çäginiň giňelmegi.** ***Tekeş***den soň onuň ogly **Alawuddin Muhammet** (1200–1220) hem Horezm döwletini giňeltmek syýasatyny dowam etdirýär. **1206-njy ýyl**dan başlap Mawerannahry garahytaýlaryň tabynlygyndan azat etmäge girişildi. **1210-njy ýyl**da Talas jülgesinde garahytaýlar şowsuzlyga duçar bolýarlar. Ýedisuwa çenli bolan ýerler Horezmşalar döwletiniň garamagyna geçýär.

**XIII asyryň başyn**da Horezm örän giň meýdany eýelän beýik döwlete öwrülipdi. Onuň demirgazyk günbatar we

günbatar araçägi Aral we Kaspi deňzi kenarlaryndan günorta günbatarda Yraga çenli barýardy. Günorta gündogar çäkleri Gazna welaýatyndan, demirgazyk gündogar araçägi bolsa Ýedisuw we Deşti Gypjakdan geçýärdi.

Gündogardaky bu ullakan döwletiň paýtagty **Ürgenç** şäheridi. Hökümdar ***Muhammet Horezmşa*** bolsa **“Isgenderi sany”** diýip beýgeldilipdir. Onuň köşgünde 27 hökümdar we olaryň wekilleri hemişe tabynlykda bolupdyr.

**Içki gapma-garşylyklar.** Ýurt garahytaýlar zulmundan gutulan bolsa-da, zähmetkeş ilatyň ýagdaýy ýeňilleşmedi. Tersine, horezmşalaryň harby ýörüşleri, salgyt syýasatyndaky eden-etdilik, emirleriň we gullukçylaryň jebir-sütemi ýurduň raýatlarynyň maddi ýagdaýyny gaty agyrlaşdyrýar, halk hojalygyny has-da gowşadýar. Bu, şübhesiz, şäher we oba ilatynyň Horezmşaga garşy närazylygyny artdyrdy. Netijede, **1210-njy ýyl**da Otraryň ilaty, **1212-nji ýyl**da bolsa samarkantlylar gozgalaň turuzýarlar. ***Muhammet Horezmşa*** gozgalaňlary rehimsizlik bilen basyp ýatyrýar.

Welaýat hökümdarlarynyň pitneleri, halkyň köp gatlaklarynyň närazylygy, goşunda we köşkde pitneleriň öwjüne galmagy döwletiň durnuksyz ýagdaýyny aýdyň görkezýärdi. Şonuň üçin hem bu döwlet köp ýaşamady.



1. Ýadyňyza salyň, araplaryň basybalyşlary Horezmi nähili netijelere getiripdi?
2. Hany aýdyň, nädip afrigiler dinastiýasy ýok boldy?
3. Mamunylar döwründe dolandyryş ulgamy nähili bolupdyr?
4. Mamunylar nädip öz hökümdarlygyndan mahrum boldy?
5. Horezmiň özbaşdaklygy kimiň ady bilen bagly?
6. Horezmşalar içki gapma-garşylyklaryň öňüni almak üçin nähili syýasat ýöretmelidi diýip oýlaýarsyňyz? Öz pikirleriňizi esaslandyryp beriň.

## 18-§. HOREZMŞA BILEN ÇINGIZ HANYŇ GATNAŞYKLARY

**Daýanç düşünjeler:** ***Horezm döwletiniň içerki we daşary syýasaty, ilçilik we diplomatik gatnaşyklar, Horezmşalar döwletiniň krizisi.***

**Özara ilçilik aragatnaşyklary.** Mongol urug we taýpalary güýçli döwlete birlmegii we jebisleşmegi ***Temuçiniň*** (1155–1227) ady bilen bagly. **1206-njy ýyl**da Onon derýasynyň boýunda çagyrylan mongol urug we taýpa baştutanlarynyň gurultaýynda ***Temuçin*** beýik han (koon) diýlip yglan edilýär, oňa "***Çingiz***" lakamy berilýär hem-de Mongollar döwleti esaslandyrylýar.



**Çingiz han**

***Çingiz han*** alyp baran uruşlar netijesinde Gobi çölüniň Gündogar araçäginden tä Taňrydag (Týanşan) ulgamynyň günbatar eteklerine çenli bolan welaýatlar Mongol döwleti hökümdarlygy astynda birleşdirilipdi. Indi Mongollar döwletiniň günbatar çäkleri ***Soltan Muhammet Horezmşa*** soltanlygynyň araçägine gönüden-göni utgaşýardy.

***Çingiz han*** bilen ***Horezmşanyň*** arasynda bir-biriniň güýjüni bilmäge we bu hakda maglumatlar toplamaga hereket edilýär. Iki ortada hatda ilçilik aragatnaşyklary ýola goýulýar.

Ilkibaşda, **1216-njy ýyl**da ***Çingiz hanyň*** huzuryna Horezmşa **Bahaweddin Razy** ýolbaşçylygynda öz ilçilerini iberýär. Ilçileri ***Çingiz han*** hormat bilen kabul edýär. Hatda, ilçilerden ol ***Soltan Muhammed***i Günbataryň sahypgyrany (Günbatar ýurtlaryň ýerleriniň soltany), özüni bolsa Gündogaryň patyşasy diýip hasaplaýandygyny Horezmşa ýetirmeklerini soraýar.

***Çingiz han*** gymmatbaha sowgatlar we harytlar ýüklenen uly kerwen bilen öz ilçilerini Horezme iberýär. Ilçilere horezmli söwdagär **Mahmyt Ýalawaç** başlyk edip bellenýär. Çingiz hanyň ilçilerini Soltan Muhammet **1218-nji ýylyň**

**baharyn**da Buhara şäherinde kabul edýär. Ilçiler Çingiz han Soltan Muhammedi güýçli patyşa hökmünde bilip, ony özüniň iň hormatly ogullary hatarynda görýändigini hem-de onuň bilen dostlukly şertnama düzmäge razydygyny aýdýar. Iň hormatly ogullary hatarynda görmek “mähribanlygy”, şübhesiz, Gündogar diplomatiýasynda-da “Çingiz hanyň Horezmşany özüne tabyn edip almak niýeti bar” diýen manyny aňladýardy. Özüni Isgenderi sanyý (Ikinji Isgender) diýip hasaplap ýören patyşa beýle “gelejek” asla ýakmaýardy. Horezmşa ***Mahmyt Ýalawajy*** gijesine assyrynlyk bilen öz huzuryna çagyrdýar. Ilçä horezmli bolany üçin Çingiz hana däl, eýsem Horezmşa gulluk etmegini, Çingiz han baradaky bar hakykaty aýtmagyny, soňluk bilen han karargähinde Horezmşanyň içalysy bolup galmagyny talap edýär. Çingiz han öz ilçileriniň iş netijelerinden hoşal bolýar. Çünki ***Mahmyt Ýalawaç*** Horezm döwleti we onuň patyşasy barada Çingiz hana, mongollar barada Horezmşa aýdan maglumatlaryna garanda hem köpräk maglumat toplap gaýdypdy.

**Gatnaşyklaryň ýitileşmegi.** Çingiz han iki beýik goňşy döwletleriň arasynda şertnama düzmek üçin **1218-nji ýyl**yň özünde Horezme örän uly söwda we ilçiler kerwenini iberýär. Kerwen köp mukdarda altyn, kümüş önümler, Hytaý ýüpek matalary, samyr we gunduz sütüklerini we başga her hili gymmatbaha harytlar ýüklenen 500 düýeden hem-de 450 musulman söwdagärlerden düzülipdi.

Bu ullakan söwda kerweni ýurduň paýtagty Ürgenç şäherine tarap barýardy. Emma kerwen ýolda araçäk şäher Otrarda saklanýar. Şäheriň naýyby **Gaýyrhan** (Inalçik) tarapyndan kerwen talanyp, söwdagärleriň hemmesi gyryp taşlanýar. Diňe bir düýekeş ölümden gutulýar. Ol Çingiz hanyň karargähine zordan ýetip baryp, kerweniň aýylganç kysmatyndan habar berýär.

Çingiz han Horezm gullukçylaryndan hasaplanýan Otrar naýybynyň hyýanatçylykly hereketinden örän gazaplanýar. Emma gazabyny basyp, **Ibn Kafraj Bugra**ny iki ynamly

köşk adamsynyň gözegçiliginde Horezmşanyň huzuryna ilçi edip iberýär. Çingiz han Soltan Muhammetden günäkärleri we Inalçigi tutduryp, onuň ygtyýaryna ibermegi talap edýär. Horezmşa Çingiz hanyň talabyna jogap edip ilçini öldürmegi we onuň bilen birlikde gelen iki köşk adamsynyň sakgal-murtlaryny syryp, şermende edip gaýtaryp goýbermegi buýurýar. Bu wakalar iki iň uly döwletleriň arasynda söwda aragatnaşyklary we ilçilik gatnaşyklary bütinleý kesilendigini aňladýardy. Horezmşanyň guran bu wakasy iki beýik döwletleriň arasynda uruş başlanmagyna bahana boldy.

**Horezmşalar döwletiniň krizise duçar bolmagy.** **XIII asyryň başlaryn**da Horezmşalar soltanlygy goşunynyň umumy sany Çingiz hanyň harby güýjüne garanda ep-esli köpräkdi. Horezmşanyň häkimiýeti syýasy, hususan-da, administratiw dolandyryş taýdan berk däldi. Çünki, wezipeli adamlar döwlet kyn ýagdaýa düşen wagtlarda öz wezipelerini taşlap gidip, patyşa boýun egmeýärdiler, özdiýenlilik bilen öz bildiginden çemeleşýärdiler.

Hatda käbir welaýat häkimleri Horezmşa diňe ýüzleý boýun egip, amalda özbaşdak diýen ýalydy. Munuň üstesine Soltanyň ýokary dergähiniň içinde güýçli gapma-garşylyk höküm sürýärdi. Aýratynam, **Türkan hatun**, ýagny "*türkleriň enesi*" ady bilen şöhrat gazanan Soltan Muhammediň enesi goşunyň ýokary serkerdeleri hasaplanýan gypjak aksüňkleri bilen urug-taýpa aragatnaşyklary arkaly berk baglanypdy. Ol öz taýpadaşlarynyň bähbidi ugrunda köşkde turan ähli pitnelere baştutanlyk edýärdi, hatda olarda şa garşy duşmançylyk ruhuny uýgunlaşdyrypdy.

Içki gapma-garşylyk, eden-etdilik we raýatlaryň närazylygy güýçlenip, ýurduň syýasy durmuşy krizise duçar bolupdy. Şeýle gaty howply ýagdaýy aradan aýyrmak maksadynda **Soltan Muhammet** öz hökümdarlygynyň soňunda *"Döwlet geňeşi"*ni düzýär. Geňeşe 6 sany bilimdan wekiller çekilýär. Onda iň derwaýys meseleler ara alyp maslahatlaşylyp, karar kabul edilse-de, emma ol amalda oňyn netije bermeýär. Ynha

şeýle ýagdaýda ol söweşjeň mongol taýpalarynyň Çingiz han baştutanlygyndaky basybalyşa duçar boldy.

1. Dünýä taryhyndan alan bilimleriňize esaslanyp aýdyň, Mongollar döwleti nähili emele geldi? Çingiz han haýsy goňşy döwletleri basyp aldy?
2. Çingiz han bilen Horezmşanyň ilçilik aragatnaşyklaryndan düýp maksatlary nämedi?
3. Çingiz han bilen Horezmşa aragatnaşyklary näme üçin ýitileşdi? Oýlap görüň, bu gatnaşyklaryň ýitileşmesligi mümkinmidi?
4. Nähili sebäpler Horezmşalar döwletini syýasy krizise duçar etdi?
5. Pikir ýöredip aýdyň, Horezmşa halkyň raýdaşlygyny üpjün etmek üçin nähili işleri amala aşyrmalydy?

**Aşakdaky jedweli dolduryň. Dersligiň tekstinden peýdalanmak bilen olar barada maglumat beriň.**

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Soltan Muhammet Horezmşa** | | **Mahmyt Ýalawaç** | |
| **Çingiz han** | | **Gaýyrhan** | |
| **Bahaweddin Razy** | | **Ibn Kafroj Bugra** | |

## 19-§. MUHAMMET HOREZMŞANYŇ ÝURDUŇ GORANMASYNA DEGIŞLI ÇÄRELERI WE ONUŇ NETIJESI

**Daýanç düşünjeler:** ***Goranma plany; Otrar gabawy; Buharanyň we Samarkandyň eýelenmegi; Temur Mäligiň edermenligi; Ürgenç gabawy; Nejmiddin Kubranyň edermenligi.***

**Horezmşanyň goranma plany.** ***Çingiz han*** Mawerannahr ýörüşine uly üns berip, pugta taýýarlanypdy. Entek harby ýörüş başlanmanka ol öz duşmanynyň güýji we urşa taýýarlygy barada söwdagärler arkaly toplan maglumatlary jikme-jik öwrenipdi. ***Çingiz han*** Horezmşalar döwletiniň içki gapma-garşylygyndan doly habarlydy.

Horezmşa bilen serkerdeleriň arasynda bar bolan agzalalyklar ilkibaşdan bar üstünlikden peýdalanmaga mümkinçilik bermedi. Uruş başlanmagynyň öňüsyrasynda bolan harby geňeşde olaryň

arasyndaky agzalalyk aýdyň ýüze çykýar. Geňeşde duşmana zarba bermegiň ýeke-täk planyny agzybirlik bilen kesgitlemegiň ýerine pikirler bölünip gitdi. **Soltan Muhammediň** ogly **Jelaletdin**, Hojant häkimi **Temur Mälik** ýaly serkerdeler harby güýçlerini esasy nokatlara toplap, duşmana zarba bermek barada teklip edýärler. Ýöne, Soltan uly goşuny bir ýere toplamakdan gorkýardy. Soltanyň nazarynda bir ýere toplanan goşun ony tagtdan agdaryp taşlamagy mümkindi. Şonuň üçin hem harby geňeşde soltan öz goşunlaryny dürli şäherlere bölüp goýberip, uruşda goranma taktikasyny ulanmaga karar edýär. Şeýdip ýurt uly howp astynda galýar.

**Otrar gabawy.** **1219-njy ýylyň güýzünde *Çingiz han*** Horezmşa garşy ýörüşe başlaýar. ***Çingiz han*yň** otrarlylardan öji barlygyndan mongollar goşuny ilki Syrderýanyň boýunda ýerleşýän **Otrar** şäheriniň üstüne ýörüş edýär. **Otrar** berk galaly araçäk şäherdi. Galanyň naýyby **Gaýyrhan** (Inalçik) we serkerde **Garaça Hajib** baştutanlygynda mongollara garşy söweş edýärler. Çeşmelere görä, Otrar gabawy **5 aý** dowam edipdir. Otrar goranmasynyň iň agyr wagtynda **Garaça Hajib** öz goşuny bilen şäheriň derwezesinden çykyp, mongollara boýun egipdir. Ýöne hyýanatçylary mongollar hem aýamaýar. Olar **Garaça Hajib** we onuň esgerleri öldürilýär.

**Gaýyrhan** özüni Çingiz hanyň söwdagärlerini we serdarlaryny öldürende günäkär saýyp, soňky demine çenli duşmana garşy göreşýär. Onuň ýolbaşçylygyndaky goranmaçylaryň bir bölegi Otrar arkyna ýerleşip, goranmany ýene bir aýa çenli dowam etdirýärler. **Gaýyrhan** gurşawa alnyp, ýesir alynýar we Samarkanda eltilip, gynap öldürilýär.

**Buhara pajygasy**. **1220-nji ýylyň fewralyn**da ***Çingiz han*** musulman gündogaryndaky iri medeni merkez bolan Buharanyň üstüne goşun taşlaýar. Buhara gabawy **12 gün** dowam edýär. Buhara duşmanyň güýjüni gaýtarmaga taýýar däldi. **1220-nji ýylyň 16-njy fewralyn**da mongollar tarapyndan Buhara eýelenip, talanýar. Hasapsyz hazynalar talanýar, asyrlar golýazma eserleri, mukaddes kitaplar ýyrtylyp, oda taşlanýar. Ylym we magaryf eýeleri bolan ulamalar we şhlar mongol

söweşijilerine hyzmatkärlige berilýär. ***Çingiz hanyň*** emri bilen Buhara ýakyp goýberilýär.

**Samarkant söweşi**. Buhara eýelenensoň, **1220-nji ýylyň mart aýyn**da mongollar Mawerannahryň iň meşhur we iri şäheri bolan Samarkanda tarap ýol alýar. ***Çingiz han*** şäherden daşarda ýerleşýän **Göksaraý** köşgünde durup şäheri gabamak işine ýolbaşçylyk edýär. Şäheriň bosagasynda üç gün gazaply söweşler dowam edýär.

Üç günlük berk garşylykdan soň, ***Çingiz han*** hile ulanmaga mejbur bolýar. Kangly goşunlaryna ol şäher alnansoň amanlyk wada edýär. Olar boýun bolup, şäher talanansoň, 30 müňlük Kangly goşuny galan goraýjylary hem gyryp taşlanýar. Samarkant mongollar tarapyndan eýelenensoň, Buhara ýaly weýran edilip, ýakyp goýberilýär.

**Temur Mäligiň edermenligi.** **Hojant** şäheri Syrderýa ikä bölünen ýerde ýerleşýärdi. Onuň tebigy ýerleşişi hem-de şäher häkimi **Temur Mäligiň** gahrymançylygy bilen hojantlylar mongollara garaşylmadyk garşylyk görkezýärler. Hojant şäheriniň goraýjylary **Temur Mäligiň** baştutanlygynda baryp **bir aýyň** dowamynda öz şäherini goraýarlar. Ahyrynda alaçsyz galanda oduň içinde galan şäher galasyny müň adama ýakyn batyrgaý terk edip, **Temur Mälik** bilen Syrderýanyň arasyndaky adada ýerleşip, duşman bilen mertlerçe söweşýärler. Ahyrynda, mahsus gämileri ýasap, derýanyň akymy boýunça, Horezme tarap ýüzüp gidýärler. Ýol ugruna duşman bilen söweşýärler.

Halk gahrymany **Temur Mäligiň** mundan soňky watanperwerlik edermenligi Horezmiň we ene-ýurdunyň başga çäklerini goraýjylarynyň hatarynda geçdi.

Syrderýa (Seýhun) basseýni, Zerewşan we Kaşgaderýa jülgeleri, Amyderýanyň (Jeýhun) orta akymynyň sag kenaryndaky welaýatlar zabt edilensoň, ***Çingiz han*** esasy güýji Horezmşalar döwletiniň merkezi bölegi – Horezme taşlaýar.

**Ürgenç gabawy**. **1221-nji ýylyň başl**arynda Çingiz hanyň goşunlarynyň Ürgenje ýörüşi başlandy. Horezmşalar paýtagtynda horezmlileriň 110000 adamly goşuny durýardy.

Ürgençliler duşmanyň harby güýjüniň we bronly ýaraglarynyň üstünligine seretmezden öz ene şäherini **ýedi aý** goraýarlar. Bu söweşlerde döwrüniň beýik alymy şyh **Nejmiddin Kubra**nyň ady bilen şöhrat gazanan 76 ýaşly **Ahmet ibn Omar Hiwakiý** öz dost-şägirtleri we yzdaşlary bilen gatnaşýar. Ol öz şägirtlerini duşmana garşy göreşe ylhamlandyryp durýar. **Nejmiddin Kubra**nyň haýýş edip *"Ýa Watan, ýa şöhratly ölüm"* diýip aýdan çagyryşy ýolbaşçylygynda her bir mähelle, köçe, güzerdir söwda hatarlary, metjitdir medreseler we her bir maşgala söweş meýdanyna öwrülýär. Köçe söweşlerinde müňlerçe mongol esgerleri heläk bolýar. Mongollar tä şu wagta çenli Mawerannahryň hiç bir şäherinde beýle derejede gurban bermändiler.

***Çingiz han Nejmiddin Kubra***a ähli emeldarlary, ähli ýar-dostlary bilen şäheriň daşarsyna çykyp, jan saklamagy teklip edipdir. Emma şyh ***Çingiz hanyň*** teklibini ret edip, *"şu toprakda doglupdyrys, şu toprakda öleris!"* diýen eken. Netijede san taýdan deň bolmadyk duşman bilen alnyp barylan gazaply söweşde agyr ýaralanan **Nejmiddin Kubra** ölümiň öňünde tyg tutan mongol serbazyna taşlanyp, gahrymanlarça heläk bolýar. Söweşiji mongollar jansyz şyhyň elinden baýdagy çekip alyp bilmändirler.

Mongollar hile ulanyp hem görüpdirler. Bir çopana 100-150 goýun, geçi berip, şäheriň derwezesiniň ýanyndan sürüp geçmegi buýurýarlar. Özleri bukuda durýarlar. Aç galan ilat derwezeden çykyp süriniň yzyndan kowýarlar. Şäherden ep-esli uzaklaşyp galanlarynda mongollar olara hüjüm edýärler. Ençeme adam öldürilýär. Mongollar galan ilaty kowup gelip şähere girip söweşýärler. Ýöne, şäheriň goraýjylary mongollary şäherden kowup çykarmagy başarýarlar. Soňluk bilen bialaç haldan taýyp, boýun bolan **Ürgenç** basybalyjylar tarapyndan talanýar. Ýüz müň sany görnükli sungat, hünär işgärlerini, ýaş çagalary we aýallary aýry alyp, Mongoliýa iberýärler. Galan halky şäherden kowup çykaryp, esgerlere 24 sanydan bölüp berýärler. Mongol söweşijileri ýüz müň adamdan artykdy.

Şäheriň baş germew bendi bozup taşlanýar. Ürgenji suw basyp weýran bolýar.

*** Nejmiddin Kubra (1145-1221) – beýik şyh, sopuçylygyň görnükli wekillerinden biri, kubrawiýlik tarykatynyň esaslandyryjysy. Onuň lakamy "diniň beýik ýyldyzy" manysyny berýär. Kubranyň keramat görkezmek, wakalary öňünden bilmek, ýiti nazary bilen täsir edip bilmek aýratynlygyna eýe ynsan bolandygy barada rowaýatlar ýaýrapdyr. Goja şyh we danyşment adamyň mongollara garşy söweşdäki gahrymançylygy, edermenligi nesillere görelde bolup galdy. Kubranyň şahsy we onuň mirasy Özbegistanda garaşsyzlyk mynasybetli öwrenilip başlandy. 1995-nji ýylda Özbegistanda Nejmiddin Kubranyň doglan gününiň 850 ýyllygy bellendi.**

1. Horezmşa näme üçin goranma planyny makul tapdy? Ol nähili plandy?
2. Siz Muhammet Horezmşa tutan ýoluny nähili bahalaýarsyňyz?
3. Çingiz hanyň hüjümi haçan we nireden başlandy?
4. Nejmiddin Kubranyň "Ýa Watan, ýa şöhratly ölüm" çagyryşynyň manysyny düşündiriň.

**Aşakdaky jedweli dolduryň. Şäheriň mongollara garşy goranmasy.**

| Şäherler | Goranmanyň guralyşy | Näçe möhlet goranyldy | Netijesi |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 20-§. JELALETDIN MENGUBERDINIŇ HOREZMIŇ TAGTYNA GEÇMEGI

**Daýanç düşünjeler:** ***Menguberdiniň edermenligi,*** **Perwan söweşi,** ***Sind derýasynyň boýundaky söweş. Basybalyş netijeleri.***



**Jelaletdin Menguberdi**

**Jelaletdin Menguberdiniň edermenligi.** Buhara, Samarkant, Hojant ýaly beýik şäherleriň elden giderilmegi Muhammet Horezmşany lerzana salýar. Ol indi günorta günbatar çäklere çekinip başlady. Horezmşa ýekelenip galyp, köp ynamly emirleri hyýanat etdiller. Ondan Gunduz we Badahşan welaýatlary häkimleri ýüz öwürdi. **1220-nji ýylyň aprelin**de Muhammet Horezmşa Nişapura gelýär. Emma, ony mongollar yzarlaýandygyny eşidip, birnäçe şäherlerde we galalarda gizlenip gezýär. Hiç ýerde ony gowy garşy almaýarlar. Ahyry Kaspi deňzindäki **Aşura adasyn**da ogly Jelaletdini tagt mirasdüşeri edip belläp, **1220-nji ýylyň dekabryn**da aradan çykýar.

Mawerannahryň esasy şäherleri eýelenensoň, mongol söweşijileriniň basybalyjylykly ýörüşi Amyderýanyň günortasyndaky iri söwda we medeniýet merkezleri: **Balh, Hyrat, Merw** we **Gazna** ýaly şäherlere ýönelýär. Emma bu welaýatda olar **Jelaletdin Menguberdini**ň berk garşylygyna duçar bolýarlar. Bu ülkede ol güýçli leşger toplaýar.

Jelaletdin **Weliýan galasy**ny gabaýan mongol goşunlaryna garşy hüjüm edip, olary derbi-dagyn edýär. Bu Jelaletdiniň duşmanyň üstünden gazanan ilkinji iri ýeňşidi.

***Çingiz han Jelaletdin Menguberdä*** garşy **Şiki Hutuhu** naýany 45 müňlük goşun bilen iberýär. Gaznanyň golaýyndaky **Perwan** sährasyndaky söweşde ***Jelaletdin*** ýeňiş gazandy. Ýöne ýeňişden soň ele alnan oljalary paýlanda Jelaletdiniň leşgerbaşylarynyň arasynda özara närazylyk başlanýar. Netijede leşgerbaşylardan **Saýfuddin Agrak, Azam Mälik** we

**Muzaffar Mälikler** goşundan bölünip gidýärler. Jelaletdiniň olary gaýtarmak üçin eden işleri peýda bermeýär. Bu wakadan soň Jelaletdiniň harby güýji gowşaýar. Pursatdan peýdalanan ***Çingiz han*** **Gazna** esger çekýär we bölünip çykanlary aýry-aýry çym-pytrak edýär. ***Jelaletdin*** deň bolmadyk söweşler alyp baryp, **Sind** (Hind) derýasynyň kenarlaryna ýakynlaşýar. Derýanyň boýunda **1221-nji ýylyň 25-nji noýabryn**da iki arada gaty söweş bolýar. ***Jelaletdin Çingiz han*** goşunynyň öňdäki hataryny ýeňýär. Mongollaryň bukulara goýlan 10 müň sany saýlanan esgeri söweşi tamamlaýar. ***Jelaletdin*** boýun egmegi islemän atda **Sind** derýasyna böküp, aňry kenara ýüzüp geçýär. Onuň bilen birlikde onuň dört müň adamlyk esgeri hem derýadan geçýär. Häzirki wagtda hem bu derýanyň bir tarapy *"At bökdi"*, aňry tarapy *"Çöli Jelaly"* diýlip atlandyrylýar. ***Jelaletdin***iň edermenligine haýran galan ***Çingiz han*** ony yzarlamak pikirinden gaýdýar. Hatda, ol ogullaryna garap: *"Ata ogul ynha şeýle bolmalydyr",* – diýen eken. ***Çingiz han*** muňa çenli hiç bir şa, hökümdara ýa-da serkerdä ykrar bolmandy we hiç kimi özüne mynasyp bäsdeş hasaplamandy.

**Mongol basybalyşlarynyň netijeleri.** Mongol basybalyşlary netijesinde Mawerannahryň we Horezmiň gülläp duran abat daýhançylyk welaýatlary heläkçilige duçar boldy. Gür ilatly we öwadan şäherler, aýratynam, **Buhara, Samarkant, Ürgenç, Merw, Banokat, Hojant** we başgalar haraba öwrüldi. Merw oazisiniň suwaryş pudaklarynyň baş bendi – meşhur **Soltanbent** bozup taşlandy.

Samarkantlylar öz ene şäherlerini terk edip çykyp gitdiler. Merwiň ilaty bolsa suwsuzlykdan gurap barýan obalary taşlap, özge ýerlere baryp ýerleşýär. Ürgenç suwuň aşagynda galyp, bütinleý weýran edildi. Horezmiň we Mawerannahryň ekerançy ilatynyň sany ýiti kemelmegi netijesinde ekin meýdanlary has gysgalyp, daýhançylyk krizise duçar bolýar.

Ökde hünärmentler ýeňijileriň ýurduny abat etmek üçin mejburlap Mongoliýa iberilýär. Bütin Gündogarda şöhrat

gazanan gural-ýarag ýasamak, nepis ýüpek matalary dokamak, nagyşly çüýşeçilik hünärmentçiligi ýok edilýär.

Asyrlaryň dowamynda Hytaýdan we Hindistandan Türküstan arkaly Kiçi Aziýa we Ýewropa tarap kesip geçýän meşhur Ýüpek ýoly mongollar basybalyşlary döwründe bütinleý hereketsiz galdy. Bu döwürde ylym-bilime örän uly zyýan ýetirildi.



*** Jelaletdin Menguberdi (doly ady Jelaletdin ibn Alawuddin Muhammet) (1198-1231) – Horezmşalar döwletiniň soňky hökümdary (1220-1231), ökde serkerde. Anuşteginilerden. Jelaletdin burnunda haly (mank) bolany üçin Mankburny ady bilen atlandyrylypdyr. Soňluk bilen bu at başgaça aýdylyp “Menguberdi” ady bilen meşhur bolupdyr.**

*** Perwan söweşi (1221) – Jelaletdin Menguberdiniň mongol basybalyjylaryna garşy alyp baran söweşlerinden biri. Perwan söweşi mongollaryň bu uruşdaky iň uly şowsuzlygy bolupdyr. Mongollar basyp alan köp şäherlerde halk gozgalaň turzup mongol naýyplaryny öldüripdirler.**

*** Sind derýasynyň boýundaky söweş – Jelaletdin Menguberdiniň we Çingiz hanyň goşunlarynyň arasyndaky söweş (1221-nji ýyl 25-nji noýabr). Söweşde Çingiz hanyň goşunlary ýeňiş gazandy.**



1. Jelaletdini nähili güýç edermenlige ündäpdi?
2. Muhammet Horezmşa waliahd başga ogly bellenendigine seretmezden, tagty Jelaletdine bermeginiň sebäbi nämedi?
3. Niredäki söweş Jelaletdiniň duşmanyň üstünden gazanan ilkinji iri ýeňşidi?
4. Perwan söweşinden soň näme üçin Jelaletdiniň harby güýji gowşady?
5. Sind derýasynyň boýundaky söweş barada aýdyp beriň.
6. Mongol basybalyşlary nähili netijä getirdi?

**Aşakdaky jedweli dolduryň. Jelaletdin Menguberdiniň eden söweşleri we olaryň netijesi.**

| Söweşleriň ady | Netijesi |
|---|---|
| | |

## 21-§. JELALETDIN MENGUBERDI ÖKDE SERKERDE

**Daýanç düşünjeler:** ***Jelaletdin döwleti, Basranyň golaýyndaky söweş, Azerbaýjanyň zabt edilmegi, içki gapma-garşylyklar.***

**Jelaletdin döwletiniň döredilmegi.** Jelaletdin Sind derýasyndan ýüzüp geçenden soň galan söweşijilerini toplap, Demirgazyk Hindistanyň çägindäki birnäçe döwletleriň hökümdarlary bilen aragatnaşyk ornaşdyrmaga hereket edýär. Ýöne, Şatra welaýatynyň hökümdary Jelaletdin Menguberdiniň agyr ýagdaýyndan peýdalanyp, oňa garşy hüjüm edýär. Bu söweşde ýeňiş gazanan Jelaletdin Menguberdä Şatra hökümdarynyň müň sany atly we bäş müň sany gowy ýaraglanan söweşijileri boýun egýärler we onuň tarapa geçýärler. Bu üstünlikden soň, daş-töwerekdäki täze güýçler Jelaletdine gelip goşulýarlar. Deli soltany ***Şamsuddin Eltutmyş*** Horezmşa şeýle hat ýollaýar: "*Seniň yzyňda yslamyň duşmany durany syr däl. Sen bütin musulmanlaryň soltanysyň. Men şeýle wagtda saňa garşy bolmagy islemeýärin. Tagdyr elinde saňa garşy ýarag bolmagyny islemeýärin. Men ýaly adam seniň ýaly adama garşy gylyç göterilmegi bagyşlanmaýan ýagdaýdyr!*"

Şeýdip, ***Jelaletdin Menguberdi*** Demirgazyk Hindistanda döwlet gurýar. Soltan öz ýagdaýyny dürseýär, oňa tabyn hindi mülklerinde onuň ady hutba goşup okalypdyr. Öz adyndan kümüş we mis teňňeler zikgeledip, salgytlar girizýär. Ýöne Hindistanyň uly-kiçi hökümdarlary Horezmşanyň güýçlenip gitmeginden gorkýardylar. Olar özara dil düwşüp ***Jelaletdin Menguberdä*** garşy ýaranlyk düzmekçidikleri aýan bolýar. ***Jelaletdin Menguberdi***niň iki leşgerbaşysy ***Ýazidak*** pahlawan we ***Sunkurjik*** hyýanat edip ***Eltutmyşyň*** tarapyna geçýärler. ***Jelaletdin Menguberdi*** Hindistanda üç ýyl hökümdarlyk edýär. Ol Hindistanda berk ornaşmagyň, ýaranlykçylary tapmagyň kyndygyny aňyp, **1224-nji ýyli** bu ýerde öz naýyplaryny belläp, özi bolsa Yraga ýol alýar.

**Eýrandaky we Kawkazdaky ýeňişler.** ***Jelaletdin*** öz

goşuny bilen ilki Kirman, soň Şiraz we Yspyhana baryp, ýerli hökümdarlar bilen ylalaşyp, biraz pugtarak güýje eýe bolýar. Emma bu ýerler inisi ***Gyýasiddine*** degişli bolanlygy üçin ol agasynyň gelmeginden närazydy. ***Jelaletdin***iň gelmegi ýerli ilat tarapyndan gowy garşy alnypdyr, çünki ***Gyýasiddin*** döwründe özdiýenlilik we zor salma öwjüne çykypdy.

Şeýdip, Kirman, Pars, Yspyhan Horezmşa tabyndygyny mälim edip, umumy duşman – mongollara garşy göreş islegini bildirýärler. ***Jelaletdin*** bu ýerlerde birleşen döwlet düzmäge girişýär.

***Soltan Jelaletdin,*** bir tarapdan, güýçli döwlet dikeldilýänliginden, ikinji tarapdan, Tabarystan, Damask, Müsür hökümdarlary onuň bilen gowy gatnaşyklary ýola goýýalygyndan hoşaldy. Indi olar bilen ýaranlyk düzüp, uly goşun düzüp, Çingiz hana garşy ýörüş etmek mümkindi. ***Jelaletdin*** bu ýörüşe umumy ýolbaşçy bolmagy oýlap, Bagdat halyfasy ***Nasyr***a hat ýollaýar. Ol halyfany umumy duşman – mongollara garşy göreşe ündeýär.

Emma şol döwürdäki Bagdat halyfasy öňküsi ýaly güýje eýe bolman, egoist we kemakyl hökümdardy. Halyfa yslam älemine apat ýagdyrýan mongollardan däl, eýsem Horezmşanyň güýçlenip gitmeginden gorkýardy. Bagdat halyfasy barha güýçlenip barýan soltan ***Jelaletdin Menguberdiniň*** güýjüni gowşadyp, onuň ýaranlykçylarynyň arasyna ýara salmak syýasatyny tutýar. Halyfa ***Nasyr*** bu ýolda ýaragly göreşden hem gaýtmaýar. Onuň ***Jelaletdin Menguberdä*** garşy iberen 20 müňlük goşuny **Basranyň** golaýyndaky söweşde derbi-dagyn edilýär. Bu ýeňişden soň ***Jelaletdin Menguberdi*** Azerbaýjana tarap ýörüş edýär.

Azerbaýjanyň hökümdary ***Özbek*** keýpi-sapa berlip döwlet işlerini öz halyna taşlap goýupdy, döwleti amalda onuň aýaly ***Melike hatun*** dolandyrýardy. Mundan daşary, hökümdar ilaty Gürjüstanyň goşunynyň talaňçylyk ýörüşlerinden gorap bilmän durdy. **1225-nji ýylyň maýyn**da ***Jelaletdin Menguberdi*** **Maroga** şäherini söweşsiz eýeleýär. **Töwriz** we **Gazna** hem Horezmşa boýun egýär. Azerbaýjanyň ilaty Horezmşanyň

keşbinde özüni gürjüleriň zulumyndan azat ediji halasgäri hasaplaýarlar. Gürjüler köpden beri Azerbaýjany talýaýardy, olara garşy çykýan güýç tapylmazdy. Indi Azerbaýjanyň halky ***Jelaletdiniň*** keşbinde kuwwatly güýje eýe bolupdy. Jelaletdin Horezmşa Azerbaýjan harby ýörüşler üçin amatly ýerde ýerleşýänligi üçin bu ülkäni öz döwletiniň merkezi hökmünde saýlaýar. **Töwriz** şäherini täze gurlan döwletiniň paýtagtyna öwürýär.

Azerbaýjan eýelenensoň, ***Jelaletdin Menguberdi*** öz goşunyny Gürjüstana tarap sürýär. **1225-nji ýylyň awgustyn**da *Garni galasynyň* golaýynda gürjüleriň 60 müňlük goşunyny derbi-dagyn edýär we Tiflise tarap ýöreýär. **1226-njy ýyl**da Gürjüstan doly eýelenýär.

Azerbaýjan, Şirwan (Ermenistan) we Gürjüstan Horezmşa eline geçensoň, mongollar Yspyhan şäheriniň ýanynda peýda bolýar. **1227-nji ýylyň sentýabryn**da Yspyhanyň golaýynda ***Jelaletdin Menguberdi*** mongollaryň ***Taýnol noýan*** baştutanlygyndaky goşunyny ýeňýär. ***Taýnal noýan Jelaletdin Menguberdini*** söweşdäki mertligine haýran galyp "*Döwrüniň hakyky bahadyry eken, öz deň-duşlarynyň serweri eken*", diýipdir.

**Içki gapma-garşylyklar.** ***Jelaletdin Menguberdi***niň Koniýa, Jazira, Damask we Müsür hökümdarlaryna namalar ýazyp, olary mongollara garşy göreşmek ugrunda birleşdirmek ugrundaky tagallalary biderek gidýär. Soltan ***Jelaletdin Menguberdi***niň ösüp barýan ýagdaýy Bagdat halyfasyny, Müsür, Damask we Jazira hökümdaryny alada goýup başlaýar. Içki pitneler we hyýanatlar başlanýar. Üstesine-de Koniýa soltany ***Alouddin Kaýkubad*** oppozision güýçleri ***Jelaletdin Menguberdä*** garşy birleşdirmegi başarýar.

***Jelaletdin***iň inisi ***Gyýasiddin Pirşa*** birinji bolup hyýanat ýoluna geçýär. Ol öz leşgerleri bilen agasynyň karargähini terk etdi. ***Gyýasiddin*** agasyna hasadi qözg'ab, özi özbaşdak döwlet döretmek we ***Jelaletdin*** ýaly şöhrat gazanmak isleýärdi. Ol Kirman häkimi tarapyndan ele alnyp, öldürilýär.

Mongollar şu wakadan soň, Jelaletdiniň döwletiniň olar oý-

lan ýaly güýçli däldigini aňyp, onuň bilen şertnama düzmek pikirinden gaýdýarlar. Azerbaýjana we Gürjüstana tarap talaňçylykly ýörüşlerini başlap goýberýärler.

***Jelaletdin***iň baş weziri ***Şarofulmülk*** soltana pitne gurap başlaýar. Onuň Jazira we Koniýa hökümdarlaryna Jelaletdinden häkimiýeti çekip almakda medet sorap ýazan haty ***Jelaletdin***iň eline düşensoň, ol tussag edilip, öldürilýär.

**1230-njy ýylyň awgustyn**da Koniýa, Jazira, Damask we Müsüriň birleşen goşunyndan ***Jelaletdin Menguberdiniň*** güýçleri Arzinjanyň golaýyndaky söweşde şowsuzlyga duçar bolýar. ***Jelaletdin Menguberdin***iň güýçden gaçmagyndan peýdalanan mongollar uly goşun bilen **1231-nji ýyl**da Azerbaýjana çozup girip, ***Jelaletdin Menguberdi***ni yzarlaýarlar. Mongollar onuň karargähine guralan gijeki hüjüm netijesinde ***Jelaletdin Menguberdi***niň az sanly goşunyny derbi-dagyn edýärler, ***Jelaletdin Menguberdi***ni özi bolsa yzarlamadan gutulyp Kürdüstan daglaryna çykyp gidýär. Bu ýerde garakçy kürtleriň eline ýesir düşüp, pajygaly heläk bolupdyr.

Bary-ýogy otuz üç ýyl ömür gören, emma ady illerde meşhur bolan, Çingiz hany lal galdyran, öz ýurduny biçak söýen ahyrky Horezmşa ***Soltan Jelaletdin Menguberdi*** ýagty dünýäden göz ýumýar. Onuň ady asyrlaryň dowamynda nesiller üçin edermenlik we mertlik, watanperwerlik simwoly bolup gelýär.

***Soltan Jelaletdin***iň ýaşan döwründe mongollar Orta Gündogary basyp alyp bilmeýärler. Bu waka ep-esli soň – **1256-njy ýylda** bolup geçýär. ***Jelaletdin Menguberdi*** on bir ýylyň dowamynda mongollary diňe bir Orta Gündogara däl, eýsem Gündogar Ýewropa hem geçirmeýär.

1. Jelaletdin Menguberdi Demirgazyk Hindistanyň çägini nädip eýeleýär?
2. Hany aýdyň, näme üçin Jelaletdin Menguberdi Hindistandan gitmegi karar edýär?
3. Näme üçin Bagdat halyfasy mongollara garşy göreşmekden görä Jelaletdin Menguberdä garşy göreşmäge ymtylypdyrlar?

4. Azerbaýjana we Gürjüstana garşy harby ýörüşleriň sebäpleri nämelerden ybaratdy?
5. Jelaletdin döwletinde näme üçin içki gapma-garşylyklar gelip çykypdyr? Siziň pikiriňizçe, onuň öňüni almak mümkinmidi?

## 22-§. JELALETDIN MENGUBERDI WATAN GAHRYMANY

**Daýanç düşünjeler:** ***Jelaletdin Menguberdi barada döredilen taryhy eserler; Garaşsyzlyk ýyllarynda Jelaletdin Menguberdiniň doglan gününiň 800 ýyllygynyň giň bellenmegi.***

**Taryhy-çeper eserlerde Jelaletdin Menguberdi tymsalynyň döredilmegi.** Anuşteginiler dinastiýasy dolandyran Horezmşalar döwletiniň (1097–1231) köp ýyllyk taryhy şol döwrüň musulman taryhçylary tarapyndan ýazylan ençeme eserlerde öz şöhlelenmesini tapypdyr. Olar esasynda şu dinastiýanyň soňky wekili, beýik serkerde ***Jelaletdin Menguberdi*** hökümdarlygyny, onuň mongol basybalyjylaryna garşy gahrymançylykly göreşini hem-de Günbatar Aziýa çäklerindäki alyp baran işlerini görmek mümkin. Bu çeşmeleriň arasynda Jelaletdin Menguberdiniň şahsy kätibi (katib al-inşo), taryhçy ***Şihabiddin ibn Ahmet an-Nasawy*** galamyna degişli "*Syrat as-soltan Jelal ad-Din Meňburny*" ("Soltan Jelaletdin Menguberdininiň terjimehaly") atly eser aýratyn orun tutýar.

Nusaý (Niso) welaýatyndaky galalardan biriniň eýesi bolan ***Nasawy*** **1224-nji ýyl**da hyzmat boýunça Yraga barýar we şol ýerde ***Soltan Jelaletdin***iň hyzmatyna girýär. Şondan başlap ol Jelaletdiniň ynamly köşk adamsynyň birine öwrülip, tä **1231-nji ýyla çenli**, ýagny Jelaletdin aradan çykýança onuň bilen bile bolýar.

***Nasawy*** öz gahrymanyny ýakyndan bilipdir, eserinde beýanyny tapan waka-hadysalarynyň aglabasynda gönüden-göni gatnaşan ýa-da şaýat adamlaryň habarlaryna daýanypdyr, iň möhümi, halys we hakyky pikir bildiripdir, bular eseriň ylmy gymmatyny hem-de ynançlylyk derejesini artdyrýar. Awtor öz

eserini ýazmaga Jelaletdin aradan çykandan 10 ýyl geçenden soň **1241-nji ýyl**da girişipdir.

***Jelaletdin Menguberdi*** barada ***Şihabiddin Muhammet an-Nasawy*** özüniň eserinde şeýle ýazýar: "*Jelaletdin garaýagyz, orta boýly, türki keşpli we türki dilde gepleýän adamdy, şunuň bilen birlikde pars dilinde-de gepleşip bilýärdi. Ol mert, edermen bolup, şirleriň arasynda iň zor şirdi, batyrgaý çapyksuwar, leşgerleriň arasynda iň batydy. Ol ýuwaş, my-laýym adamdy, gaharjaň däldi, äsgermezlik etmeýärdi. Ol örän agrasdy, gülmeýärdi, diňe ýylgyran bolýardy, kem geplärdi. Ol hakykatçylygy, adalaty ileri tutýardy*".

Möhüm çeşmelerden ýene biri meşhur taryhçy ***Ibn al-Asyr***yň "*al-Komil fit-taryh*" ("*Taryh barada kämil kitap*)" eseridir. "*Al-Komil fit-taryh*" Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlary taryhynyň yslam ýaýramagyndan tä 1231-nji ýyla çenli bolan döwür barada maglumat berýän iň gymmatly çeşmelerden biri hasaplanýar. Awtor Jelaletdiniň işlerine giň orun berýär we köplenç özüniň möhüm we anyk maglumatlary bilen başga çeşmeleri duýarly derejede üstüni ýetirýär.

***Jelaletdin Menguberdi*** barada taryhçy we iri döwlet işgäri ***Alauddin Atomälik Juweýniý*** tarapyndan ýazylan "*Taryhy jahankuşaý* " ("*Jahan boýun egdirijisiniň taryhy*") eseri möhüm çeşmelerden biri hökmünde ykrar edilen. Mundan daşary, ***Mirhand*** "Rawzat us-safo", ***Mürze Ulugbeg***iň *"Taryhy arba' ulus"* (Dört ulus taryhy) eserlerinde ***Jelaletdin Menguberdi*** barada maglumatlar ýazyp galdyrylypdyr. Ol baradaky maglumatlar, şonuň ýaly-da, Hytaý, mongol, ermeni we başga dillerdäki çeşmelerde hem duşýar.

Meşhur şahyr we edebiýatçy ***Maksud Şaýhzada*** **1944-nji ýyl**da "*Jelaletdin Menguberdi*" taryhy dramasyny ýazypdyr. Ýazyjy eserinde öz ýurdunyň azatlygy we özbaşdaklygy üçin mongol basybalyjylaryna garşy göreşen soňky Horezm şasynyň söweşjeň edermenligini taryhy taýdan anyk we hakyky suratlandyrypdyr. Ýöne, öňki sowetler döwründe Jelaletdin Menguberdiniň serkerdeligi we onuň Watan azatlygy üçin alyp baran göreşi bir taraplaýyn ýa-da umuman pikir bildirilmezdi.



**"Jelaletdin Menguberdi" ordeni.**

**Garaşsyzlyk ýyllarynda Jelaletdin Menguberdiniň adynyň dikeldilmegi.** Özbegistanyň hökümeti **1998-nji ýyl**da Jelaletdin Menguberdiniň mongol basybalyjylaryna garşy göreşde görkezen misli görülmedik edermenligi, Watana we öz halkyna wepalylyk we çäksiz söýgüsini gadyrlamak we onuň parlak ruhuny ebedileşdirmek maksadynda "Jelaletdin Menguberdiniň doglan gününiň 800 ýyllygyny bellemek barada" karar kabul etdi. Karara görä, onuň ýurdy Horezmde Jelaletdin Menguberdä heýkel ornaşdyryldy, iri köçelere, meýdanlara, jemgyýetçilik kärhanalaryna we başgalara onuň ady dakyldy. Jelaletdin Menguberdiniň doglan gününiň 800 ýyllygy garaşsyz Özbegistanda **1999-njy ýylda** giňden bellenip geçildi. Jelaletdin Menguberdi barada wideofilm, poema, pýesalar döredildi, **2000-nji ýylyň 30-njy awgustyn**da "Jelaletdin Menguberdi" ordeni döredildi.

*...Jelaletdin Manguberdiniň durmuş ýoluny derňeýän, şol taryhy wakalara bu günki günüň gözi bilen garap baha berýän bolsak, olar bizi ynha şeýle tebigy we göreldeli sapak-netijeler çykarmaga ündeýär.*

*Birinji netije şundan ybarat bolup, ýaşaýyş bar eken, döwlet, il-ýurt bar eken, şu erkin, asuda durmuşy göriplik edýän, duşmançylyk we pitne bilen ýaşaýan, sütemkärlik bilen öz hökümdarlygyny ornaşdyrmaga, halkyň dynçlygyny bozmaga dyrjaşýan ýowuz güýçler hemişe bolýar. Bu – durmuş. Bu – durmuşyň ajy hakykaty. Ony hiç kim inkär edip bilmeýär. Muny diňe bir öz taryhymyz we durmuymyzda däl, eýsem başga halklaryň taryhy we durmuşy mysalynda hem görmek mümkin.*

*Ikinji netije, ýaşaýyş bar eken, döwlat, il-ýurt bar ekan, özüň doglup ösen, ata-babalaryň süňki ýatan, ertir perzentleriň kemala gelýän topragyň her bir garyşyny mukaddes saýyp, ony goramak, zerur bolsa, bu ýolda jan pida etmäge taýýar durmak gerek.*

*Üçünji ajy netije şundan ybarat, ýagny, her haýsy il, her haýsy ýurt daşardan gelýän ýowuz apatdan görä, öz içinden çykýan dönük, imansyz, özüniň bähbidini hemme zatdan ileri tutýan, gerek bolsa, iň ýakyn adamlaryny hem satýan, özüni ösdüren, kemala getiren Watanyna el galdyrýan ýigrenji kimselerden gaty ägä bolmalydyr. Beýle güýçler, haýyn şahslaryň men-menligi, ýigrenji maksatlary il-ýurduň parahatçylygyna we ösüşine nähili howp-hatardygyny bu günki durmuşymyzda  görüp durus. Gaýtalap aýdýaryn, bu diňe bir düýnki taryhymyz däl, eýsem bu günki ýaşaýşymyz bilen äňeňdeş ajy sapakdyr.*

*Ýene bir sapak, ol diňe il-ýurt we döwlet üçin, onuň tagdyry we gelejegi üçin aladalanýan, adamlaryň ýagşy niýetlerini özüne ýokary maksat edinen, ilim, diýip, ýurdum diýip ýanyp ýaşaýan, islendik ýagdaýda-da halky birleşdirip, dürli bela-beterlerden gorap saklamak üçin gönükdirip bilýän şahslar taryhda öçmez at galdyrýar. Bu – hakykat. Jelalitdin Manguberdi ynha şeýle mertleriň aýdyň tymsaly we göreldeli wekilidir.*

*Soltan Jelalitdiniň bize galdyran ýene bir çagyryşy, ol ählimizi ene ýurdumyzyň arassa asmanyny we asuda durmuşyny gadyrlamaga, ösüp gelýän, ertir biziň ýerimizi eýeleýän, dünýäde hiç kimden kem bolmadyk perzentlerimiziň geljegini, bagtyny goramaga, ýagty gelejege ymtylyp ýaşamaga çagyrýanlygydyr.*

*...Soltan Jelalitdiniň keşbini diňe bir Horezm däl, eýsem bütin Özbegistanyň guwanjy hem buýsanjydyr. Ol biziň azatlygymyza, gelejegimize kast etmekçi bolýan islendik ýowuz güýje garşy dik durup göreşmäge, merdana zarba bermegi başarýandygymyzyň tassyklamasy we tymsalydyr.*

**Islam KARIMOW**
**Jelaletdin Menguberdiniň doglan gününiň 800 ýyllygyna bagyşlanan dabarada sözlän nutkundan.**
**1999-njy ýyl, 5-nji noýabr**

1. Kimler Jelaletdin Menguberdi barada taryhy eserler ýazyp galdyrypdyr?
2. Jelaletdin Menguberdiniň doglan gününiň 800 ýyllygy Watanymyzda haçan bellenip geçildi?

3. Goşmaça çeşmelerden peýdalanmak bilen Jelaletdin Menguberdiniň doglan gününiň 800 ýyllygy mynasybetli nähili çäreler amala aşyrylandygy we meşhur serkerdä bagyşlanyp ýazylan eserler barada maglumatlary depderiňize bellik ediň.
4. Jelalitdin Manguberdiniň durmuş ýoly nähili netijeleri çykarmaga ündeýär?

## 23-§. ÇAGATAÝ ULUSYNYŇ DÖREDILMEGI

**Daýanç düşünjeler:** ***Çagataý ulusy. Salgyt görnüşleri. Mahmyt Taraby gozgalaňy.***

**Çagataý ulusy. 1224-nji ýyl**da Çingiz han tarapyndan ***Çagataýyň*** garamagyna berlen Mawerannahrda, Ýedisuwda we Gündogar Türküstanda **Çagataý ulusy** döredi. ***Çagataýhan***yň ulusy dolandyrýan ordasy **Elsuwy** (Ili) derýasynyň boýundady. Welaýatlary we hünärmentçilik şäherlerini dolandyrmakda ***Çagataý*** özüne boýun egdirilen halklaryň ýokary gatlak wekilleriniň hyzmatidan peýdalanýar.

Mawerannahry gönüden-göni dolandyrmak işleri entek Mawerannahr zabt edilmezden öň ***Çingiz hanyň*** huzurynda gulluk eden horezmli söwdagär **Mahmyt Ýalawaj**a berilýär. Ol **Hojant** şäherini özüne karargäh edinýär we şol ýerde durup, Mawerannahry dolandyryp başlaýar. Harby häkimiýet, ilaty sanawdan geçirmek, salgyt ýygnamak işleri *dorugaçy* we *tawgaç* diýlip atlandyrylýan mongol emeldarlarynyň elinde bolardy. Mongol *basgaklarynyň* (ýerli häkim) ygtyýaryndaky köp sanly esgerler ***Mahmyda*** boýun egdirilipdi. ***Mahmyt Ýalawaç*** şolara daýanyp mongol hakanlarynyň talabyny ýerine ýetirýärdi we özüniň çäklendirilmedik hökümdarlygyny amala aşyrýardy.

**Salgyt görnüşleri.** Çagataý hanlary merkezi häkimiýetiň hazynasy üçin ilata dürli salgytlary salyp, zor salmak bilen ýygnap alýardylar.

Ekerançylardan alynýan ýer salgydy bu döwürde **“kelan”** diýlip atlandyrylypdyr. Çarwadarlara bolsa **“kapçur”** salgy-

dy salnypdyr. Döwlet hazynasy üçin **“şulen”** ady bilen atlandyrylýan azyk salgydy hem alnypdyr. “***Şulen***” her bir sürüden iki ýaşly goýun, gymyz üçin her müň atdan bir baýtal hasabynda alnypdyr.

Hünärmentlerden we söwdagärlerden **“targu”** salgydy ýygnalypdyr. ***Targu*** öndürilen önüm ýa-da satylan harydyň otuzdan bir bölegi möçberinde ýygnalypdyr. Bulardan daşary, ilata *duz salgydy, ýüň* we *kümüş salgydy* salnypdyr.

Salgytlar ýerli emeldarlar tarapyndan **barot** (kärende) tertibinde öňünden bir gezekde töläp goýberilýärdi, soňra olar ilatdan ýygnap alynardy. Ilatdan ýygnalan mahalynda salgytlar, şübhesiz, resmileşdirilen mukdardan geçirip alynýardy.

Zorluk, jebir-sütemiň örän güýçlenmegi, dürli-dürli mejbury tölegleriň we ýygymlaryň çendenaşa köplügi mongollara görä närazylygy artdyryp, basybalyjylaryň sütemine garşy halkyň baş götermegine getirdi. Şeýle gozgalaňlardan biri Buhara oazisindäki **Tarab** obasynda bolan halk gozgalaňy boldy.



*** Çagataý ulusy — häkimiýet paýlananda onuň Çingiz hanyň ogly Çagataýa ýeten bölegi. Soňluk bilen ol Çagataý döwletine öwrülipdir**
*** Kapçur — çarwa mallarynyň baş sanynyň 2,5% mukdarynda alnan salgyt**
*** Kelan — hasylyň 1/10 bölegi möçberinde alnan salgyt**

**Mahmyt Tarabynyň gozgalaňy. 1238-nji ýyl**da Buharanyň **Tarab** obasynda basybalyjylaryň we ýerli mülkdarlaryň zulmuna garşy gozgalaň başlanýar. Gozgalaňa tarably elek ýasaýan hünärment ***Mahmyt*** baştutanlyk edýär. Taryhda ol **Mahmyt Taraby** ady bilen şöhrat gazanýar.

***Taraby***nyň ýakyn tarapdarlaryndan **Şamsiddin Mahbubiý** we Buharanyň ilaty gozgalaňçylara goşulyp eline ýarag alýar. Özleriniň gadyrdan şäherini we obalaryny mongollardan we olaryň gullukçylaryndan – ýerli gullykçylardan azat etmäge

atlanan adamlardan uly leşger toplanýar. ***Mahmyt Taraby*** öz tarapdarlary bilen Buhara girensoň, şäheriň içindäki *Rabiýa köşgü*ni karargäh edinýär. Bu ýere Buharanyň sadrlary, gurply emeldarlary, iri ýer eýelerini çagyrdýar. Ol özüni Buharanyň we töwerekdäki welaýatlaryň halyfasy, ýagny hökümdary diýip resmi ýagdaýda yglan etmäge olary mejbur edýär. Şondan soň ***Şamsiddin Mahbubiý*** sadr diýlip yglan edilýär. ***Mahmyt Taraby*** Buharada öz hökümdarlygyny ornaşdyransoň, mongol tarapdarlary bolan ýerli emeldarlar Buharadan gaçyp gidýär.

Gaçak emeldarlar we mongollar naýyp **Mahmyt Ýalawajyň** kömeginde **Karmananyň** golaýynda güýç toplap, Buharanyň üstüne çozýarlar. Ortada söweş başlanýar. Mongollar ýeňlip, **Karmana** tarap gaçyp başlaýarlar. Söweşde gozgalaň baştutanlary ***Mahmyt Taraby*** we ***Şamsiddin Mahbubiý***ler hem heläk bolýarlar. Gozgalaňçylar olaryň ýerine Tarabynyň inileri **Muhammedi** we **Alyny** baştutan edip saýlaýarlar. Aradan bir hepde geçmän, olara garşy mongollaryň täze goşuny hüjüm edýär. Söweşde gozgalaňçylar derbi-dagyn edilip, Tarabynyň iki inisi-de heläk bolýarlar. Mongollar Buharany ýene basyp alyp, ol ýerde öňki düzgünleri gaýtadan ornaşdyrýarlar.

***Çagataý*** salgytlary tertibe salmak özgertmesinde **1238-nji ýyl**da ***Mahmyt Ýalawajy*** naýyplikdan daşlaşdyrmaga mejbur bolýar. Onuň ogly **Masudbek** naýyp edip bellenýär. Beýik hakan **Oktaý** ***Mahmyt Ýalawajy*** **Pekin** şäherine häkim edip belleýär.

1. Dünýä taryhyndan alan bilimleriňize esaslanyp aýdyň, Çingiz han zabt edilen ülkeleri nähili paýlapdyr?
2. Çagataý ulusy haçan we nirede döredi?
3. Mongollar nähili salgytlary girizipdirler?
4. Mahmyt Tarabynyň gozgalaňy haçan we nähili başlandy?
5. Nähili sebäpler Taraby gozgalaňynyň ýeňilmegine getirdi?

**Aşakdaky jedweli dolduryň**

| Çagataý ulusy | Çägi | Salgyt görnüşleri | Mahmyt Tarabynyň gozgalaňynyň sebäbi |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 24-§. SOSIAL-YKDYSADY DURMUŞ

**Daýanç düşünjeler:** ***Pul özgertmesi. Ýer eýeligi. Çagataý ulusynyň bölünmegi. Medeni durmuş.***

**Beýik hakanyň permany. XIII asyryň ortalary**nda Çagataý ulusynyň mongol emeldarlarynyň arasynda oturymlylyga geçmek, şäher durmuşyna ýakynlaşmak, ýerli oturymly ilatyň baý medeniýetinden peýdalanmak prosesi güýçlenýär. Mongoliýanyň beýik hakany **Munke** salgyt we haşar işlerini tertibe salmak barada mahsus perman – *ýarlyk* çykarýar. Ýomlar boýunça poçta hyzmaty üçin bellenen atlaryň sany kesgitlenip, ilatdan artykmaç ot talap etmek gadagan edilýär. Şonuň ýaly-da, ilçilere, elleride gönüden-göni ýumuşlary bolmasa, şähere ýa-da obalara girmeli däldigi we ilatdan olar üçin bellenilen artykmaç ot-iým hem-de azyk almaly däldigi düşündirilýär. Şeýdip ilat özdiýenlilik bilen ýygnalyp alynýan hasapsyz töleglerden azat bolýar.

*** Ýomlar – ýoluň duralgalary. Çaparlar, ýolagçylar at çalşyrýan ýer. Yomda hemişe atlar ulaga taýýar durupdyr.**

**Masudbekiň pul özgertmesi.** Mawerannahrda ýuwaş-ýuwaşlyk bilen bolsa-da, şäher durmuşy, hususan-da hünärmentçilik we söwda gatnaşyklary janlanyp başlaýar. Şäherleriň içki durmuşy, aýratynam, haryt we pul gatnaşyklarynyň dikeldilmeginde **Masudbek** tarapyndan **1271-nji ýyl**da amala aşyrylan pul özgertmesi möhüm ähmiýete eýe bolýar. Ol Mawerannahryň 16 şäherinde we welaýatlarynda, birmeňzeş agramly we ýokary bahaly sap kümüş teňňeler zikgeledip, ýurtda olary dolanyşyga çykarýar.

**Kebekhan we onuň özgertmeleri. XIV asyryň birinji ýarymyn**da Çagataý ulusynda mongollaryň oturymlylyga geçmek prosesi güýçlenip, olaryň jemgyýetçilik durmuşynda möhüm özgerişler ýüze çykyp başlaýar. Mawerannahr ýaly medeni ülke bilen berk aragatnaşygy ýola goýmaga we oturymly durmuş geçirmäge ymtylan Çagataý hanlaryndan biri **Kebek**di (1318–1326). Ol häkimiýeti gös-göni öz eline alyp, Kaşgaderýa oazisindäki gadymky **Nasaf** şäheriniň ýanynda özüne köşk gurdurýar. Köşk mongol dilinde *"Karşi"* diýlip atlandyrylýar. ***Kebekhan*** öz karargähini mongol hökümdarlarynyň arasynda birinji bolup Mawerannahra göçürýär. Ol şu köşkde durup ýurdy dolandyrýardy. Soňluk bilen köşgüň töwereginde täze binalar gurulýar we köne **Nasaf** şäheri bilen goşulyp gidýär. Şondan başlap bu şäher **Karşi** diýlip atlandyrylyp başlanýar.

***Kebek*** döwleti dolandyryş ulgamyny we onuň ykdysady durmuşyny tertibe salmak maksadynda administratiw we pul özgertmesini geçirýär. Ýurtda ýeke-täk pul girizilýär. Eýrandaky Hulakiler döwleti we Altyn Orda hanlygynyň kümüş teňňeleri nusgasynda iki hil pul: agyrlygy 8 gramlyk uly kümüş teňňe we 1 gramlyk kiçi teňňe zikgelenipdir. Uly teňňe *"dinar"*, kiçisi *"dirhem"* diýlip atlandyrylypdyr. *"Kepaki"* diýip at alan bu teňňeler Samarkantda we Buharada zikgelenip, dolanyşyga çykarylypdyr.

**Ykdysady durmuşyň janlanmagy.** Mongol basybalyşlary döwründe tozdurylan hünärmentçilik, söwda-satyk we daýhançylyk ýuwaş-ýuwaşdan dikeldilip başlaýar. Hünärmentçilik we içerki-daşary söwdanyň janlanmagy, şübhesiz, tozdurylan şäherleriň gaýtadan dikeldilmegine getirýär. Entek köp şäherler we welaýatlar haraba we ýarym haraba ýagdaýynda bolsa-da, **Ürgenç** we **Buhara** şäherleri gaýtadan dikeldilýär. Gadymky **Samarkant** harabalarynyň hut ýanynda täzetden şäher gurulýar. Şäherlerde dürli döwlet, jemgyýetçilik we medeni aň-bilim binalary gurulýar. Şäher bazarlary köp adamlydy.

**Ýer eýeçiligi.** Mongol hökümdarlygy döwründe Orta Azi-

ýada ýere bolan eýeçiligiň **mülki diwan, mülki inju, mülki wakf** we **mülk** diýilýän dört görnüşi bardy.

Mülkleriň uly bölegi harby gullukçylara döwletiň öňündäki hyzmatlary üçin sowgat edilen ýerler bolup, olar *suýurgal* ýerleri diýlip atlandyrylýardy. Şeýle ýerlere eýe bolan mülkdarlar – *suýurgal eýeleri* ähli salgytlardan we töleglerden azat edilýärdi. Suýurgalyň ýerleri nesilden nesle miras hökmünde geçýärdi.

* **Mülki diwan — döwlet ýeri**
* **Mülki inju — hökümdara we naýyplara degişli ýerler**
* **Mülk — hususy ýerler**
* **Mülki wakf — metjit we medrese ýerleri**

**Çagataý ulusynyň bölünmegi.** Mongol hökümdarlarynyň we mülkdarlarynyň arasynda basyp alnan ýerlere garanda iki hili garaşyş bardy. Käbirleri ýerli aristokratlar, söwdagärler bilen ýakynlaşmak, hünärmentçiligi, daýhançylygy ösdürmek, Yslam dinini kabul etmek tarapdarydy. Başgalary bolsa oturymlylyga we şäher durmuşyna garşy bolup, şäherleri bozup taşlamak, baglary we ekinzarlary otluklara öwürmek isleýärdiler.

Ýuwaş-ýuwaşdan Çagataý ulusynyň ençeme hanlary öz urug-taýpalary bilen Mawerannahra göçüp gelip, ýerli ilat bilen goşulyp, barha oturymlylaşýarlar. Ýedisuwda ýaşaýan mongollar Mawerannahra göçüp gelenleri *“garaunas”* (duragaý), Mawerannahrda ýaşaýan mongollar bolsa olary *“jete”* (garakçy, talaňçy) diýip atlandyryp başlaýarlar. Bu amalda bir-birine dil ýetirýärdiler. Olaryň arasynda gapma-garşylyk, ýigrenç barha güýçlenýär. Netijede Çagataý ulusy **XIV asyryň 40-njy ýyllaryn**da ikä bölünip gidýär.

Çagataý ulusynyň Gündogar Türküstan we Ýedisuw bölegi Mongoliýa diýlip atlandyrylyp başlandy. **1348-nji ýyl**da Çagataý neslinden bolan **Tugluk Temur** Mongoliýa hany edip göterilýär. Ulusyň günbatar bölegi – Mawerannahr özbaşdak dolandyrylýan boldy.

1. Munke hakan ýurtda içerki ýagdaýy ýumşatmak üçin nähili çäreleri görüpdir?
2. Masudbekiň pul özgertmesi nähili netije berdi?
3. Kebekhan nähili özgertmeleri amala aşyrypdyr?
4. Ykdysady durmuşy janlandyrmaga nämeler sebäp bolýar?
5. Mongollar döwründäki ýer eýeçiliginiň nähili görnüşleri bardy?
6. Näme üçin Çagataý ulusy bölünip gidýär?

**Aşakdaky jedweli dolduryň: Çagataý ulusynda sosial-ykdysady durmuş**

| Geçirilen özgertmeler | Özgertme netijeleri | Ýer eýeçiliginiň görnüşleri |
|---|---|---|
| | | |

## 25-§. ETNIK PROSESLER WE ÖZBEK HALKYNYŇ ŞEKILLENMEGI

**Daýanç düşünjeler:** ***Etnik proses, Özbek halky, "Gawunçy medeniýeti".***

**Etnik proses.** Dünýädäki başga halklar ýaly özbek halkynyň şekillenmegi hem uzak ýyllaryň dowamynda ýüze çykan etnik prosesleriň önümidir.

Özbekler aýratyn etnik birlik (halkyýet) bolup, Mawerannahr, Horezm, Ýedisuw, bölekleýin Gündogar Türküstanyň günbatar sebitlerinde şekillenen. Özbek halkynyň esasyny häzirki Özbegistanyň çäginde gadymdan oturymly ýaşap, suwarymly daýhançylyk, hünärmentçilik bilen meşgullanyp gelen ýerli *sugdylar, baktriler, horezmiler, ferganalylar, şaşlylar,* ýarym çarwadar *kanglar,* göçme *sak-massaget* ýaly etnik toparlar düzüpdir. Şonuň ýaly-da, Günorta Sibir, Altaý, Ýedisuw, Gündogar Türküstan hem-de Wolga we Ural derýasynyň boýlaryndan dürli döwürlerde Mawerannahra girip gelen etnik topar hem özbek halky etnogenezinde gatnaşýarlar. Ýokarda atlary getirilen etnoslar esasan türki we Gündogar eýrany dillerde gepleşipdirler.

*** Etnik proses – gelip çykyşy bir-birine ýakyn bolan dürli taýpalaryň we halkyýetleriň asyrlaryň dowamynda barha goşulyşmagy.**

Amyderýa we Syrderýa aralygynda ýokarda atlary agzalan taýpalaryň we halkyýetleriň etnik taýdan gatyşma prosesi netijesinde oturymly durmuşa uýgunlaşan türki territorial meýdan, özbek halkyna mahsus antropologik keşp şekillenýär.

Kang döwleti döwründe türki dilli etnoslar agdyklyk edip, özboluşly uýgunlaşan medeniýet şekillenýär. Arheologik eserlerde bu medeniýet **“Gawunçy medeniýeti”** adyny alypdyr. Antropolog alymlaryň nygtamagyna görä, hut şu döwürlere gelip, Orta Aziýanyň jülgelerinde we oazislerinde ýaşaýan ilatyň daşky keşplerinde häzirki özbek we oazis täjiklerine mahsus antropologik keşp doly şekillenýär.

Özbekleriň etnogenezinde gatnaşýan nobatdaky etnik toparlar – *kuşanlar, hyýanylar, kidariýler* we *eftallardyr*.

Şonuň ýaly-da, özbekleriň etnogenezine Türk hakanlygy döwründe Orta Aziýanyň merkezi sebitleri we Horezme gelip oturymlylaşan türki taýpalar güýçli täsir edipdir. Türki halkyýetler bilen ýerli oturymly ilatyň arasyndaky etnik-medeni gatnaşyklaryň ösmegi netijesinde türki gatlak medeni üstünlikleriniň ýerli medeni-hojalyk däpler bilen çalt uýgunlaşmasy ýüze çykypdyr. **VII asyr**dan başlap ülkämiz **“Türküstan”** ady bilen atlandyrylyp başlapdyr.

*** Özbek halkynyň esasyny sugdylar, baktriler, horezmiler, ferganalylar, şaşlylar we sak-massagetler düzüpdir.**
*** Kang döwleti döwründe “Gawunçy medeniýeti” we Orta Aziýanyň antropologik keşbi doly şekillenýär.**
*** Türküstan – türki ilat ornaşan ülke.**

**Özbek halkynyň döremegi. VIII asyr**dan arap we ajam halklarynyň Orta Aziýa girip gelmegi sebitdäki etnik proseslere uly täsir etmedik bolsa-da, bu döwürde Mawerannahrdaky

oturymly we ýarym oturymly türki dilli ilat, sugdylar we Horezmiň düýpli ýerli ilaty öz çäklerinde galyp, araplaryň hökümdarlygy astynda ýeke-täk yslamy ygtykat birligi uýgunlaşdy.

*** IX–XII asyrlarda özbek halky şekillendi. Onuň esasyny ülkämizde ýaşap gelen ekerançy we çarwadar düýpli ýerli ilat düzdi.**
*** Mawerannahrda ýerleşýän ilat gadymdan iki dilde: sugd we türk dillerinde gepleşipdir.**

**IX asyr**da Mawerannahr sebitinde bitewi türki etnik gatlak, türki dil gurşawy emele gelip başlady we öz gezeginde sugdylar we başga ýerli etnoslarda hem türkileşme prosesi çaltlanypdyr. Bu döwürde Mawerannahrda we Horezmde türki etnik gatlak güýçli etnik esasa eýe bolup, bu gatlagyň esasynyň aglabasyny oturymlylaşan türki etnoslar düzüpdir.

Garahanlylar döwründe Mawerannahrda we Horezmde syýasy häkimiýet türki dinastiýalara geçmegi mynasybetli ýüze çykan etnik proses özbek halkynyň şekillenmeginde jemleýji basgançak boldy. Hut şol döwürde özbek halkyna mahsus etnik faktorlar şekillenipdir. Bu döwürde özbekleriň umumhalkyýet dili emele gelýär.

**1.** Özbekler haýsy sebitlerde şekillenipdir? Şu sebitleri sudury karta geçiriň.
**2.** Özbek halkynyň esasyny haýsy etnik toparlar düzüpdir?
**4.** "Gawunçy medeniýeti" haýsy döwre degişli we onuň ähmiýeti nämede?
**5.** Haçandan başlap ülkämiz "Türküstan" ady bilen atlandyrylyp başlapdyr?
**6.** Haýsy asyrlarda özbek halky şekillendi? Onuň özenini haýsy ilat düzüpdir?
**7.** Özbek we Özbegistan atlary nähili manylary aňladýandygy barasynda oýlap görüň.

# IV B A P. EŽDATLARYMYZYŇ YLMY MIRASY EBEDI RUHY HAZYNADYR

## 26-§. MAWERANNAHRYŇ WE HOREZMIŇ MEDENI DURMUŞY

**Daýanç düşünjeler:** ***“Baýt ul-hikme”, “Dar ul-hikme we magaryf”, Beýik alymlar, Arap diliniň ähmiýeti.***

**“Baýt ul-hikme”. IX–XII asyrlar**da Mawerannahr we Horasanda ýüze çykan syýasy, sosial-ykdysady özgerişler ýurduň medeni durmuşyna hem güýçli täsir etdi.

Mawerannahr araplar tarapyndan basyp alnansoň, zabt edilen özge ýurtlar hatarynda, bu ülkede hem diňe bir yslam dini däl, eýsem arap dili we onuň orfografiýasy hem girizildi. Çünki arap dili halyfatyň hem döwlet dili, hem ylmy dilidi. Şu sebäpli-de arap diliniň orny we ähmiýeti artyp, ony özleşdirmäge bolan hereket güýçlenýär.

Arap dilini we ýazuwuny gowy özleşdirip alan bilimdanlar peýda boldy. **Bagdat** şäheri Gündogaryň iri ylym we medeniýet merkezidi. **IX asyr**da bu şäherde **“Baýt ul-hikme”** döredilipdi. **“Baýt ul-hikme”**de uly kitaphana, **Bagdat**da we **Damask**da astronomik gözegçilikler alnyp barylýan *obserwatoriýalar* bardy. Bu ylym mesgenine çekilen talyplar ylmy barlaglar bilen bir hatarda gadymky grek we hindi alymlarynyň ylmy mirasyny öwrenmek we eserlerini arap diline terjime etmek bilen meşgullanýardylar. **Al-Horezmi, Ahmet al-Fergany, Ahmet al-Marwazi, al-Apbas Jawhary** we **Ýahýa bin Abu Mansur** ýaly mawerannahrly we horasanly alymlar döredijilik edip, orta asyr ylym-bilimine uly goşant goşýarlar.



**Al-Horezmi**

**Muhammet ibn Musa al-Horezmi. Muhammet ibn Musa al-Horezmi** (783–850) Horezm diýarynda doglup, kemala gelipdir. Ilkinji sowad we dürli ugur-

daky bilimlerini ol öz ene ýurdy Horezmiň we Mawerannahryň şäherlerinde köp halypalardan alýar. Soňra ol halyfa ***Mamun*** zamanynda (813–833) “**Baýt ul-hikme**”de müdir hökmünde iş alyp barýar. Döwrüniň meşhur matematigi, astronomy we geografy hökmünde ylma uly goşant goşýar. ***Al-Horezmi*** 20 den artyk eserler ýazdy. Olardan diňe 10 sanysy biz çenli ýetip gelipdir. Eserleriniň arasynda, aýratynam, matematika degişli **“Al-jabr wal-mukabala”** meşhur.

Hatda, *“algebra”* adalgasy şu kitabyň *“al-jabr”* diýlip atlandyrylan gysgaça adynyň hut aňladylmasydyr. ***Horezmi*** ady bolsa matematika ylmynda *“algoritm”* adalgasy şeklinde öz beýanyny tapdy. Onuň *“Al-jabr”* eseri asyrlaryň dowamynda nesilleriň elinde ýer ölçemek, ýap gazmak, bina gurmak, mirasy paýlamak we başga dürli hasap we ölçeg işlerinde gollanma bolup hyzmat etdi. ***Horezmi***niň bu eseri **XII asyr**dan Ispaniýada latyn diline terjime edilýär we gaýtadan işlenýär. ***Horezmi***niň arifmetik eseri hindi sifrlerine esaslanýan onluk hasaplama ulgamynyň Ýewropada, galyberse-de, bütin dünýä ýaýramagynda beýik ähmiýete eýe bolupdyr. Şeýdip, watandaşymyz ***Horezmi*** al-jabry özbaşdak ylym derejesine göterip, algebra ylmyny esaslandyrdy we taryhda özünden öçmez yz galdyrdy.

**Ahmet al-Fergany.** “**Baýt ul-hikme**”de iş alyp baran alymlardan ýene biri beýik astronom, matematik we geograf ***Abul Apbas Ahmet ibn Muhammet ibn Kasir al-Fergany*** (797–865). Ol Fergana jülgesindäki **Kuwa** şäherinde doglandygy üçin Gün -dogarda ***Al-Fergany***, Ýewropada bolsa ***Alfraganus*** lakamy bilen şöhrat gazanypdyr. Ol astronomiýa, matematika we geografiýa ylymlary bilen meşgullanýar. Ençeme ylmy we amaly eserler ýazyp galdyrypdyr. Damaskdaky obserwatoriýda asman jisimleriniň hereketini we ýerleşişini kesgitlemek, täzeçe



**Ahmet al-Fergany heýkeli. Fergana şäheri.**

*zij* (astronomik jedwel) döretmek işlerine ýolbaşçylyk edýär. **832–833-nji ýyllar**da Siriýanyň demirgazygynda *Sinjar* sährasynda we *ar-Rakka* aralygynda ýeriň meridianynyň bir derejesiniň uzynlygyny ölçemäge gatnaşýar.

**861-nji ýyl**da ***al-Ferganynyň*** ýolbaşçylygynda Nil derýasynyň kenarynda gurlan gadymky gidrometr – derýa akymynyň derejesini kesgitleýän “***Mikýas an-Nil***” desgasy we onuň görkezijisi gaýtadan dikeldildi.

Biziň döwrümize çenli Ahmet Ferganynyň sekiz eseri saklanan bolup, olaryň arasynda ***“Asman hereketleri we umumy ylmy nujum”*** kitaby hem bardyr. Bu kitap baryp **XII asyr**dan *latyn* we *ibrany* dillere terjime edilip, diňe bir musulman Gündogaryndaky däl, eýsem Ýewropa ýurtlaryndaky astronomiýa ylmynyň ösüşini başlap berdi. Ýewropada meşhur bolan beýik alymyň ady **XVI asyr**da Aýdaky kraterlerden birine dakylypdyr.

**** Orta asyrlar Gündogar taryhynyň delillendirmegine görä, medeniýet we tälim-terbiýe, lukmançylyk, edebiýat, sungat we arhitektura ugurlaryndaky biçak ýokarlanma, ylmy mekdepleriň emele gelmegi, täze-täze zehinli nesiller tolkunynyň peýda bolmagy we kemala gelmegi – bularyň ählisi birinji nobatda ykdysadyýetiň, oba we şäher hojalygynyň ep-esli çalt ösmegi, hünärmentçiligiň we söwda-satygyň ýokary derejede ösmegi, ýol gurluşygy, täze kerwen ýollarynyň açylmagy we ilki bilen ornositel durnuklylygyň üpjün edilmegi bilen gönüden-göni bagly bolupdyr.***

**Islam Karimowyň 2014-nji ýylyň 16-njy maýynda Samarkantda bolup geçen “Orta asyr Gündogar beýik alymlarynyň we akyldarlarynyň taryhy mirasy, onuň häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösüşindäki roly we ähmiýeti” temasyndaky halkara konferensiýanyň açylyş dabarasyndaky sözlän nutkundan.**

Garaşsyzlyk ýyllarynda ***Ahmet al-Fergany***nyň seýrek ylmy mirasy halkymyza gaýtaryldy. **1998-nji ýylyň oktýabryn**da beýik alym ***Ahmet al-Ferganynyň*** doglan gününiň 1200 ýyllygy bellendi. Fergana şäherinde al-Fergany ady bilen bag döredildi we beýik alyma heýkel oturdyldy.

**Medeni we ruhy galkynyş.** **IX asyryň ikinji ýarym**ynda halyfat hökümdarlygy ýatyrlyp, Samanylar dolandyryşynyň emele gelmegi bilen medeni durmuşyň ösmegi üçin giň ýol açylyp, Mawerannahryň medeni durmuşynda galkynyş döwri başlandy.

**Buhara, Samarkant, Ürgenç, Merw, Balh, Nişapur** ýaly merkezi şäherlerde kitaphanalar, kitap dükanlary gurlupdyr. Mawerannahr we Horezm jahan ylmynyň we medeniýetiniň ösüşine uly goşant goşan beýik alymlary terbiýeläp ýetişdirdi.

**1004-nji ýylda** şekillenen **"Dar ul-hikme we magaryf"** ("Bilimdanlik we magaryf öýi") – "Mamun akademiýasy"nyň esasyny **Abu Nasyr ibn Irak** (X asyr–1034), **Abulhaýr ibn Hammar** (991–1048), **Abu Sahl Masihi** (970–1011), **Abu Reýhan Biruny** (973–1048), **Abu Ali ibn Sina** (980–1037) we başgalar düzüpdir.

**1017-nji ýylda *Mahmyt Gaznawy*** Horezme çozup girenden soň "**Dar ul-hikme we magaryf**"yň işi bes edilipdir, alymlaryň aglabasy **Gazna** şäherine mejburlap getirilipdir.

**1997-nji ýylyň 11-nji noýabr**ynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň "*Horezm Mamun akademiýasyny gaýtadan döretmek barada*"ky permany çykdy. **2006-njy ýylyň güýz**ünde Respublikamyzda "**Horezm Mamun akademiýasy**"nyň 1000 ýyllygy bellendi.

**2014-nji ýylyň maý** aýynda Samarkant şäherinde Orta asyrlarda Gündogar äleminde ýaşap döredijilik eden beýik alymlaryň we akyldarlaryň ylmy mirasyny çuňňur ara alyp maslahatlaşmak we aňmak, onuň häzirki zaman siwilizasiýasy taryhynda tutýan ornuna we roluna baha bermek maksadynda "*Orta asyrlar Gündogaryň beýik alymlarynyň we akyldarlarynyň taryhy mirasy, onuň häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösüşindäki roly we ähmiýeti*" temasynda halkara konferensiýa geçirildi. Onda ellä ýakyn ýurtlardan gelen wekiller gatnaşdy. Konferensiýanyň ahyrynda degişli resminamalar kabul edildi.

**Abu Nasyr Faraby.** **Abu Nasyr Faraby (873-950)** Aris suwunyň Syrderýa guýulýan ýerinde ýerleşýän **Farab** şäherinde doglan. Ol ilki ene şäherinde, soňra Samarkant,

Buhara we Bagdatda bilim alypdyr. Ömrüniň ahyrlarynda Halap we Damask şäherlerinde ýaşapdyr.



**Abu Nasyr Faraby**

***Faraby*** *matematika, astronomiýa, lukmançylyk, saz, mantyk, filosofiýa, dilşynaslyk, terbiýesşynaslyk* we *edebiýat* ugurlarynda döredijilik edipdir. Ol 160 -dan artyk eser ýazyp, orta asyr ylym-bilimine we medeniýetine uly goşant goşdy. Bularyň arasynda *"Arastunyň "Metafizika" eserine düşündiriş", "Saz kitaby", "Bagta ýetmek barada", "Janly jandarlaryň agzalary barada", "Alymlar şäheri"* we başga ençeme eserleri möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Alymyň ylym-biliminiň öňündäki hyzmatlaryndan biri onuň grek akyldarlarynyň eserlerine düşündiriş ýazanlygy we olary täze taglymlar bilen baýlaşdyranlygydyr. Ol orta asyrda kämil hasaplanan ylymlar häsiýetnamasyny döredýär.

***Faraby*** grek filosofiýasyny çuňňur bilenligi, oňa düşündirişler ýazanlygy we dünýä ýaýanlygy hem-de döwrüniň bilimlerini pugta özleşdirip, ylymlaryň ösmegine uly goşant goşanlygy üçin Gündogarda Arastudan (Aristotel) soňky iri akyldar – *"Muallim us-sany"* we "*Gündogar Arastusy"* atlary bilen şöhrat gazandy. Käbir taryhy çeşmelerde getirilmegine, ***Faraby*** 70-den artyk dili bilipdir.

Akyldar galdyran miras diňe bir Gündogar ýurtlarynda däl, eýsem Ýewropada hem ýaýraýar we sosial-filosofik pikiriň ösüşine duýarly täsir edýär.



**Abu Ali ibn Sina**

**Abu Ali ibn Sina. Abu Ali ibn Sina 980-nji ýyl**da Buharanyň golaýyndaky **Afşona** obasynda ýerli emeldaryň maşgalasynda dünýä inýär. Mekdebi tamamlap, halypasy Abu Abdullahdan mantyk, filosofiýa, matematika we dini bilimleri öwrenýär. On alty ýaşyndan başlap dürli

ylymlar boýunça Gündogar we Günbatar alymlarynyň ylmy eserlerini özbaşdak öwrenipdir. Aýratynam, ol lukmançylyk ylmynyň gadymky beýik alymlary **Gippokrat** we **Galen** hem-de orta asyr Gündogarynyň beýik häkimi we akyldary **Abu Bekr ar-Razy**nyň (865–925) eserlerini pugta öwrenipdir.

**Ibn Sina** on ýedi ýaşynda hormatly hakim we alym bolup ýetişýär. Ol emir ***Nuh ibn Mansur***yň keselini bejerensoň, samanylaryň köşk kitaphanasyndan peýdalanmaga rugsat alýar. ***Ibn Sina*** tagdyryň hökmi bilen Gürgençdäki (Ürgenç) *Horezm Mamun akademiýasynyň* alymlary bilen bile döredijilik edýär.

*** Abu Ali ibn Sina Gündogarda "Şeýh ur-rais", Günbatarda bolsa "Awisenna" atlary bilen şöhrat gazandy**

Ol **1037-nji ýyl**da aradan çykýar we **Hemedan**da jaýlanýar.

**Ibn Sina** 450-dan artyk, şol sanda, lukmançylyga degişli 43 eser ýazypdyr. Onuň 5 jiltli *"Al-kanun fit-tib"* ("Tib kanunlary") atly ensiklopedik eserinde keselleriň gelip çykyş sebäpleri we çeşmeleri, diagnoz, bejerme usullary, dermanlyk ösümlikler we däri-dermanlaryň aýratynlyklary, berhiz, adamyň saglygy üçin bedenterbiýäniň ähmiýeti ýaly lukmançylygyň iňňän möhüm meselelerine aýratyn üns berlen. Onuň *"Al-kanun fit-tib"* eseri **XII asyr**da *latynça* terjime edilip, tä **XVII asyra çenli** Ýewropa lukmançylygynda esasy gollanma hökmünde peýdalanylypdyr.



**Abu Reýhan Biruny**

**Abu Reýhan Biruny.** **Abu Reýhan Biruny** (973–1048) Horezmiň Kät şäherinde doglup, Ürgençde tälim alypdyr. Horezmşa **Abul Apbas Mamun II** köşgünde toplanan alymlar bilen bilelikde Mamun akademiýasynda döredijilik edipdir. Horezm ***Mahmyt Gaznawy*** tarapyndan basyp alnansoň, ***Biruny*** we başga alymlar bilen birlikde **Gazna** şäherine äkidilýär we ömrüniň

ahyryna çenli şol ýerde döredijilik edipdir. ***Biruny*** **1048-nji ýylda Gazna**da aradan çykypdyr.

***Biruny*** astronomiýa, geografiýa, matematika we taryh ylymlary boýunça 160-dan artyk eserler ýazypdyr. Onuň “*Gadymky halklardan galan ýadygärlikler*”, “*Hindistan*”, “*Mineralogiýa*”, “*Geodeziýa*” ýaly iri eserleri şolara degişlidir. Ol özüniň astronomiýa degişli eserlerinde ***Kopernik***den baryp bäş asyr öň Ýeriň Günüň daşynda aýlanýandygy baradaky pikiri orta asyrlarda birinji bolup öňe sürüpdir. ***Biruny*** ýeriň togalak şekildedigini esaslandyrypdyr. Ol **1029** sany ýyldyzyň koordinata ululyklary ýazylan ýyldyzlar jedwelini hem-de dünýäniň geografik kartasyny düzüpdir. ***Biruny*** ýewropaly alymlardan 450 ýyl öň Amerika kontinentiniň bardygyny takmyn edip, öz eserlerinde birnäçe gezek ýazypdyr. Birunynyň günbatar ýarym şarda uly gury ýeriň bardygy baradaky pikiri XV-XVI asyrlarda tassyklanýar. ***Biruny*** Ýer töwereginiň uzynlygyny ölçemekde täze usul – matematiki usuly işläp çykdy. Ol birinji bolup Ýer şarynyň globusyny döredipdir. ***Biruny***nyň ylmy we filosofik uly mirasy şübhesiz dünýä ylmy we medeniýeti hazynasyna goşulan uly goşant boldy.

**** …eger Ýewropa Galkynyş döwrüniň netijeleri hökmünde edebiýat we sungat eserleri, arhitektura dürdäneleri, lukmançylyk we adama akyl ýetirmek babatda täze açyşlar edilen bolsa, Gündogar Galkynyş döwrüniň özboluşly aýratynlygy, ilki bilen, matematika, astronomiýa, fizika, himiýa, geodeziýa, farmakologiýa, lukmançylyk ýaly anyk we tebigy ylymlaryň, şonuň ýaly-da, taryhyň, filosofiýanyň we edebiýatyň ösüşinde ýüze çykdy.***

**Islam KARIMOW**

1. “Baýt ul-hikme” haýsy şäherde döredilipdir? “Baýt ul-hikme” barada Özbegistanyň milli ensiklopediýasyndan goşmaça maglumatlar tapyp depderiňize bellik ediň.
2. Hany aýdyň, näme üçin IX–XII asyrlarda ýurdumyzda ylym-bilim ýokary derejede ösüpdir?
3. Musa al-Horezmi we Ahmet al-Ferganynyň matematika ylmynda tutýan orny nämelerden ybarat?

4. “Mamun akademiýasy” haýsy ýyllarda iş alyp barypdyr? “Mamun akademiýasy” barada Özbegistanyň milli ensiklopediýasyndan goşmaça maglumatlar tapyp depderiňize bellik ediň.

**Aşakdaky jedweli dolduryň. Mawerannahryň we Horezmiň beýik akyldarlary**

| Beýik akyldarlar | Ýaşap döredijilik eden ýyllary | Haýsy ylymlaryň ösmegine goşant goşupdyr | Ýazan eserleri |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 27-§. EDEBIÝAT

**Daýanç düşünjeler:** ***türki ýazuw edebiýaty, “Araplaryň we gaýra araplaryň halypasy”, “Kutadgu bilig”, “Diwanu lugatit-türk”, “Hibat ul-hakaýyk”.***

**Türki ýazuw edebiýaty. X-XII asyrlar**da Mawerannahr we Gündogar Türküstanda türki halklaryň gadymdan dowam edip gelýän agzeki edebiýaty bilen bir hatarda, ýazuw edebiýaty emele gelýär. Ençeme iri eserler ýazyldy. Olardan iň seýrekleri **Ýusuf Has Hajibiň** *“Kutadgu bilig”*, **Mahmyt Kaşgarlynyň** *“Diwanu lugatit-türk”*, **Ahmet Ýugnakiniň** *“Hibat ul-hakaýik”,* **Ahmet Ýasawynyň** *“Hikmet”* ýaly eserleridir.

Bu döwür türki edebi dili köne özbek we uýgur dilleriniň emele gelmeginde-de möhüm basgançak boldy.

**Mahmyt az-Zamahşary. Abulkasym Mahmyt az-Zamahşary 1075-nji ýyl**da Horezmiň **Zamahşar** obasynda dünýä inipdir. Ylma bolan teşnelik ony Buhara, Merw, Nişapur, Yspyhan, Şam, Bagdat, Hyrat we Mekkede durmuş geçirip, arap dilini we edebiýatyny, dini ylymlary, hatdatlyk sungatyny, arap nakyllaryny we urp-adatlaryny çuňňur öwrenmegine sebäp boldy. Ol sebitiň geografiýasyna degişli maglumatlary toplaýar.

***Mahmyt Zamahşary*** dürli soha ylymlaryna degişli 50 dan artyk eserler ýazyp galdyrypdyr. Aýratynam, onuň arap

diliniň fonetikasyna we morfologiýasyna bagyşlanan *“Al-Mufassal”*, Kurhany kerim düşündirişine degişli *“Al-Kaşşof”* eseri musulman äleminde meşhurdyr. ***Zamahşary*** *“Araplaryň we gaýry araplaryň halypasy”, “Horezmiň buýsanjy”* ýaly hormatly atlar bilen beýgeldilipdir. Ol köp eserlerini Mekgede ýazanlygy üçin *“Jarullah”* (“*Allanyň goňşusy*”) diýen hormatly ada miýesser bolýar. **Kair**däki dünýä ýaýran **Al-Azhar** dini edarasynyň talyplary häzir hem “*Al-Kaşşof*” esasynda Gurhany kerimi öwrenýärler. Ol, şonuň ýaly-da, taryhdaky birinji köp dilli sözlük – arapça-parsça-türki sözlükleriň esaslandyryjysy bolupdyr. ***Mahmyt Zamahşary*** **1144-nji ýyl**da Horezmde aradan çykypdyr.

**1995-nji ýyl**da Özbegistanda ***Mahmyt Zamahşarynyň*** **920 ýyllygy** giňden bellenip geçildi.

**Ýusuf Has Hajib.** Türki dilli ýazyjy, akyldar we döwlet işgäri bolan ***Ýusuf Has Hajib*** (XI asyr) “*Kutadgu bilig”* poemasynyň awtorydyr. Ol garahanlylaryň merkezi şäherlerinden bolan **Balasagun**da doglan. ***Ýusuf*** bu ýerde arap, pars dilini we ondaky edebiýatlary pugta öwrendi. Filosofiýa, mantyk, matematika we başga bilimleri kämil eýeledi, döwlet işleri, dolandyryş kadalary bilen gyzyklandy. ***Ýusuf***yň durmuşy we döredijilik ýoly baradaky maglumatlar örän az. ***Ýusuf Has Hajib*** barada maglumat berýän ýeke-täk çeşme “*Kutadgu bilig*” poemasydyr. Ol **1069-njy ýyl**da *“Kutadgu bilig”* (“*Bagta eltiji bilim*”) eserini **Balasagun**da ýazyp başlaýar we **1070-nji ýyl**da **Kaşgar**da tamamlaýar. Eseri garahanlylar hökümdarlaryndan bolan ***Tawgaç Bugrahan***a gowşurýar. “*Kutadgu bilig”* ***Tawgaç Bugrahan***a makul gelip, ***Ýusuf***a *“Has Hajib*” (gapy agasy) mertebesini berýär. Şondan başlap ýazyjyny ***Ýusuf Has Hajib*** diýip atlandyryp başlaýarlar.

Eserde ynsan we onuň sosial manysy, durmuşdaky orny we wezipesi her taraplaýyn derňelýär. “*Kutadgu bilig*”de ýönekeý halk, zähmetkeş adam aýratyn hormat bilen suratlandyrylýar. “*Kutadgu bilig*”de ahlak, edep, wepa we we söýgi ýaly meseleler barada hikmetli sözler aýdylýar. Ol ylym we medeni aň-bilime bagtyň açary diýip garaýar. Şonuň üçin hem öz

poemasyny “*Kutadgu bilig*” diýip atlandyrýar. Onda ylym we medeni aň-bilimi wagyz edýär, alymlary beýgeldýär, döwlet baştutanlaryny ylym-bilim adamlaryndan tälim almaga we olaryň maslahatlary bilen çemeleşmäge çagyrýar.

**Mahmyt Kaşgarly.** **XI asyr**da ýaşap döredijilik eden **Mahmyt Kaşgarlynyň** durmuşy we döredijiligi barada ýeterli maglumat saklanyp galmandyr. Alymyň doly ady ***Mahmyt Kaşgarly ibn Huseýn ibn Muhammet***. Sosial gelip çykyşy taýdan garahanlylar dinastiýasyna degişli bolupdyr. Ýaşlygynda başlangyç tälimi alyp, **Kaşgar**, **Buhara, Samarkant, Merw, Nişapur** şäherlerinde bilimini artdyrypdyr. Ol arap, pars, türki ýaly 7-8 dili pugta eýeläpdir. **1056-1057-nji ýyllar**da ýurtdaky içki gapma-garşylyklar netijesinde alym öz watanyny terk edip, 15 ýylyň dowamynda töwerekdäki doganlyk halklaryň arasynda gezmäge mejbur bolupdyr. Ana şol ýyllarda ol türki halklar ýaşaýan ülkeleri aýlanyp, bu ýerlerdäki türki taýpalar we uruglar, olaryň gelip çykyşy we atlandyrylyşy, ýerlesişi, urp-adatlary, aýratynam, dil aýratynlyklaryny jikme-jik öwrenýär. Soň Bagdada baryp, **1072-nji ýylda** dünýä meşhur eseri “*Dewanu lugatit türk”* (“*Türki sözler diwanyny*”) ýazyp tamamlaýar.

***Mahmyt Kaşgarlyny***ň bu eseri şol döwürdäki Orta Aziýa halklarynyň taryhyny, durmuşyny, medeniýetini, urp-adatlaryny, edebiýatyny öwrenmekde iň seýrek çeşmedir. “*Dewanu lugatit türk”* eseri ilkinji uniwersal sözlük bolup, öz awtoryny dünýä ensiklopedik alym hökmünde tanadýar. Bu eserinde alym türki taýpalar we uruglar (halklar) dillerindäki sözleriň manysyny arap dilinde düşündirip berýär. ***Mahmyt Kaşgarly*** eseri, özi nygtaýşy ýaly, “*öň hiç kim düzmedik we hiç kime mälim bolmadyk aýratyn bir tertipde*” düzülipdir. Şoňa görä, ***Mahmyt Kaşgarly*** türki halklaryň dili, medeniýeti, etnografiýasy we folklorynyň birinji barlagçysy hasaplanýar. “*Dewanu lugatit türk” eseriniň* gymmaty, alym tarapyndan öz eserinde dünýä kartasynynyň goşmaça edilenligidir.

**Ahmet Ýugnaki.** **XII asyr**da türki dilde döredijilik eden şahyrlardan we akyldarlardan ýene biri ***Ahmet Ýugnaki***di.

***Ahmet Ýugnaki***den ýeke-täk edebi miras *“Hibat ul-hakaýyk”* (*“Hakykatlar sowgady”*) saklanyp galypdyr. Ol türki edebi diliniň gymmatly we seýrek ýadygärligi hasaplanýar. Öz eserinde ***Ýusuf Has Hajib*** ýaly ylym-bilim, alym we bilimlileri beýgeldýär, magaryfperwerligi wagyz edýär, adamlary sowatly we medeni aň-bilimli bolmaga çagyrýar.

***Ýugnaki*** özüni şahyr däl, eýsem edep mugallymy, diýip hasaplapdyr. Özboluşly ahlak kitaby bolan bu esere Gurhany kerim we Hadysy şerif manylary siňdirilen. Ol Yslam dini ahlagyny wagyz etmek, kämil ynsany terbiýeläp ýetişdirmek maksady bilen ýazylypdyr.

**1.** Türki ýazuw edebiýatlaryndan iň seýreklerini bellik ediň.
**2.** Hany aýdyň, türki edebi dili haýsy dilleriň emele gelmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr?
**3.** Mahmyt Zamahşary nirede doglan we ol haýsy atlar bilen beýgeldilipdir?
**4.** “Kutadgu bilig” eseri kim tarapyndan ýazylypdyr?
**5.** Mahmyt Kaşgarly we onuň “Dewanu lugatit türk” eseri barada aýdyp beriň.
**6.** Hany aýdyň, näme üçin Ahmet Ýugnaki özüni şahyr däl, eýsem edep mugallymy, diýip hasaplapdyr?

**Aşakdaky jedweli dolduryň, Edebiýat wekilleri barada maglumat beriň.**

| Ýazyjylar | Haçan ýaşan? | Haýsy atlar bilen beýgeldilen? | Ýazan eserleri |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 28-§. DINI BILIMLERIŇ ÖSÜŞI

**Daýanç düşünjeler:** ***hadys, relam ylmy, ylahyýet, din; sopuçylyk, tarykat, fayýet.***

**Ymam al-Buhary.** Dünýewi ylym alymlary bilen bir hatarda IX asyrda yslam taglymatynyň kämilligi ugrunda mawerannahrly muhaddis ulamalaryň hem hyzmaty uly boldy. Bu babatda aýratynam **Muhammet ibn Ysmaýyl al-Buhary**



**Samarkantdaky Ymam al-Buhary ýadygärligi.**

(810–870) we onuň döwürdeşi hem-de şägirdi **Abu Isa Muhammet at-Termizi**niň (824–894) goşandy örän uludyr.

**Ymam al-Buhary** yslam taglymatyna degişli ýigrimiden artyk eserler ýazdy. Onuň ýekeje *“Al-jome' assahih”* eserine **7275** hadys girizilipdir.

**1998-nji ýylyň oktýabryn**da beýik akyldar ***Ymam al-Buhary*** doglan gününiň **1225 ýyllygy** bellendi. Samarkandyň golaýyndaky **Hartang** obasynda *“Ymam al-Buhary ýadygärlik toplumy”* döredildi. 4 jiltlik *“Al-jome' as-sahih”* kitaby ilkinji gezek özbek dilinde neşir edilip, kitapsöýüjilere hödürlendi.



*** Hadys (arapça: rowaýat, hekaýa) – Yslam dininde Gurhandan soňky mukaddes çeşme, Muhammet pygamberiň (s.a.w.) işleri we görkezmeleri barada toplanan maglumatlar ýygyndysy**

**Abu Mansur al-Moturidi.** Kelam ylmynyň ösmegine uly goşant goşan beýik alym **Abu Mansur al-Moturidi** (870–944) Samarkandyň golaýyndaky **Moturid** obasynda doglan. ***Al-Moturidi*** yslam edep kadalary, ruhy-ahlak kämilligiň syrlaryndan tälim bermäge niýetlenen ençeme eserler ýazypdyr. Olardan diňe *“Kitap at-Tawhid”* (“*Allanyň birligi*”) we *“Ta'wilot ahl as-sunna”* (“*Sünnülik däpleriniň düşündirişi*”) atly eserleri saklanyp galypdyr. Olarda dini taglymat, yslam urf-adatlary adamyň kemala gelmeginde dünýägaraýşyň şekilleniş manysy beýan edilen. ***Al-Moturidi*** **944-nji ýyl**da Samarkantda aradan çykypdyr.



**Abu Mansur al-Moturidi ýadygärligi.**

Garaşsyzlyk mynasybetli dini gymmatlyklarymyz dikeldilýän Watanymyzda **2000-nji ýylyň noýabryn**da ***Ymam al-***

***Moturidi*** doglan gününiň **1130 ýyllygy** bellendi. Samarkantda ***al-Moturidi*** hatyrasyna bagyşlanan ýadygärlik toplumy döredildi, eserleri özbek dilinde neşir edildi.

***Yslam äleminde "Musulmanlaryň ygtykadyny düzediji" diýen ýokary hormata sezewar bolmagy bu seýrek şahsyň uly akyl-paýhasyny we tutanýerliligini delillendirýär.***

**Islam Karimow. "Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch".**

**Burhanuddin al-Marginany.** Meşhur ylahyýet (hukukşynas) alymy **Burhanuddin al-Marginany 1117-nji ýyl**da **Riştan**da (Fergana jülgesi) doglan. ***Al-Marginany***nyň iň seýrek eseri dört jiltli "*Hidoýa*" eseridir. *"Hidoýa"* yslam hukukşynaslygy boýunça kämil eser bolup, birnäçe asyrlaryň dowamynda musulman ýurtlaryndaky hukukşynaslar üçin hem nazary, hem amaly gollanma wezipesini ýerine ýetirip gelipdir. Kitap birnäçe dillere terjime edilipdir.

Häzirki günde hem möhüm çeşme hökmünde peýdalanyp gelinýär. Şu sebäpli beýik alym diňe bir ulamalar däl, eýsem ýönekeý halkyň arasynda hem "*hidaýat ýolunyň serdary*" diýip uly hurmat gazanypdyr. Burhoniddin *wal-milla* (yslam dininiň delili, subuty) diýen hormatly ada sezewar boldy.

**2000-nji ýyl**da ***al-Marginany***nyň doglan güni giňden bellendi. Şu mynasybetli Margilan şäheriniň merkezinde Burhanuddin Marginany ýadygärlik toplumy gurlup, şu ýerde onuň simwolik kümmeti ornaşdyryldy.

**Din.** IX–XIII asyr ruhy durmuşynda Yslam dini möhüm orun eýeleýär. Bu döwürde musulman Gündogarynda giň ýaýrap, dünýä dini derejesine çenli göterilen Yslam dini halkyň durmuşynda möhüm orun eýeleýär. Mawerannahryň ilaty Yslam dinini kabul edip, şerigat kadalaryny ýerine ýetirmäge, arap dilini we ýazuwuny öwrenmäge girişdi. Merkezi şäherlerde ençeme metjit we medreseler guruldy.

**XII asyr**da bolsa Buharanyň Derwezei Mansur mähellesinde hatda kanunşynaslar üçin mahsus *"Fakihler medresesi"*

gurlupdyr. Şeýle ýokary okue edarasy esasan Yslam dini taglymatynyň esasy çeşmeleri: Gurhany kerim, Hadysy şerif we arap dilini kämil öwrenmäge uly üns beripdir. Şerigat kadalaryny her taraplaýyn çuňňur öwretmäge *“Tafsir”* – Gurhany kerimiň düşündirişleri örän baý we gymmatly çeşme hasaplanypdyr. Ylahyýet ylmy (yslam hukukşynaslygy) ahlak we şerigat kadalary barasynda kämil maglumat berýär.

Yslam dini taglymatynyň ösmegi we wagyz işleriniň giňelmeginde, aýratynam Buhara şäheri merkeze öwrüldi. Buhara medreselerinden örän köp ökde hukukşynas alymlar, kazylar, ymamlar ýetişip çykýar. Şu sebäpli-de **Buhara IX asyr**dan başlap *“Kubbat ul-islam” – “Yslam dininiň gümmezi”* ady bilen şöhrat gazanýar.

**Sopuçylyk.** Sopuçylyk orta asyr musulman Gündogarynda giň ýaýraýar. Bu taglymat ilki VIII asyryň ortalarynda Yrakda emele gelipdir.

Sopuçylyk taglymaty esasynda adamyň işi we onuň kämilligi ýatýar. Mawerannahryň dürli ülkelerinde sopuçylygyň dürli tarykatlary peýda bolýar. Türküstanda **XII asyr**da *Ýassawiýa*, **XII asyryň ahyrynda** Horezmde *Kubrawiýa*, **XIV asyr**da Buharada *Nagyşbendiýa* we başgalar emele gelýär.

*** Sopuçylyk (sufizm) — musulmanlary halallyga, päklige, deňlige, adam gadyr-gymmatyny ýere urmazlyga ündeýän, her kimi özüniň halal zähmeti bilen ýaşamaga, başgalaryň güýjünden peýdalanmazlyga çagyrýan taglymat.**
*** Tarykat — sopuçylyk kadalaryna amal edip ýaşamak, ýagny kämil ynsan derejesine ýetmegi görkezýän ýol.**

Mawerannahrda giň ýaýylan sopuçylyk – *Ýassawiýa tarykaty* bolup, oňa ***Ahmet Ýasawy*** esaslandyrýar. Tarykatyň esaslary Ýasawynyň meşhur *“Hikmet”* eserinde beýan edilýär. Ahmet Ýasawynyň pikiriçe, *şerigatsyz tarykat, tarykatsyz magaryf, magaryfsyz hakykat* bolup bilmeýär. Olaryň her biri ikinjisini üstüni ýetirýär we kämilleşdirýär. Ýassawiýa

tarykatynyň esasynda kämillige ýalňyzlyk we terkidünýälik arkaly ýetişmek taglymy öň sürülýär. Oňa diňe bu dünýäniň rahatyndan ýüz öwrüp, ýalňyzlykda tagat we ybadat ugrunda jan edip, maşakgatly zähmet çekmegi başaran adam ýetip bilýär. Mahlasy, Ýasawy tarykatynda maşakgatly zähmet we ezýet şerigat ugrunda bolmalydygy hem-de terkidünýälik wagyz edilse-de, ynsan ýokary derejede beýgeldilýär. Ynsanyň islendik mal-dünýäden we döwletden üstün durmalydygy nygtalýar.

Sopuçylyk taglymatynyň beýik wekillerinden ýene biri **Nejmiddin Kubra**dy (1145–1221). Ol Horezmde *“Kubrawiýa”* tarykatyny esaslandyrýar.

Ýassawiýa tarykatyndan tapawutlylykda, Kubrawiýa tarykaty terkidünýäligi ret edýär. Kämillik ugrunda alnyp barylýan maşakgatly zähmet prosesinde bu dünýäniň näz-nygmatlaryndan lezzetlenmelidigi taglymy öňe sürülýär. Kubrawiýa tarykatynda halka we Watana bolan söýgi örän güýçli bolup, islendik agyr pursatlarda-da köpçülik bilen birlikde bolmak, Watany goramak we onuň garaşsyzlygy üçin göreşe çagyrylýar.

Sopuçylyk **XIV asyr**da nagyşbendiýa tarykatynda has-da ösdi. Ony **Bahaweddin Nagyşbend** esaslandyrýar. Ol **1318-nji ýyl**da Buharanyň golaýynda **Kasyry Hinduwan** obasynda matalara nagyş basyjy hünärment maşgalasynda dünýä inýär. Ýaşlygynda tälim almak bilen bir hatarda parça mata gül basmagy pugta öwrenip, ata kesbi nakgaşlygy eýeläpdir.

**Hoja Bahaweddin** *“Durmuşnama”* we *“Dalil al-oşikin”* atly eserler ýazyp, öz tarykatyny döredýär. Nagyşbendiýa tarykaty Mawerannahrda, Horasanda we Horezmde giň ýaýraýar. Nagyşbendiýa tarykaty adamlary halal we päk bolmaga, öz zähmeti bilen güzeran geçirmäge, mätäçlere haýyr-ygsan bermäge, ak ýürekli we sada bolmaga çagyrýar. Onuň *“Dil ba ýar-u dast ba kor”* (“Köňül Allahda bolsun, el zähmetde bolsun”) diýen hikmeti Nagyşbendiýa tarykatynyň durmuşy manysyny aňladýar. Ol terkidünýäligi ret edip, zähmetsöýerlik, adyllygy we bilimliligi wagyz edýär. Nagyş-

bendiýa taglymatynyň ösmegine soňky asyrlarda **Alyşir Nowaýy, Abdurahman Jamy, Hoja Ahrar** ýaly beýik alymlar uly goşant goşýarlar.

Garaşsyzlyk arkaly **Ahmet Ýasawy, Bahaweddin Nagyşbend, Nejmiddin Kubra** ýaly babakelanlarymyzyň eziz atlary dikeldildi, guburlary abat edildi. Eserleri çap edilip, olaryň bahasyna ýetip bolmaýan ruhy miraslaryndan häzirki nesiller ruhy lezzet alýarlar. Hakykatdan hem, yslam tälim-terbiýasi esasynda eždatlarymyz kemal tapyp, özlerinden öçmez taryhy miras galdyrypdyrlar.



1. Mawerannahrly muhaddis ulamalardan kimleri bilýärsiňiz?
2. Al-Moturidi nähili eserler ýazypdyr?
3. Ruhy durmuşda Yslam dininiň ähmiýeti nämede diýip oýlaýarsyňyz?
4. Sopuçylyk nähili taglymat?
5. Ýassawiýa tarykaty esasynda nähili garaýyş üstün?
6. Kubrawiýa tarykatyndaky watanperwerlik taglymlary häsiýetlendiriň.
7. Nagyşbendiýa tarykaty adamlary nämä ündeýär?

## 29-§. BINAGÄRÇILIK, SUNGAT WE SAZ

**Daýanç düşünjeler:** ***binagärçilik, sungat; nakgaşlyk, haşamçylyk, hatdatlyk, şaşmakom.***

**Binagärçilik.** Orta asyr jemgyýetiniň sosial-syýasy ulgamy we Yslam dini aňyýeti medeni durmuşyň bu ugruna-da güýçli täsir etdi. **Samarkant, Buhara, Ürgenç, Termiz, Özgen** we **Merw** ýaly şäherlerde bu döwürde ençeme köşk, metjit, medrese, minara, kümmet, basyrlan bazar we kerwensaraýlar gurulýar. Buhara şäherindäki *Ysmaýyl Samany* kümmeti, *Namazgäh* metjidi, *Minarai Kelan* hem-de *Wabkent* we *Jarkorgandaky minaralar* we ençeme başga binalar şol döwür binagärçiliginiň nusgalaryndandyr. Bu ýadygärlikler özboluşly binagärçiligiň ösüş gazanlygyny delillendirýär.

Bu döwürde ýonulan daş, bişen kerpiç we suwa çydamly

gurluşyk garyndylaryndan dürli suw desgalary: suw howdanlary – bentler, köprüler, sardobalar we kärizler gurulýar. Şeýle desgalaryň ölçegleri matematika nukdaý nazaryndan örän pugta işlenipdir. Meselem, **X asyrd**a Nurata gerişlerindäki Pesdag deresiniň öňi beklenip gurlan **Hanbendi** atly suw howdanyna 1,5 mln metr kub suw toplanan. Bent granit daşyndan we suwa çydamly gurluşyk garyndysyndan gurlupdyr. Bu suw howdanyny guranda suwuň wertikal we gorizontal basyş güýji we bu çäklerde ýygy-ýygydan bolup durýan ýer titremeleriniň silkiniş güýçlerini hem hasaba alypdyrlar. Bu, şübhesiz, **XVII asyryň** meşhur fransuz fizigi **Blez Paskal** tarapyndan suwuň basyş güýji barada döredilen açyşyndan 7 asyr öň mawerannahrly inženerlere mälimdigini delillendirýär.



**X asyr suw howdanynyň bendi — Hanbendi**

**X asyr**dan başlap binagärlikde karkasly ymaratlar giň ýaýraýar. *Ýekekarkas* we *goşakarkasly* binalaryň aşaky karkaslaryndan çekip sütünleridir gapdallaryna we pürslerine çenli agaçlary birikdirmek usulynda gurlup, karkaslaryň arasy çig kerpiç ýa-da pagsalar bilen örülipdir. Şeýle ymaratlary gurmak häzire çenli saklanyp gelýär. **Afrasiýab, Warahşa, Buhara** we **Paýkent** şäher harabalarynda köwlenip açylan ýaşaýyş jaý galyndylaryndan mälim bolşy ýaly, X–XI asyrlarda-da **pagsa** we **çig kerpiç**den gurlan ymaratlar şäher binagärçiliginde esasy orny eýeläpdir.

**Nakgaşlyk, haşamçylyk we hatdatlyk.** IX–XII asyryň başlarynda binagärçilik bilen birlikde *nakgaşlyk* we *haşamçylyk* sungaty hem ep-esli ösüş gazanypdyr. Ymaratyň potaly, gapysy we diwarynyň käbir bölekleri dürli mazmundaky ýazuwlar bilen örtülýärdi.

Bu döwürde *hatdatlyk* halk sungatynyň möhüm we giň ýaýran ugurlaryndan biridi. Entek kitap çap etmek açyş edilmänligi, golýazma kitaplaryň nusgalary diňe elde

göçürilmegi sebäpli hatdatlyk sungaty ep-esli ösüş gazanypdyr. Dürli stilde dürs ýazuw bilen ýazylan hatdatlyk nusgalary binagärlik nagyşlarynda-da durmuşy mazmun we estetik lezzet berýän bezeg hökmünde ulanylýar.

**Saz sungaty.** IX–XIII asyryň başlarynda saz sungaty hem örän ösüpdir. Baýramlar, toýlar, halk seýilleri we başga dessurlar, şübhesiz, aýdym-sazsyz geçmeýärdi. Bu döwürde sazandalar ud, tanbur, gopuz, rubab, naý, surnaý, kernaý, goşnaý we kanun ýaly örän köpdürli kirişli, kakylyp we üflenip çalynýan saz gurallaryndan giňden peýdalanypdyrlar.

Halk sazlary esasynda soňluk bilen täjik we özbek halklarynyň klassyk sazy *“Şaşmakom”* üçin esas bolan *“Rast”, “Husrawoniý”, “Boda”, “Uşşak”, “Zerafkanda” “Buzruk”, “Sipahan”, “Nawo”, “Basta”, “Tarona”* ýaly täze-täze sazlar döredilipdir. Saz sungaty şygryýet hem-de sazşynaslyk ylmy bilen aýrylmaz baglanan ýagdaýda ösýär.

**1.** IX-XII asyrlardaky binagärçilik nusgalary barada aýdyp beriň. Olar barada goşmaça edebiýatlardan maglumatlar toplaň.
**2.** Nakgaşlyk, haşamçylyk we hatdatlyk sungaty nädip ösüpdir?
**3.** “Şaşmakom” näme?

# V BAP.
# EMIR TEMUR WE TEMURILER DÖWRI TARYHY

## 30-§. XIV ASYRYŇ ORTALARYNDA MAWERANNAHRDA SOSIAL-SYÝASY ÝAGDAÝ

**Daýanç düşünjeler:** ***syýasy dagynyklyk, syýasy göreş meýdany, ýurt özbaşdaklygy üçin göreş, sarbadarlar.***

**Syýasy dagynyklyk.** **XIV asyryň 50–60-njy ýyllaryn**da Mawerannahr 10 -a ýakyn özbaşdak bekliklere bölünip gidipdir. Ol ýerdäki häkimler özlerini häkimi mutlak (absolýut häkim) diýip yglan edýärler. Ýurtdaky her bir welaýat aýratyn hökümdarlyga bölünip, olaryň arasynda gapma-garşylyk güýçlenýär we ganly uruşlara öwrülýär. Syýasy dagynyklyk, özara uruşlar we jenjeller ykdysady krizise sebäp bolup, ýurduň ilatyny, aýratynam daýhanlar hojalygyny tozdurypdy.

Munuň üstesine Gündogar Türküstanda we Ýedisuwda emele gelen Mongoliýa hanlary birnäçe gezek Mawerannahryň üstüne ýörüş edip, ony talaýarlar. Mongoliýa hanlarynyň weýrançylyga getirýän ýörüşlerine, jebir-sütemine garşy halk hereketleri başlanýar.

Ynha şeýle özara içerki uruşlar güýjän, mongollar zulmuna garşy zähmetkeş halk hereketleri başlanan bir döwürde ýurtda täze syýasy güýç emele gelýärdi.

**Emir Temuryň ýaşlyk döwri.** ***Emir Temur*** Keş welaýatyndaky **Hojailgar** obasynda (Ýakkabag tümeni) **1336-njy ýylyň 9-njy aprel** güni doglan. Onuň doly ady **Emir Temur ibn Emir Taragaý ibn Emir Barkul**. Emir Temuryň enesi **Takina hatun** Keş ýurdunyň abraýly bikelerinden (bek aga) hasaplanypdyr. Onuň atasy ***Emir Taragaý*** *barlas* urugynyň aksakgallaryndan bolup, ata-babalary Keş we Nasaf welaýatynda öz mülklerine eýe bolupdyr we bu ýurtda häkimlik edipdir.

***Emir Temur***yň ýaşlygy ene ýurdy Keşde geçdi. ***Emir Taragaý*** ogluny ýaşlygyndan asylzadalara laýyk okadypdyr we her taraplaýyn bilim beripdir: uly-kiçi bilen gepleşmek tärini,

aw awlamak we harby ylymlary öwredipdir. Ýaş Temury ýedi ýaşdaka medresä okamaga berýärler. Ol medresä gelende elipbiýden kämil habarly bolupdyr. On iki ýaşyndan başlap çagalara mahsus bolan güýmenç oýunlardan gaça durup, indi öz deňleri bilen harbylyga degişli oýunlar bilen meşgullanýar. ***Emir Temur*** ýaşlyk çagyndan başlap çapyksuwarlyk we awa gyzyklanyp, kemandan nyşana ok atmak, at çapdyryp dürli maşklary we harby oýunlar bilen meşgul bolmagy halaýardy. Şeýdip ***Emir Temur*** bedewleri saýlap seçip bilýän ökde çapyksuwar we batyrgaý ýigit hökmünde kemala gelipdir. Onuň töwereginde çagalykdaky dostlary we mekdepdeşleri toplanyşyp, bilelikde maşk edýärdiler, ýaryşlara gatnaşýardy, ýuwaş-ýuwaşdan nöker bolup, harby topara birleşerdiler. Soňluk bilen olar ***Emir Temur***yň egindeşlerine öwrülip, onuň goşunynda leşgerbaşylyk derejesine çenli göterilipdir.

Şeýdip, ***Emir Temur*** öz döwrüniň sowatly we terbiýeli hökümdarlaryndan bolup ýetişýär. Lukmançylyk, matematika, astronomiýa, binagärçilik we taryh ylmyndan gowy habarly bolupdyr. ***Emir Temur*** bilen ýüzbe-ýüz oturyp söhbetleşmäge miýesser bolan beýik arap filosofy ***Ibn Haldun***yň nygtaýyna görä, ***Emir Temur*** türk, arap, pars halklarynyň taryhyny çuňňur öwrenipdir, dini, dünýewi we filosofik bilimleriň iň çylşyrymly taraplaryna çenli gowy özleşdirmegi başarypdyr.

Özüniň ilkinji harby işini ***Emir Temur*** gol astyndaky nökerleri bilen käbir welaýatyň emirlerine hyzmat etmekden başlapdyr. Olaryň özara göreşlerinde gatnaşyp, edermenlik görkezipdir we söweşlerde taplanypdyr. Harby ussatlyk we ak göwünlilik ***Emir Temur***yň şöhratyny artdyryp, onuň ady bütin Kaşgaderýa oazisine, hususan-da Keş welaýatyna ýaýylypdyr.

***Emir Temur*** Çagataý hanlaryndan ***Gazagan***yň agtygy, **Emir Huseýn**iň jigisi **Ulýer Türkan Aga** öýlenendigi sebäpli ***Emir Temur*** bilen Balh häkimi **Emir Huseýniň** arasynda ýaranlyk emele gelýär.

**Emir Temuryň syýasy göreş meýdanyna girip gelmegi.** **XIV asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyry**nda Mawerannahrda

emirleriň özara göreşi güýçlenip, ýurtda syýasy dagynyklyk öwjüne galypdyr. Mongoliýa hanlary Mawerannahrdaky agyr syýasy ýagdaýdan peýdalanyp, bu ülkede öz häkimiýetini ornaşdyrmaga synanyşýarlar. Mongoliýa hany **Tugluk Temur 1360–1361-nji ýyllar**da Mawerannahra yzly-yzyna iki gezek çozup girýär. Mawerannahr bekleri birleşip bilmän halky öz halyna taşlap gidýärler. ***Emir Temur***yň agasy – Keş welaýatynyň hökümdary **Emir Hajy Barlos** Horasan tarapa gaçýar. 24 ýaşly ***Emir Temur*** bolsa başgaça ýol tutýar.



**Sahypgyran Emir Temur**

***Temur*** öz ýurduny mongol basybalyşyndan goramak üçin köp oýlap, ***Tugluk Temur***yň huzuryna barmagy berk ýüregine düwýär. Netijede ol ***Tugluk Temur***yň ýarlygy bilen Keş welaýatynyň *darugasy* (häkimi) edip bellenýär.



*** Doruga – mongolçadan “gözegçi”, “şäher başlygy” diýen manyny berýär. Mongollar döwletinde ýerli häkimler huzuryndaky beýik koon wekili, naýyby. Doruganyň üstüne aşakdaky wezipeler ýüklenen: ilaty sanawa almak; ýerli halkdan goşun toplamak; poçta aragatnaşyklaryny ýola goýmak; salgytlary ýygnamak; toplanan salgyt-tölegleri beýik koon köşgüne tabşyrmak**

Şeýdip, ***Emir Temur*** syýasy göreş meýdanyna girip gelýär. Soňluk bilen, özüniň bu hereketini ***Temurbek*** ilaty mongollar tarapyndan talanmagyndan goramagyň ýeke-täk ýoly – pugta oýlanylan plan 100 müň adamly goşundan güýçli diýip, düşündirýär.

**Tugluk Temur** ogly **Ilýashoja**ny Mawerannahryň hökümdary edip belläp, Mongoliýa gaýdyp gidýär. ***Ilýashoja*** bilen

***Emir Temur*** ylalaşmaýarlar. Şu sebäpli ol Mawerannahryň abraýly emirlerinden biri, Balh häkimi ***Emir Huseýn*** bilen ýaranlyk düzüp, mongollara garşy göreş alyp barýar. **1363-nji ýyl**da Amyderýanyň çep kenarynda, **Gunduz** şäheriniň ýanynda umumy duşmanyň üstünden ýeňiş gazanýarlar. Soňky iki ýylyň dowamynda ýaranlar ***Ilýashoja*** baştutanlygynda jeta leşgerleri bilen birnäçe gezek söweşýärler. Ahyrynda **1364-nji ýylyň ahyry**nda olar mongollary Mawerannahrdan kowup çykarýarlar.

Ýöne Mawerannahry elden gidermegi islemedik ***Ilýas-hoja*** **1365-nji ýylyň bahary**nda ýene Mawerannahryň üstüne goşun çekýär. Iki aradaky söweş **1365-nji ýylyň 22-nji maý** güni Daşkent bilen Çinazyň arasyndaky Çyrçyk derýasynyň boýunda bolýar. Taryhda ol *"Laý söweşi"* ady bilen şöhrat gazanýar. Çünki şol güni güýçli çabga guýup, söweş meýdany batgalyga öwrülipdir, hatda atlar laýa batyp galypdyr.

Söweşde ***Emir Temur**yň* goşuny ýeňişli hereket edip, duşmanyň goşunynyň sag ganatyna weýran ediji zarba berýän mahalynda ***Huseýn*** öz esgerlerini bäsdeşiň çep ganatyna taşlaman, söweş meýdanyny terk edýär. ***Emir Temur*** çekinmäge mejbur bolýar.

Bu ýeňişden soň **Ilýashoja** hiç hili garşylyga duçar bolman, **Hojant** we **Jyzzak** şäherlerini eýeläp, **Samarkand**yň üstüne ööreýär. Samarkantda ýaragly goşun bolmasa-da, halk şäher goranmasyny öz eline alýar. Uzak dowam eden mongol hökümdarlygyna garşy aýaga galan bu halk hereketi taryhda *Sarbadarlar hereketi* ady bilen şöhrat gazandy.

**Samarkant sarbadarlary.** Sarbadarlar hereketi **XIV asyryň 60-njy ýyllaryn**da Mawerannahrda mongol hanlarynyň hüjümi sebäpli emele geldi. Samarkant sarbadarlaryna medrese mugallymy **Mawlanazada Samarkandy**, hünärment **Abu Bekr Kalawy** we şäher mähellelerinden biriniň aksakgaly, ökde mergen **Hurdaki Buhary**lar baştutanlyk edýärler. Sarbadarlar mongollara Samarkant şäherinde weýran ediji zarba berýärler. Munuň üstesine olaryň atlarynyň arasynda kesel ýaýrap, atlar

gyrlyp başlady. Çäresiz galan ***Ilýashoja*** ilki Samarkandy, soňra bolsa bütin Mawerannahry taşlap çykyp gitmäge mejbur bolýar.

Sarbadarlar emeldarlaryň mal-mülküniň bir bölegini elinden alyp garyplara paýlap beripdirler. Bu bolsa hökümdar gatlaklaryň ýiti närazylygyna sebäp bolupdyr.

Sarbadarlar baştutanlygyndaky samarkantlylaryň mongol hany ***Ilýashoja****nyň* üstünden ýeňşi we şäherdäki tertipsizlik baradaky habar ***Emir Temur*** bilen ***Emir Huseýn***e-de baryp ýetýär. **1366-njy ýylyň baharyn**da olar Samarkanda ýol alýarlar we şäheriň golaýyndaky *Konigil kwartaly*na gelip saklanýarlar. Bekler sarbadarlaryň ýolbaşçylary bilen gepleşikler alyp barýarlar. Duşuşygyň birinji gününde olara yzzat-hormat edilýär. Ýöne ertesi güni **Abu Bekr Kalawy** bilen **Hurdaki Bukhary**lar ***Emir Huseýniň*** buýrugyna görä dara asylýarlar. Mundan giç habar tapan ***Emir Temur*** **Mawlanazada**nyň durmuşyny ***Emir Huseýn***den sorap bilýär we ony ölümden halas edýär.

*** Sarbadarlar (parsça "sar" – baş, "dar" – dar; başyny dara asanlar) — XIV asyrda Eýranda we Orta Aziýada mongol zulmuna garşy halk gozgalaňy gatnaşyjylary. Gozgalaňda giň halk köpçüligi gatnaşypdyr. Sarbadarlar maksadyna ýetmek üçin azatlyk ugrunda dara asylmaga-da taýýardyrys diýen şygar astynda göreş alyp barypdyrlar.**

Şeýdip, sarbadarlar baştutansyz galdyrylyp, hereket basyp ýatyrylýar. Mawerannahrda ***Emir Huseýn***iň hökümdarlygy ornaşdyrylýar. Emma köp wagt geçmän ***Huseýn*** bilen ***Emir Temuryň*** arasynda gatnaşyk ýitileşip, aç-açan gapma-garşylyga öwrülýär. **1366–1370-nji ýyllaryň** dowamynda olaryň arasynda birnäçe gezek özara çaknyşmalar hem bolýar.

1. Näme sebäpden Mawerannahrda syýasy dagynyklyk güýçlenýär?
2. Emir Temuryň ýaşlygy barada nämeleri bildiňiz?
3. Emir Temur nähili ýagdaýda syýasy göreş meýdanyna çykýar?
4. "Laý söweşi" barada aýdyp beriň.

**5.** Sarbadarlar kimler, olar kimlerge garşy göreşipdirler?
**6.** Emir Temur barada nähili kitaplary okadyňyz?

**Aşakdaky jedweli dolduryň. Şu senelerde nähili wakalar bolup geçdi?**

| | |
|---|---|
| **XIV asyryň 50–60-njy ýyllary** | **1363-nji ýyl -** |
| **1336-njy ýyl 9-njy aprel -** | **1365-nji ýyl 22-nji maý -** |
| **1360–1361-nji ýyllar -** | **1366–1370-nji ýyllar -** |

## 31-§. EMIR TEMUR – MERKEZLEŞEN DÖWLETIŇ ESASLANDYRYJYSY

**Daýanç düşünjeler:** ***Emir Temur hökümdarlygynyň başlanmagy, Ýokary häkimiýet simwoly, merkezleşen döwlet, Mawerannahryň we Horasanyň birleşdirilmegi.***

**Emir Temuryň häkimiýet başyna gelmegi.** **XIV asyryň 60-njy ýyllaryn**da Mawerannahrda höküm süren agyr syýasy we ykdysady ýagdaý ýurdy birleşdirip, güýçli bir döwlet döretmegi talap edýärdi. ***Emir Temur*** öz döwrüniň şeýle talabyny başga emirlere garanda gowyrak düşünýärdi. Şonuň üçin hem ol merkezleşen döwlet düzmäge girişýär. Şeýle maksady amala aşyrmakda ol aksakgallar, harbylar, söwdagärler we şäher hünärmentleri gatlaklaryna daýanýar. ***Emir Temur*** bu uly maksadyny amala aşyrmak işini ilki bilen içerki ganymlaryna garşy göreşden başlaýar.

**1370-nji ýylyň baharyn**da ***Emir Temur*** bütin goşunlary bilen güýçli bäsdeş – Balh hökümdary ***Emir Huseýn***e garşy ýola çykýar. Goşun Termiz golaýyndaky *Biýa obasyna* ýetende onuň huzuryna görnükli ulamalardan ***Seýid Baraka*** gelýär. **Seýid Baraka** ***Emir Temuryň*** işlerini goldap, oňa Ýokary häkimiýet simwoly *negera* bilen *baýdak* sowgat edip, onuň gelejeginiň beýikdigini öňünden aýdýar. Bu waka, şübhesiz, syýasy ähmiýete eýedi. Çünki *negera* bilen *baýdak*, musulmanlaryň adatyna görä, täji-tagt simwoly bolup, ony ýokary mertebeli ruhanynyň elinden almak tiz arada onuň täji-tagt we soltanlyk eýesi boljakdygyna yşaratdy.

***Emir Temuryň*** goşuny tä Balha ýetip barýança, ýol ugruna oňa täze-täze güýçler gelip goşulýar. Şu wagta gelip ***Emir Huseýn***iň aglaba emirleri ony terk edýärler. Söweşde ***Emir Huseýniň*** goşunlary ýeňilýär, iki günlük gabawdan soň, **1370-nji ýylyň 10-njy aprelin**de Balh şäheri ***Emir Temur***a boýun egýär. ***Emir Huseýn*** öldürilýär.

**Ertesi güni** bolup geçen gurultaýda ***Emir Temur***yň hökümdarlygy resmi taýdan ykrar edilip, ol *Mawerannahryň emiri* diýlip yglan edilýär.

**Merkezleşen döwletiň döredilmegi.** Döwleti syýasy we ykdysady taýdan pugtalandyryp, köpden bäri dowam edip gelýän içerki dagynyklygy aradan aýyrmak, parahatçylygy we asudalygy ornaşdyrmak maksadynda ***Emir Temur*** **1370-nji ýylyň iýul** aýynda Samarkantda uly gurultaý çagyrýar. Gurultaýda merkezi döwlet düzümini şekillendirmek we goşun düzmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar. **Samarkant** döwletiň paýtagty diýlip yglan edildi. Samarkantda pugta diwarlar, galalar hem-de köşkler gurmaga girişilýär. Bu ymaratlar Samarkant mongollar tarapyndan weýran edilenden soň 150 ýyl geçensoň, ilkinji gezek gurlan umumýurt möçberindäki desgalardy.

***Emir Temur*** ýurtda kanun we tertip işlerini girizýär. Mahsus goşun düzüp, oňa uly ýeňillikler berýär. Ol iri harby bölümleriň baştutanlaryny we harbylaryny belleýär.

***Emir Temur*** tagta geçensoň, Çagataý ulusynyň ähli ýerlerine özüni mirasdüşer hasaplady. Sahypgyran Syrderýanyň aşaky basseýnindäki ýerleri, Daşkent welaýatyny, Fergana jülgesini we Horezmi öz hökümdarlygy astyna girizýär. ***Emir Temur*** **1372-nji ýyl**dan başlap Horezme bäş gezek harby ýörüş etdi we Horezm **1388-nji ýyl**da üzül-kesil boýun egdirildi.

**1381-nji ýyl**da *Hyrat, Seýistan, Mazanderan* eýelendi. Şondan soň *Sarahs, Jam, Kawsiýa, Sabzawar* şäherleri söweşsiz ***Emir Temur***a boýun egdi we onuň garamagyna geçdi. Şeýdip,

***Emir Temur*** Mawerannahry, Horasany we Horezmi birleşdirip, iri merkezleşen döwlet düzdi. Bu uly çäkde ýaşaýan halklaryň birleşmegi olaryň tagdyrynda oňyn ähmiýete eýe boldy.

1. Emir Temur bilen Emir Huseýniň arasyndaky gapma-garşylyk nähili tamamlandy?
2. 1370-nji ýylyň 11-nji aprelinde geçirilen gurultaýyň taryhy ähmiýeti nämeden ybarat?
3. Samarkant şäherini gaýtadan gurmakda Emir Temuryň hyzmati barada nämelerni bilib öňkiz?
4. Mawerannahr nähili ýol bilen birleşdirildi?
5. Horezm ýörüşleri we onuň netijesi barada aýdyp beriň.
6. Bu döwürde Emir Temuryň taryhy hyzmaty nämeden ybarat boldy?

## 32-§. EMIR TEMUR SOLTANLYGYNDA DÖWLET DOLANDYRYŞY WE HARBY DÜZÜM

**Daýanç düşünjeler:** ***soltanlyk dolandyryşy, goşun düzümi, harby ýörüşler, suýurgal ýerler, “Temur tuzuklary”.***

**Soltanlyk dolandyryşy.** Sahypgyran Emir Temur öz döwrüniň talap-zerurlyklaryndan gelip çykyp döwlet dolandyryşyny kämilleşdirdi, oňa täzeçe ruh we mazmun berdi. Döwletiň düzüminiň gurluşy harby-syýasy tertiplere esaslanýan bolsa-da, jemgyýetiň ösüşi, ähli sosial gatlaklaryň bähbitlerini üpjün etmek nazarda tutulypdy.

Emir Temur soltanlygynda döwlet dolandyryşy iki edaradan: **dergäh** we **wezirlik** (diwan)dan ybarat bolupdyr. Dergähi Ýokary hökümdaryň özi dolandyrypdyr. Ýerine ýetiriji häkimiýet – diwany diwanbegi (baş wezir) dolandyrypdyr. Diwanda harby wezir, eýeçilik we salgyt işleri weziri, maliýe weziri iş alyp barypdyr. Bulardan daşary serhetleri we tabyn ýurtlaryň dolandyryşy bilen meşgullanýan ýene üç wezir bolup, olar diwanbegä hasabat berip durupdyr.

Daşary we içerki adatdan daşary wakalardan habardar edip durujy müň sany pyýda, müň sany at münen çaparlary bolupdyr. Bütin soltanlyk boýunça bir günlük ýol aralygynda

ýomhanalar döredilipdir. Her bir ýomda 50-200 başdan at-ulag saklanypdyr. Sahypgyran ýurdy dolandyrmakda öz ýakynlaryna daýanýar.

Sahypgyran döwlet dolandyryş işlerinde yslam kada-kanunlaryna esaslanýar. Onuň Gurhany Karim we Hadysy şeriflere gatnaşygy içgin we ýokary derejede bolupdyr. Pygamberiň nesilleri, şeýhul – maşaýyhlara hormaty çäksizdi. Döwleti güýçlendirmekde-de hut şeýle adamlara daýanypdyr.

**Suýurgal ýerler.** Emir Temur uly soltanlygyň garamagyndaky ülkeleri esasan dört bölege (ulusa) bölüp, ogullary, agtyklary we at gazanan emirlere suýurgal hökmünde sowgat edýär. Mawerannahrdan daşary öz garamagyndaky ähli welaýatlary we ýurtlary Emir Temur ölmezinden biraz öň ogullarynyň we agtyklarynyň arasynda paýlaýar: Horasan, Jurjan, Mazanderan we Seýistan (merkezi **Hyrat**) ***Şahruh***a, Günbatar Eýran, Azerbaýjan, Yrak we Ermenistan (merkezi **Töwriz**) ***Miranşah***a, Pars, ýagny Eýranyň günorta bölegi (merkezi **Şiraz**) ***Umarşeýh***e, Owganystan we Demirgazyk Hindistan (merkezi **Gazna**, soňluk bilen **Balh**) ***Pirmuhammede*** suýurgal edip berlipdir.

Uluslar merkezi hökümete tabyn bolsalar-da, emma olar mälim özbaşdaklyga eýediler. Ulus hökümdarlarynyň aýratyn döwlet diwanhanasy, goşuny bardy. Olaryň merkezi hökümete tabynlygy hyrajyň bir bölegini Samarkanda iberip durmak we ýokary hökümdar harby ýörüşlerinde öz goşuny bilen gatnaşmak ýa-da talap edilen esgeri iberip durmakdan ybaratdy.

**Goşun düzülişi.** Emir Temur döwlet özbaşdaklygy we gorag ugrundaky içerki we daşary syýasatynda esasan goşuna daýanýardy. Şonuň üçin hem ol goşun baştutanlaryny saýlamak we olary terbiýelemek, harby bölümler we olaryň ýerleşiş tertibi, nökerleriň we serbazlaryň ýaraglanyşy hem-de içerki tertip-düzgün meselelerine örän uly üns bererdi.

Sahypgyran tertipli goşun düzmägi, söweş wagtynda goşun bölümlerini akylly başly dolandyrmagy, söweş tagdyryny çözýän ýerlere harby güýçleri çaltlyk bilen ýollamagy, bar

bolan päsgelçilikleri çärelilik bilen aradan aýyrmagy, goşundaky söweşjeň ruhy ýokary derejede saklap durmagy gazanypdy.

Emir Temur goşunyna çarwadarlarlar bilen birlikde oturymly ilatdan hem esger toplapdyr. Esger bölümleri welaýatlardan toplamak bilen *tawaçy* wezipesindäki emeldarlar meşgullanýardy. Goşunda harby güýçleriň esasyny düzýän atly esgerler bilen bir hatarda pyýadalar hem gulluk edipdir. Emir Temuryň goşuny san taýdan anyk guralyp, onuň söweşjeň tertibi barha kämilleşdirilipdir, öz döwrüniň öňdebaryjy ýaragy we tehnikasy bilen üpjün edilipdi, bölümler bir-birinden geýim-gejimi, baýdagy we tuglary bilen tapawutlanypdyr. Şeýle tapawut söweşde goşuny dolandyranda amatly bolupdyr.

Emir Temuryň goşuny onluk esger birleşmeler esasynda düzülen harby bölümlerden ybaratdy. Leşger **tümen** – on müňlük, **hazara** – müňlük, **goşun** – ýüzlük we **aýl** – onluk birleşmelere bölünipdir. Emir Temur on müňlük esgeri dolandyrmak üçin **tümen agasy**, müňlük bölümler üçin **mirihazara**, ýüzlükler üçin **goşunbaşy** we onluklar üçin bolsa **aýlbaşy** ýaly harby çinleri döredipdir.

Sahypgyran Gündogarda birinjilerden bolup goşuna otsaçar ýarag – topy alyp giripdir. Dagly çäklerde söweş hereketlerini alyp barýan mahsus harby bölüm we bölünmeler döredilipdir. ***Ibn Arapşa***nyň ýaşatlyk etmegine görä, Sahypgyranyň goşunynda aýallardan ybarat bölünmeler bolup, olar erkekler bilen bir hatarda durupdyrlar, gahrymanlyk we gaýduwsyzlyk nusgalaryny görkezipdirler.

**Söweşe girmek usuly.** Harby ýörüş wagtynda öňde *habarçylar*, olaryň arasyndan *ýasawul* bölünmesi, ondan soňrakda *manglaý* – awangard bölüm barardy. Manglaý bilen goşunyň esasy bölümleriniň aralygynda bolsa serkerdäniň karargähi we onuň töwereginde rezerw bölümler ýerleşýän bolup, ol *“izofa”* diýlip atlandyrylypdyr.

Emir Temuryň goşunynyň esasy söweşjeň bölümleri *merkez*, sag – *burangar* we çep – *juwangar* ganatlaryndan ybarat bolupdyr. Her bir ganatyň öňünde bir sanydan goşmaça

goragçy manglaý – *awangardy,* gapdal tarapynda bolsa bir sanydan goragçy esger goşulmalar – *kanbullar* bolardy. Şeýdip goşun ýedi bölek – *gollardan* ybaratdy. **Şarafiddin Ali Ýazdy** goşuny ýedi gola – bölege bölüp ýerleşdirmek tertibini birinji bolup Emir Temur girizen diýip ýazýar. Bu gollar söweşlerde özbaşdak hereket edip, diňe goşun serkerdesine boýun egipdir.

Emir Temur söweş etmegiň täze harby usullaryny ulanypdyr. Hususan-da, söweş wagtynda goşun ganatlaryny duşmanyň hüjüminden goramak we, öz gezeginde, ganym güýçleri gapdal tarapdan aýlanyp geçip, oňa yzyndan zarba bermek maksadynda düzülen atly bölüm – kunbulyň girizilmegi bolupdyr.

**Emir Temuryň harby ýörüşleri.** Emir Temuryň her bir harby ýörüşine itergi bolarlyk sebäp bardy. Bu sebäpler – öz döwletiniň araçäklerini berkitmek, daşky duşmanlardan goranmak, kerwen ýollaryny dürli garakçylardan arassalamak, hyýanatçy, dönük, aldawçylary jezalandyrmak, boýun egmedikleri boýun egdirmek, özüniň syýasy täsirini giňeltmekden ybarat bolanlygyny taryhy çeşmelerden bilmek mümkin.

Emir Temuryň kömeginde **Tohtamyş Altyn Orda** tagtyny eýeleýär. Soňluk bilen ***Togtamyş*** haýynlyk ýoluna girýär. Ol Emir Temura garşy aç-açan göreşe geçýär. Netijede Emir Temur ***Togtamyş***a garşy üç gezek goşun çekmäge mejbur bolýar.

Soňky gazaply söweş **1395-nji ýylyň 15-nji aprelin**de Demirgazyk Kawkazda **Tarak** (Terek) derýasynyň boýunda boldy. Söweşde Emir Temuryň goşuny duşmana garşy atdan düşüp, ony kemandan oka tutmak usulyny ulanýar. Ok we gylyç zarbyna çydap bilmedik ***Togtamyş*** goşunynyň hatary bozulyp, yza çekinýär we dargap gidýär. ***Togtamyşhan*** sanaglyja esgeri bilen gaçyp jeňňellige girýär we yzarlap gelýän esgerlerden bukulýar.

Rus taryhçylary ***B. D. Grekow*** we ***A.Ý.Yakubowskiý***leriň nygtamagyna görä, Emir Temuryň Togtamyşyň üstünden gazanan ýeňşi diňe bir Orta Aziýa üçin däl, eýsem bütin Gündogar

Ýewropa, şonuň ýaly-da, Rus knýazlyklarynyň birleşmekleri üçin hem uly ähmiýete eýedi.

Emir Temur öz soltanlygynyň günorta araçäklerini berkitmek we giňeltmek maksadynda **Eýran**, **Azerbaýjan**, **Irak**, **Şam** (Siriýa) üstüne üç gezek esger çekýär. Bu ýörüşler taryhda *üç ýyllik, bäş ýyllik* we *ýedi ýyllik uruşlar* diýen ady alypdyr.

Emir Temur öz ygtyýary bilen boýun bolup, maly aman tölän şäherlere degmändir, goşunlary şeýle şäherlere girizmandir. **1398–1399-njy ýyllar**da Hindistana ýörüş edýär we Delini eýeleýär.

Giň gerimli harby ýörüşler netijesinde Sahypgyran Emir Temur soltanlygynyň araçägi Osmanly türkler döwletiniň araçägine baryp direlýär. Emir Temur osmanly türkleriň soltany **Baýazid Ýyldyrym** bilen gatnaşygy gowulandyrmagyň tarapdary bolupdyr. Baýazid *garagoýunlar, muzaffarylar, jalaýyry*laryň Emir Temure garşy hereketlerini goldapdyrlar. Şonuň netijesinde iki döwletiň arasynda çaknyşma boljagy gutulgysyz bolupdyr.

Emir Temur bilen ***Soltan Baýazid*** goşunlarynyň arasyndaky aýgytlaýjy söweş **1402-nji ýylyň 20-nji iýulyn**da Ankaranyň golaýynda, Çubuk kwartalynda bolýar. Bu söweş taryhda *"Ankara söweşi"* diýlip atlandyrylýar. Uzak dowam eden gazaply söweşde Sahypgyranyň güýçleri türk goşunyny çym-pytrak edýär. ***Soltan Baýazid*** ýesir alynýar.

Baýazidiň üstünden gazanylan beýik ýeňiş bilen Emir Temury Fransiýa, Angliýa hem-de Kastiliýa we Leon korollary gutlap, oňa öz mübäreknamalaryny iberýärler. Çünki Sahypgyran indi oýanýan Ýewropa uly howp salyp duran Osmanly türkler döwletine zarba berip, bütin Ýewropanyň halasgärine öwrülipdi.

Kiçi Aziýadan Samarkanda gaýdan Emir Temur **1404-nji ýylyň 27-nji noýabryn**da 200 müň goşun bilen Samarkantdan Hytaýa garşy ýörüşe çykdy. Ýöne Hytaýyň üstüne ýörüş Emir Temuryň tötänden aradan çykmagy **(1405-nji ýyl 18-nji fewral)** sebäpli amala aşman galýar.

**“Temur tüzükleri”.** Emir Temur diri döwründekä onuň harby sungaty we döwleti dolandyrmak usulyna bagyşlanan ýörite eser döredilip, Ol **“Temur tüzükleri”** ady astynda şöhrat gazanýar. Onda döwleti dolandyrmakda kimlere daýanmak, täji-tagt eýeleriniň iş tartibi – tutumy we wezipeleri, wezir we goşun baştutanlaryny bellemek tertipleri kesgitläp berlen. Emir Temuryň *“... döwlet işleriniň dokuz ülşüni geňeş, çäre we maşwarat, galan bir ülşüni gylyç bilen amala aşyrdym”, “Güýç – adalatdadur”* diýen sözleri onuň ýurdy akyl-paýhas we adalat bilen dolandyrandygyna şaýatlyk edýär.

Şeýdip, Sahypgyran Emir Temur döwleti dolandyrmak we harby ugurda özboluşly usul döredip, şu esasda guran döwleti bilen dünýäni haýran galdyrdy.



**1.** Hany aýdyň, Emir Temur soltanlygy nähili dolandyrylypdyr?
**2.** Emir Temur döwletindäki uluslaryň esasy aýratynygy nämeden ybarat bolupdyr?
**3.** Suýurgal ýerler kimlere, näme üçin berlen?
**4.** Hany aýdyň, Emir Temuryň goşuny nähili tertipde düzülen? Çingiz hanyň goşunyndan nämesi bilen tapawutlanypdyr?
**5.** Emir Temur nähili usulda söweşe giripdir?
**6.** “Temur tüzüklerinde” nämeler beýan edilen?

**Aşakdaky jedweli dolduryň. Emir Temur soltanlygynda döwlet dolandyryşy:**

| Döwlet dolandyryşy | Uluslar | Goşun düzülişi | Söweşe girmek usuly |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 33-§. EMIR TEMURYŇ DAŞARY SYÝASATY

**Daýanç düşünjeler:** ***Gündogar we Günbatar ýurtlary bilen gatnaşyklar, diplomatik aragatnaşyklar, ilçileriň gelmegi, Beýik Ýüpek ýolunda söwda gatnaşyklary.***

**Daşary syýasat.** Emir Temur döwleti bilen Wizantiýa, Türkiýe, Hindistan, Ispaniya, Fransiýa, Angliýa, Altyn Orda, Mongoliýa, Hytaý ýaly döwletler ykdysady, syýasy we medeni aragatnaşyklary ýola goýdular. Emir Temur döwletiniň daşary syýasaty öz öňüne ýurduň howpsuzlygyny üpjün etmek; goňşy ýurtlarda öz täsirini berkitmek; Türkiýe, Hindistan, Hytaý, Wenesiýa, Ispaniýa, Fransiýa we Angliýa bilen ykdysady, ilçilik, medeni aragatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek ýaly wezipeleri goýupdy.

**XIV asyryň ahyrlary**nda emele gelen belli bir halkara ýagdaý sebäpli Emir Temur döwleti, Türkiýe, Müsür we Altyn Orda iň güýçli döwletler hökmünde syýasy meýdana çykdy. Bu döwürde Emir Temura Mongoliýa, Altyn Orda we Müsür bilen ýaranlykdaky Osmanylar Türkiýesi garşylykly durardylar.

**Mongoliýa bilen gatnaşyklar.** Mawerannahr mongol zulmundan halas edilip, ýurtda Emir Temur häkimiýeti ornaşdyryldy, ýöne onuň serhetleri entek asuda däldi. Mongoliýada ulus bekleriniň pitneleri we olaryň Daşkent welaýaty bilen Fergana jülgesine talaňçylykly hüjümleri bolup durardy. Demirgazyk tarapda Ak Ordada Juçy ulusynyň täji-tagt üçin göreşi güýçlenipdir, olaryň Horezm hökümdarlary bilen goşulyp, Buhara, Çärjew we Karşynyň üstüne eden talaňçylykly ýörüşleri dowam ederdi.

Bulary aradan aýyrmazdan, Emir Temur öz döwletiniň howpsuzlygyny üpjün edip bilmeýärdi. Çeşmeleriň şaýatlyk etmegine görä, Emir Temur bu meseläni gepleşikler ýoly bilen çözmäge çalyşdy. Ýöne peýdasy bolmady. Ony ýarag arkaly çözmäge mejbur boldy. Emir Temur **1371-1390-njy ýyllar**da

alyp baran ýedi ýyllyk harby ýörüşden soň Mongoliýada parahatçylygy ornaşdyrmak we ony özüniň täsir sferasyna girizip almagy başarýar.

**Müsür bilen aragatnaşyklar.** Emir Temur bilen Müsür soltany ***Barkuk*** arasyndaky resmi aragatnaşyklar **1385-nji ýyl**dan başlanypdy. **1386-1405-nji ýyllaryň** dowamynda Emir Temur we Müsür soltanlary, şonuň ýaly-da olaryň Siriýadaky naýyplarynyň arasynda takmynan 25 gezek hat we ilçiler çalyşyldy. Emir Temur Müsür soltany ***Barkuk*** bilen dostlukly gatnaşyklaryň ornaşdyrylmagy, söwdagärleri we täjirçileri arkaýyn bardy-geldilerini amala aşyrmaklary, mundan soň ortada hiç hili agzalalyk we duşmançylyk hereketleri bolmazlygy barada teklipler bildirip öz ilçilerini iberipdi. Ýöne, ***Soltan Barkuk*** Emir Temur iberen ilçileri öldürip, teklipleri ret edýär. Soňluk bilen Emir Temur Soltan Baýazidiň üstünden ýeňiş gazanansoň, Müsür öz boýun bolandygyny ykrar edýär.

**Altyn Orda bilen gatnaşyklar.** Emir Temuryň kömeginde **Togtamyş** Altyn Orda tagtyna gelen bolsa-da, onuň Mawerannahra talaňçylyk ýörüşleri güýjeýär. Mundan daşary, Togtamyşhan Müsür, Yrak we Türkiýe bilen harby ýaranlyk düzüp, Emir Temura zarba bermekçi bolýar. **1384-nji ýyl**da Togtamyşhanyň ilçisi Müsür soltany ***Barkuk*** bilen duşuşanda Emir Temury ýok etmek teklibini girizýär. Şeýle teklibe şol ýylda Müsüre gelen Türkiýe we Siwes ilçileri ýurtlary Emir Temura garşy bolan harby ýaranlyga goşuljakdygyny aýdýarlar. Türkiýe, Müsür we Altyn Ordanyň özara ýakynlaşmagy Emir Temur döwletine uly howp döredýärdi. Şonuň üçin Emir Temur bu harby ýaranlygyň herekete gelmegine ýol bermeýär. Emir Temur ýaranlary bir-birden hatardan çykarmak syýasatyny tutýar. **1395-nji ýyl**da Togtamyşhana, **1402-nji ýyl**da Ýyldyrym Baýazide weýran ediji zarbalar berýär.

**Hytaý we Hindistan bilen gatnaşyklar.** Gündogaryň iň uly döwletlerinden Hytaý bilen gatnaşyklar Emir Temur döwründe birneme janlanypdy. Muňa Hytaý hökümdarlarynyň beýik döwletlilik syýasaty sebäp bolupdy. Min imperatorlary Hytaýa

goňşy bolan ýurtlary Hytaýa tabyn ýurtlar diýip hasaplaýardylar. Emir Temuryň ilçileri we söwdagärleri alyp baran sowgatlary bolsa ýer salgydy diýip atlandyrýardylar. Temur hem Hytaý ilçileri bilen şoňa laýyk gatnaşykda boldy. ***Klawiha***nyň maglumatlaryna garanda, **1404-nji ýyl**da Samarkanda gelen Hytaý imperatorynyň ilçilerini başga ýurduň ilçilerinden ýokary oturdylan eken. Ýopkarda agzalanlardan Emir Temuryň buýrugyna görä olar hem başga ýurtlaryň ilçileriniň hataryndan özüne laýyk ýere, aşagraga oturdylandygy mälim boldy.

**Halkara syýasy ýagdaý.** Sahypgyran Emir Temur dünýä syýasy durmuşyna hem täsir etdi. Mälim bolşy ýaly, bu döwürde, bir tarapdan, Soltan Baýazidiň Balkan ýarymadasy döwletlerine görä täsiri güýçlenip, bütin Ýewropa howp salýardy. Ikinji tarapdan, Baýazidiň özi Günbatara tarap gazap bilen süýşüp barýan howply bäsdeş – Emir Temuryň güýçli täsirine duçar bolupdy. Şeýle syýasy ýagdaýda Baýazide garşy güýçleriň mälim derejede birleşmegi tebigydy.

Ilki bilen Baýazidden ýeňlip, öz ýer we mülklerinden mahrum bolan Kiçi Aziýa ýurtlarynyň hökümdarlary Emir Temurdan medet isläp, onuň Garabagdaky ordagähine baryp, karar tapýarlar. Hatda Wizantiýa we Galatadaky Genuýa häkiminiň naýyby, Fransiýa koroly hem-de Soltanyýa şäheriniň katolik missionerleri kömek sorap Emir Temura ýüzlenýärler. Munuň öwezine olar harby ýörüş wagtynda oňa kömek etmek hem-de Konstantinopolyň we Peranyň Baýazide töläp gelen pajyny mundan beýläk Emir Temura tölemäge wada edýärler. Şeýle teklip Emir Temura makul bolýar. Çünki Türkiýäni deňiz kenaryndaky daýanjyndan aýyrmak üçin oňa deňizden medet zerurdy. Şeýdip, XIV asyryň ahyry we XV asyryň başlarynda soltan Baýazide zarba bermek üçin amatly syýasy ýagdaý emele gelýär. Bu ýagdaýdan Emir Temur ussatlyk bilen peýdalanýar.

**Ilçilik aragatnaşyklary.** Ankaranyň golaýynda türkleriň 160 müň adamly goşunynyň üstünden gazanylan beýik ýeňişden soň Emir Temuryň Günbatar Ýewropa döwletleri bilen bolan aragatnaşyklarynyň mazmuny düýpgöter özgerýär. Indi Emir

Temur olar bilen dostlukly gatnaşyklary berkitmek we özara söwda-satyk aragatnaşyklaryny ýola goýmak ýaly meselelere üns berýär.

Emir Temur **1402-nji ýylyň tomsun**da Fransiýa we Angliýa mahsus ilçiler arkaly ***Karl VI*** we ***Genrih IV*** atlaryna hatlar ýollaýar. Ilçiler Parižе **1403-nji ýylyň** maý aýynda ýetip barýarlar. Ilçiler iki ýurduň söwdagärleri üçin erkin söwda gatnaşyklary alyp barylmagyny üpjün etmek we eger korol hem-de gersoglar razy bolsalar, bu erkin söwdany degişli ylalaşyk ýa-da şertnama bilen berkitmegi teklip edýär.

Fransiýanyň koroly ***Karl VI*** **1403-nji ýylyň 15-nji iýunun**da Emir Temure ýollan jogap hatyndan mälim bolşy ýaly, Emir Temurň teklipleri Fransiýa tarapyndan hoşallyk bilen kabul edilipdir.

Edil şu döwürde Emir Temuryň Angliýanyň koroly **Genrih IV** bilen alyp baran diplomatik gatnaşyklarynda günbatar welaýatlaryň häkimi **Miranşa** işeňňir gatnaşdy. Günbatar Eýran, Yrak, Azerbaýjan, Ermenistany öz içine alan mülkleriň häkimi ***Miranşa*** Emir Temuryň garrap galan döwründe Günbatar Ýewropa hökümdarlarynyň ünsüni özüne çekýär. Bu döwürde ol Ýewropa döwletleri bilen özara söwda aragatnaşyklaryny janlandyrmak maksadynda hristian ruhanylara duýgudaşlyk bildirip, söwdagärleriň eldegrilmesizligini üpjün etmek babatda çäreleri amala aşyrýar. Şu sebäpli Günbatarda ***Miranşa*** tiz arada *"katolik akymynyň howandary"* hökmünde şöhrat gazanýar.

Kastiliýa (Ispaniýa) koroly **Genrih III** Gündogar bilen örän gyzyklanypdy. **1402-nji ýylyň baharyn**da ilki Ispaniýanyň ilçileri Emir Temuryň Kiçi Aziýadaky karargähine iberilýär. Ilçilere Emir Temuryň we Baýazidleriň güýji, baýlygy we goşunynyň sanyny bilmek hem-de olaryň gol astynda ýaşaýan halklaryň urp-adatlary, dini we kanunlary barada anyk maglumatlary toplamak tabşyrylýar. Gündogar we Günbatar döwletleriniň ilçileri hatarynda Ispaniýanyň ilçileri hem Emir Temur tarapyndan kabul edilip, korolyň adyna ýazylan mahsus hat we sowgatlar bilen ugradylýar. Olara goşup Emir Temur **Muhammetkazy**

atly öz wekilini Ispaniýa ilçi edip iberýär. ***Genrih III* 1403-nji ýyl**da Emir Temuryň huzuryna ikinji gezek mahsus ilçileri iberýär. Oňa ***Klawiho*** baştutanlyk edip bellenýär. Ispaniýanyň ilçileri Samarkantda Emir Temur tarapyndan dabaraly kabul edilip, olara hormat-yzzat edýärler.

**Klawiho** baştutanlygyndaky Ispan ilçileri **1404-nji ýylyň sentýabr-noýabr** aýlarynda Samarkantda bolýarlar. Emir Temuryň Hytaý tarapa ýörüşi mynasybetli başga ençeme döwletleriň ilçileri ýaly Ispan ilçileri hem **1404-nji ýylyň 21-nji noýabryn**da Samarkantdan ugradylýar. Klawiho Ispaniýa **1406-njy ýylyň mart** aýynda gaýdyp barýar. ***Klawiho***nyň sapar täsirleri *“Beýik Temur taryhy”, “Temur karargähi” we “Samarkanda syýahat gündeligi”* atlary astynda ispan dilinde birnäçe gezek neşir edilýär.

**Daşary söwda.** Emir Temur öz döwletiniň paýtagty **Samarkandyň** töwereginde gurlan birnäçe täze obalary Gündogaryň meşhur şäherleri **Dimişk** (Damask), **Müsür** (Kair), **Bagdat, Soltaniýa** we **Şiraz** atlary bilen atlandyrýar. Çünki Samarkant ululygy, gözelligi hem-de daş-töwereginiň abat edilenligi taýdan dünýädäki iň iri şäherlerden hem üstünräk bolmalydy.

Daşary söwdada hem Samarkant uly orun tutupdyr. Samarkanda dürli ýurtlardan, hususan-da, Horasandan magdanlar, Hindi we Sindiden ýakut, almaz, Hytaýdan atlas, çaý, müşk we başga harytlar, özge ýurtlardan altyn we kümüş getirilýärdi. ***Klawiho*** Hytaýyň paýtagty Hanbalykdan 800 düýeli söwda kerweni gelendigini öz gündeliginde belläpdir. Bu döwürde Emir Temur we onuň ýerli naýyplary Hytaýdan we Hindistandan Orta Aziýa arkaly Ýakyn Gündogar we Ýewropa ýurtlaryna barýan halkara söwda ýoly – Beýik Ýüpek ýolunda söwda kerwenleriniň gatnawynyň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça möhüm çäreleri görüpdirler.

Gündogar bilen Günbataryň arasynda söwda-satyk we ilçilik aragatnaşyklary giňelýär. Bu bolsa Emir Temuryň döwletiniň daşary ykdysady we ilçilik aragatnaşyklarynyň durnuklylygyna getirýär.

1. Hany aýdyň, Emir Temuryň döwleti bilen haýsy döwletler ykdysady, syýasy we medeni aragatnaşyklary ýola goýupdyrlar?
2. Emir Temur daşary syýasatda öz öňüne nähili wezipeleri goýupdyr?
3. XIV asyryň ahyrlarynda haýsy döwletler iň güýçli döwletler hökmünde syýasy meýdana çykdy?
4. XV asyryň başlaryndaky halkara syýasy ýagdaý nähilidi?
5. Ýewropa hökümdarlary näme üçin Emir Temur bilen diplomatik aragatnaşyklary ýola goýmaga çalyşýarlar?
6. Näme üçin Miranşa Günbatarda “katolik akymynyň howandary” diýen sypat bilen meşhur boldy?
7. Näme üçin Emir Temur Samarkandyň töweregindäki obalaryň adyny Gündogaryň meşhur şäherleriniň ady bilen atlandyrýar?

## 34-§. EMIR TEMURYŇ DÜNÝÄ TARYHYNDA TUTÝAN ORNY

**Daýanç düşünjeler:** ***Emir Temuryň Watanymyzyň we dünýä taryhynda tutýan orny, Emir Temur dünýä we milli taryhçylaryň ykrarynda, Garaşsyzlyk ýyllarynda Emir Temuryň hatyrasynyň dikeldilmegi.***

**Emir Temuryň Watanymyzyň we dünýä taryhynda tutýan orny.** Emir Temur 35 ýylyň dowamynda ýurdy dolandyrdy. Hindistandan we Hytaýdan Gara deňze çenli we Aral deňzinden Pars aýlagyna çenli bolan örän uly çägi gurşap alan ullakan soltanlygy döretdi. Mundan daşary, Kiçi Aziýa, Siriýa, Müsür we Aşaky Wolga, Don boýlary, Balhaş köli we Elsuwy derýasy, Demirgazyk Hindistana çenli bolan ýurtlary özüne boýun egdirdi. Ol diňe bir Mawerannahry we Türküstany abat etmän, eýsem boýun egdirilen ýurtlaryň şäherlerini hem gaýtadan gurdurdy. **Bagdat, Derbent** we **Baýlakan** şäherleri şolara degişlidir. Iň möhümi Eýrandaky, Azerbaýjandaky we Yrakdaky dagynyklygyň we özdiýenliligiň soňuna çykyp, Gündogar bilen Günbatary baglaýan gadymy kerwen ýollaryny dikeltdi. Munuň bilen diňe bir Mawerannahryň däl, eýsem

Uzak we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň ykdysady we medeni ösüşine, halklary we ýurtlary bir-biri bilen ýakynlaşdyrmaga uly goşant goşdy.

Emir Temur Ýewropanyň Fransiýa, Angliýa we Kastiliýa ýaly iri korollyklary bilen gönüden-göni söwda we diplomatik aragatnaşyklary ýola goýdy. Syýasy dagynyklyk ýatyrylyp, merkezleşen döwletiň döredilmegi uly oňyn netijelere getirdi. Ýurduň öndüriji güýçlerini we mongollaryň bir ýarym asyrlyk hökümdarlygy netijesinde krizise duçar bolan ykdysadyýeti dikeltmek üçin amatly şert emele geldi. Şol bir wagtda hojalygyň esasy bolan suwarymly daýhançylykda belli bir ilerlemeler bolup geçdi. Täze-täze kanallar gazylyp, suwarymly daýhançylyk meýdanlary giňeldi. Hünärmentçilik, içerki we daşary söwda ösdi, ylym we medeniýet ösüş gazanyp, şäherler abatlaşdy we ilaty köpeldi.

**Emir Temur dünýä we milli taryhçylaryň ykrarynda.** Sahypgyran Emir Temur meşhur döwlet işgäri, ökde serkerde hökmünde Özbegistanda döwletliligiň ýokarlanmagynda möhüm orun tutýar. Taryhy çeşmelerde Emir Temur Sahypgyranyň ady bilen bir hatarda *“Sahyby jahan”* hem-de *“Sahyby adyl” – “Adalatyň eýesi”* atlary bilen beýgeldilýär. Halkara ÝUNESKO guramasynyň başlangyjy bilen **1996-njy ýyl**da Daşkentde, Samarkantda we daşary ýurtlarda Emir Temuryň doglan gününiň 660 ýyllygy giň möçberde bellendi we şu ýyl Özbegistanda “Emir Temur ýyly” diýlip yglan edildi.

***Emir Temuryň esasy taryhy hyzmati şundan ybarat bolup, ýagny hut onuň hökümdarlygy döwründe Ýewropa we Aziýa kontinentleri ilkinji gezek özleriniň bir geosyýasy meýdanda ýaşaýandyklaryny duýdular.***

***Bu, hususan-da, bu gün örän möhüm. Çünki adamzat, biz hemmämiz bir-birimize aýrylmaz bagly, özara aragatnaşykda ýaşaýan bolsak, diýmek, indi täze we howpsuz dünýä tertibini ornaşdyrmak üçin mümkinçiligiň peýda bolandygyny düşündi.***

**I.A.Karimow, Özbegistan Respublikasynyň birinji Prezidenti**

**1402-nji ýyl**da dünýä, aýratynam, Balkan ýarymadasyna hem-de Ýewropadaky halklara we ýurtlara howp salan Türkiýe soltany ***Baýazid I Ýyldyrym*** derbi-dagyn edilenden soň, fransuzlar Emir Temuryň altyndan heýkelini guýduryp, aşagyna "Ýewropanyň halasgärine" diýip ýazdyryp goýlupdy. Bu gün bu beýik ynsany beýik dörediji, beýik döwlet işgäri, ökde serkerde, ylym-bilim we medeniýet howandary hökmünde bütin dünýä ykrar etdi. Döwlet işgärleri, alymdyr bilimli adamlar hezret Sahypgyran barada gowy pikirleri aýdýarlar, onuň durmuşyna we işine ýokary baha berýärler.

Ýewropa alymlarynyň Emir Temur şahsy we onuň işine gyzyklanmasy XVI asyrdan başlanypdy. **1553-nji ýylda** Italiýanyň Florensiýa şäherinde italýan alymy ***Perandino***nyň "*Skifiýaly Tamerlanyň beýikligi*" eseri çap edildi. Bu Ýewropa alymlarynyň Emir Temur baradaky birinji ylmy barlagydy. Şu asyrda ispan taryhçysy ***Pero Meksika***nyň "*Beýik Temur taryhy*" eseri çap edilýär. **1582-nji ýylda** Seweliýada meşhur ispan ilçisi ***Klawiho***nyň "*Ýatlamalary*" neşirden çykdy. Iňlis dramaturgy ***Hristofor Morlo***nyň "*Beýik Temur*" atly sahna eseri hem şol asyrda döredildi. Şondan bäri beýik Sahypgyrana bagyşlanan eserleriň yzy üzülmeýär. Häzirki wagta gelip Emir Temur we Temuriler barada 33 ýurtda 500-den gowrak daşary ýurtly barlagçylaryň eserleri çap edilen.

Söwetler düzümi döwründe Emir Temur şahsyna we işine adalatsyzlyk bilen çemeleşilip, bir taraplaýyn baha berip gelindi. Şoňa seretmezden, **1968-nji ýyl**da filosof alym ***I.M.Möminow****yň "Emir Temuryň Orta Aziýa taryhynda tutýan orny we roly*" eseriniň neşir edilmegi jemgyýetçiligiň bu tema gyzyklanmasyny has-da öwjüne galdyrdy. Eser ýiti tankyda duçar boldy. Emma, ***I.M.Möminow***yň Emir Temur şahsyny öwrenmek başlangyjy bilen çykmagy bu onuň ylmy edermenligi we ýokary watanperwerlik sypatlarynyň aýdyň beýany boldy.

***…şeýle şahsyň emele gelmegi döwrüň, zamanyň talaby, Çagataý ulusynyň zulmy, ownuk feodal bekleriň wagşyçylykly sütemi, mongol hanlarynyň, Altyn Orda bekleriniň Mawerannahra dyngysyz***

***basybalyjylykly ýörüşleri azablanan, tozdurylan, 150 ýylyň dowamynda daşary ýurt hökümdarlygyndan haldan taýan ýurduň, halkyň garaşsyzlyk gazanmak talabydy. Bu taryhy zerurlyk Temurda, onuň leşgerbaşylarynda aýdyň göründi, Temur döwlet işgäri hökmünde mälim derejede bu zerurlygy, talaby, zerurlygy özünde şöhlelendirdi, ýagny Mawerannahrda özbaşdak merkezi birleşen döwlet düzdi, ýurduň zerurlyklaryna jogap berdi.***

**I.M.Möminow**

**Garaşsyzlyk ýyllarynda Emir Temuryň hatyrasynyň dikeldilmegi.** Özbegistan garaşsyzlygyny gazanandan soň onuň birinji prezidenti ***Islam Karimowyň*** tagallalary bilen Emir Temuryň dünýä taryhynda tutýan orny öz ýerine goýlup başlandy. Özbegistanda onuň işini öwrenmäge we ony köpçülige ýaýratmaga giň ýol açyldy. Emir Temuryň ady Özbegistanda ebedileşdirildi. Köp şäherlerdäki we obalardaky şa köçeler, meýdanlar, daýhan hojalyklary, mekdepler, kinoteatrlar we başgalar onuň ady bilen atlandyryldy.

***Islam Karimowyň*** başlangyjy we ýolbaşçylygynda Daşkent, Samarkant, Şährisebz we başga şäherleriň merkezi meýdanlarynda Emir Temura heýkel ornaşdyryldy. **1995-nji ýyl**da *Halkara Emir Temur gaznasy* döredildi. **1996-njy ýyl**da Daşkentdäki Emir Temur alleýasynda *Temuriler taryhy döwlet muzeýi* guruldy, “*Emir Temur*” ordeni döredildi.

**2017-nji ýylyň 30-njy iýunun**da Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti ***Ş.M.Mirziýoýew*** “Kamolot” ýaşlar jemgyýetçilik hereketiniň IV gurultaýynda sözlän nutky dowamynda ýaşlara harby tälim-terbiýe berýän kursantlar mekdeplerine “***Temurbekler mekdebi***” diýip at bermek teklibini öňe sürdi we şu teklip ýaşlar tarapyndan hoşallyk bilen kabul edildi.

1. Emir Temuryň Watanymyzyň we dünýä taryhynda tutýan orny barada öz pikirleriňizi beýan ediň.
2. Emir Temur nähili atlar bilen beýgeldilýär?
3. Emir Temuryň haýsy wakadan soň Ýewropada abraýy artýar? Näme üçin hut şu wakadan soň diýip pikir edýärsiňiz?

4. Ýewropa alymlarynyň Emir Temur şahsy we onuň işlerine gyzyklanmagy haçandan başlanypdyr?
5. I.M.Möminowyň eseri näme üçin tankyda duçar bolupdyr diýip oýlaýarsyňyz?
6. Özbegistan garaşsyzlygyny gazanandan soň Emir Temuryň adyny ebedileşdirmek üçin amala aşyrylan işler barada goşmaça maglumatlar toplaň. Emir Temur barada nähili çeper eserleri okadyňyz? Okan eserleriňiziň barada aýdyp beriň.

## 35-§. TEMURILER DÖWRÜNDÄKI SYÝASY PROSESLER

**Daýanç düşünjeler:** ***oppozisiýa, soltanlyk tagty üçin göreş, Şahruh hökümdarlygyning karar tapmaki.***

**Tagt üçin göreş.** Sahypgyran **1405-nji ýylyň 18-nji fewral** güni Hytaý tarapa ýörüş wagtynda, aýazly gyşda, **Otrar** şäherinde aradan çykýar. Emir Temur aradan çykansoň, onuň birnäçe on ýyllaryň dowamyndaky tagallalary netijesinde döredilen iri soltanlyk dargap başlady. Munuň esasy sebäbi soltanlygyň garamagyna alnan ýurtlar şu wagta çenli dürli-dürli, uzak aralyklara uzap giden bolup, olary ýeke-täk bir merkezden durup dolandyrmak kyndy. Munuň üstesine olardaky opposizion güýçler bölünip çykmak üçin amatly pursada garaşýardylar.

Soltanlygyň dargamagyna Emir Temuryň mirasdüşerleriniň arasyndaky täji-tagt isleginde uzak ýyllar dowam eden özara gapma-garşylyklar we uruşlar sebäp boldy. Emir Temur dirikä tagt mirasdüşeri edip agtygy **Pirmuhammedi** (Kabul, Kandagar we Hindistan welaýatlarynyň hökümdary) belläpdi. ***Pirmuhammed***i tagta oturtmagyň tarapdarlary güýçli bolsa-da, ýöne Miranşanyň ogly **Halil Soltan Mürze** özdiýenlilik bilen **1405-nji ýylyň 18-nji mart** güni Samarkandy eýeläp, özüni Mawerannahryň ýokary hökümdary diýip yglan edýär. ***Pirmuhammediň*** ýoluny ýapyp, onuň planlaryny bozup goýbermek niýetinde hatda ol Amyderýanyň sag tarapyndaky ýerleri-de öz häkimiýetine goşup alýar.

***Halil Soltan*** babasyndan galan hazynalar arkaly Sahypgyranyň abraýly emeldarlaryndan we aristokratlaryndan mälim bölegini öz tarapyna agdyryp Mawerannahryň tagtyny eýelän bolsa-da, emma köp wagt geçmän ol Emir Temuryň wepaly emirleriniň, welaýat naýyplarynyň we şazadalaryň güýçli närazylygy we pitnesine duçar bolýar. Birinji bolup Türküstanyň hem-de Fergananyň häkimi emir **Hudaýdat** bilen **Şaýh Nuriddin** Halil Soltana garşy pitne turuzýarlar. Hatda Halil Soltanyň inisi **Soltan Hüseýn Mürze** Amyderýanyň çep kenaryndaky welaýatlarda öz häkimiýetini ornaşdyrmak niýetinde agasyna garşy baş göterýär. Öz gezeginde Emir Temur tagtynyň kanuny weliahdy ***Pirmuhammet*** Amyderýadan ýüzüp geçip, ***Halil Soltan***a garşy Nasaf tarapa esger çekýär. Mawerannahrda başlanan dinastiýa göreşleri şeýdip güýçlenýär.

Netijede döwlet dargap, käbir welaýat hökümdarlary hakyky häkime öwrülýärler. **Pirmuhammet 1407-nji ýylyň 22-nji fewralyn**da weziri ***Pir Ali Taz*** baştutanlygyndaky pitneçileriň elinden heläk bolýar. **1408-nji ýylyň 22-nji aprel** güni Garagoýunly türkmenleriň taýpa serdary **Gara Ýusuf** bilen bolan söweşde ***Miranşa*** heläk bolýar. Azerbaýjan we Yrak welaýatlary Temurileriň elinden gidýär.

**1409-njy ýylyň** baharynda Mawerannahrda ýagdaý has-da ýitileşýär. ***Emir Hudaýdat*** Oradepe we Şaruhiya şäherlerini aňsatlyk bilen eýeläp, Samarkant tarapa esger çekýär. **Şirazyň golaýy**ndaky Zerewşan derýasynyň boýunda bolup geçen söweşde **Halil Soltanyň** goşuny ýeňilýär, özi bolsa ýesir alynýar.

**Şahruh häkimiýetiniň emele gelmegi.** Şu döwürde Horasandaky emirleriň pitnesini basyp ýatyrmaga ýetişen ***Şahruh*** indi bütin ünsüni Mawerannahra gönükdirýär. Çünki ol ata ýurdundaky hadysalara biparh garap bilmeýärdi. **1409-njy ýylyň 25-nji aprelin**de ol Amyderýadan geçip, Samarkanda tarap ýörüş edýär. Baryp bäş ýyl dowam eden özara göreş we pitneler halkyň uly närazylygyna sebäp bolupdy. Temurizadalar bilen emirleriň arasyndaky göreşi togtatmak maksadynda Şahruh başlan hereket ýurduň raýatlarynyň köp gatlaklary

tarapyndan goldaw tapýar. Şu sebäpli Mawerannahrdaky başagaýlyklary çäklendirip, Mawerannahrda we Horasanda öz hökümdarlygyny ornaşdyrýar hem-de ýurtda parahatçylyk we asudalygy ýola goýmagy başarýar.

***Şahruh***yň uzak hökümdarlygy döwründe Emir Temur soltanlygynyň esasy bölegi onuň gol astynda saklanyp galsa-da, emma bu uly ýurt iki döwlete bölünipdi. Olardan biri Amyderýadan günortada ýerleşýän ***Şahruh*** baştutanlygyndaky döwlet bolup, onuň merkezi **Hyrat** şäheridi. Ikinjisi bolsa Amyderýadan demirgazykda Mawerannahryň we Türküstanyň çäginde ***Ulugbek*** baştutanlygyndaky döwlet bolup, **Samarkant** onuň paýtagtydy.



**1.** Emir Temur soltanlygynyň dargamagynyň sebäpleri nämede?
**2.** Siz Halil Soltanyň hereketini nähili bahalaýarsyňyz?
**3.** Şahruh Mürze haçan Samarkanda ýörüş etdi, näme üçin ony halk goldady?
**4.** Oýlap görüň, ýurduň dargamagy şu ýurduň raýatlarynyň durmuşyna nähili täsir edýär? Ýurdy aman we bitewi saklamak üçin näme etmeli?

## 36-§. MÜRZE ULUGBEGIŇ HÖKÜMDARLYGY DÖWRÜNDE MAWERANNAHR

**Daýanç düşünjeler:** ***Ulugbegiň syýasy meýdana çykmagy; Ulugbegiň içerki we daşary syýasaty; Ulugbek pajygasy.***

**Ulugbek – Mawerannahryň hökümdary.** **1409-njy ýylda Şahruh** Samarkantdan Hyrata gaýtmazdan öň on bäş ýaşly **Mürze Ulugbegi** Mawerannahra we Türküstana häkim edip belleýär. ***Ulugbek*** (1394–1449) Mawerannahr bilen Türküstanyň häkimi diýlip yglan edilse-de, aslynda onuň häkimiýetiniň araçäkleri ilki diňe Samarkant, Buhara we Nasaf welaýatlary bilen çäklenýärdi. Çünki ***Şahruh*** tarapyndan Ferganadan tä Özgene



**Mürze Ulugbek**

çenli – **Emirak Ahmet**, Gissary Şadman bolsa **Muhammet Jahangir**iň ygtyýaryna berlipdi. Türküstan **Şaýh Nuriddin**iň garamagyndady. Şol wagtda ol ne ***Ulugbegi*** we ne ***Şahruh***y ykrar edýärdi. Şonuň üçin hem ýurt asuda däldi.

***Şaýh Nuriddin*** Türküstan bilen kanagatlanmaýar. **1410-njy ýylyň 20-nji aprelin**da Samarkandyň golaýynda **Gyzalrabat kwartalyn**da ***Şaýh Nuriddin*** baştutanlygyndaky pitneçi ýaranlar bilen ***Mürze Ulugbegiň*** goşunlarynyň arasynda söweş bolýar. Söweşde ***Ulugbek*** ýeňlip, Kelif tarapa çekinýär. ***Şahruh*** Samarkanda ýetip gelip, ***Şaýh Nuriddiniň*** pitnesini basyp ýatyrýar. **1412-nji ýyl**dan başlap Mawerannahry we Türküstany doly dolandyrmak 18 ýaşly Ulugbegiň eline geçýär. ***Ulugbek*** **1414-nji ýyl**da Ferganany we Kaşgary eýeleýär.

**1413-nji ýyl**da ***Şahruh*** tarapyndan Horezm Altyn Orda hanlarynyň garamagyndan gaýtaryp alnandan soň, Ulugbek döwletiniň günbatar we günorta araçäkleriniň howpsuzlygy berkararlaşan bolsa-da, emma onuň demirgazyk günbatar we demirgazyk gündogar taraplary entek howplydy. Şu sebäpli ***Ulugbek*** Deşti Gypjakda başlanan özara gapma-garşylyga hem-de Mongoliýada güýjän içerki göreşlere möhüm üns bermäge we gatyşmaga mejbur bolýar.

***Ulugbek*** atasynyň razylygy bilen **1425-nji ýylyň ir baharyn**da Mongoliýanyň üstüne ýörüşe başlaýar. *Yssykkölüň golaýynda* ýüze çykan çaknyşykda ***Ulugbek*** mongollaryň üstünden ýeňiş gazanýar we ýerli oppozision güýçleri ýok edip, ýurduň Gündogar araçäklerini pugtalandyrýar. Ele alnan oljalaryň arasynda iki bölek *nefrit* daşy hem bardy. Soňluk bilen bu nefritden Emir Temuryň kümmeti üçin guburdaşy ýasatdyrylýar. Mongoliýada bolan bu uruşda ***Ulugbek*** gazanan ýeňşiniň nyşany hökmünde Jyzzagyň golaýynda *Ýylangeçdi deresiniň* içinde hijri **828-nji ýyl**da (1425) ***Ulugbek*** tarapyndan gaýadaşa ýazdyrylan özboluşly “ýeňişnama” häzirki güne çenli saklanypdyr. Deşti Gypjaga garşy edilen ýörüş bolsa ***Ulugbek*** üçin şowsuz bolýar. Diňe atasy ***Şahruh***yň uly goşun bilen ýetip gelmegi ***Ulugbeg***i heläkçiliklen saklap galypdyr.

**Tagt üçin göreş.** Şahruh **1447-nji ýylyň 12-nji mart** güni agtygy ***Soltan Muhammediň*** pitnesini basyp ýatyran wagtynda Raý welaýatynda ýerine mirasdüşeri kesgitlemäge ýetişmän aradan çykýar. ***Şahruh*** aradan çykmagy bilen Horasanda we Mawerannahrda temuri şazadalaryň arasynda täji-tagt üçin göreş ýene öwjüne galyp, ýurt bikararlyga we çuňňur sosial-syýasy sarsgynlara duçar bolýar. Adata görä tagta Şahruhyň uly ogly ***Ulugbek*** oturmalydy. Emma tagty Baýsunguryň ogly ***Alouddawla*** eýeleýär. Täji-tagt üçin ýene göreş başlanýar.

Özdiýenli şazadalar ***Ulugbek***e garşy herekete başlaýar we **1447-nji ýyl**yň baharynda ***Alouddawla*** Ulugbegiň uly ogly ***Abdullatif***yň goşunyny derbi-dagyn edip, ony ýesir alýar. ***Ulugbek Alouddawla*** bilen ýaraşyk baglaşmaga mejbur bolýar. Oňa görä ***Abdullatif*** azat edilýär, ***Ulugbek*** bolsa Hyrada we Horasana bolan dawasyndan geçýär. Ýöne köp geçmän şertnama bozulýar. **1448-nji ýyl**yň baharynda ***Ulugbegiň*** we ***Abdullatif***yň 90 müň adamly birleşen goşuny Hyrada ýörüş edýär. *Tarnabyň golaýynda bolan söweş*de ***Alouddawlanyň*** goşuny derbi-dagyn edilip, Hyrat eýelenýär. ***Ulugbek*** Horasanda ***Abdullatif***y galdyryp, özi Samarkanda gaýdýar. Çünki Mawerannahrda ***Ulugbek***e garşy pitne başlanypdy.

***Abdullatif***, babasy ***Şahruh***yň Hyratdaky tagtyna oturmaga miýesser bolsa-da, emma onda atasyna görä duşmançylyk peýda bolýar. Ýeňiş barada daş-töwerege iberilen fathnamalarda ***Abdullatif***iň ady inisi ***Abdulezizd***en soň agzalandygy, Ihtiýariddin galasyndaky hazyna ***Ulugbek*** tarapyndan alnyp goýlanlygy gaty şöhratparaz hem-de mal-dünýä öç ***Abdullatif*** üçin bahana bolýar. Ol atasynyň duşmanlary bilen gizlinlikde dil düwşüp, bildirmezden ***Ulugbek***e garşy herekete başlaýar. ***Abdullatif*** Hyratda diňe on bäş gün häkimlik edýär. **Abulkasym Babur** goşunynyň şähere ýakynlaşyp gelýänliginden habar tapyp paýtagty söweşsiz boşadyp, Mawerannahra tarap gaçýar. ***Ulugbegiň*** permany bilen Balha naýyp edip bellenenden

soň, welaýatda *“tamga”* salgydyny ýatyryp, söwdagärleri öz tarapyna agdyrýar. Atasyndan närazy bolan emirleri daşyna toplaýar. Hatda ***Abulkasym Babur*** bilen baglanyp, ony birleşip ***Ulugbek***e garşy göreşe ündeýär. Şeýdip, ***Abdullatif*** öz atasyna garşy aç-açan duşmanlyk ýoluna geçýär.

**Ulugbek pajygasy.** Döwletiň bitewiligini saklap galmak üçin ***Ulugbek***de özüniň pitneçi we mekir ogluna garşy ýörüş etmekden başga alaç galmaýar. Emma ýurtda syýasy ýagdaý ýitileşip, ***Ulugbeg***iň ýagdaýyny has-da kynlaşdyrýar.

Hyratdan Samarkanda gaýdyşyn, ***Ulugbek*** öň tarapdan Deşti Gypjak göçmeleriniň hüjümine duçar bolýar. ***Abulhaýrhanyň*** baştutanlygyndaky göçmeler şonda Daşkent, Şahruhiýa, Samarkant we Buhara töweregindäki obalary talap, patyşanyň we iri wezipeli adamlaryň şäheriň töweregindäki çarbaglaryny we köşklerini weýran edýärler. Iki tarapdan gelen duşmanlar bilen bolan çaknyşyklar netijesinde ***Ulugbegiň*** goşuny uly şikeslenip, güýçden gaçýar. Şu wagtda Samarkantda wagtlaýyn naýyp edip galdyrylan ***Ulugbeg***iň kiçi ogly ***Abduleziz***e garşy Samarkant emirleriniň närazylygy güýçlenip, ***Ulugbek*** ony aradan aýyrmaga mejbur bolýar.

Atasynyň kyn ýagdaýda galandygyna gözegçilik edip duran ***Abdullatif*** amatly pursatdan peýdalanyp, aýaga galýar we Amyderýadan ýüzüp geçip, Termizi, Şährisebzi we Huzary aňsatlyk bilen zabt edýär. Soňra Samarkanda tarap ýol alýar. **1449-njy ýylyň oktýabr**ynda *Damask obasynyň* golaýynda gazaply söweş bolýar we bu söweşde ***Ulugbek*** ýeňilýär, Samarkant emiri **Miranşa Kawçin** şäheriň derwezelerini ýapdyryp ***Ulugbeg***i içeri girizmeýärler. Ol Şahruhiýa hem girip bilmeýär we ***Abdullatif***a boýun egmäge mejbur bolýar. Şäher kazysy **Şamsiddin Muhammet Miskin**iň garşylygyna seretmezden, ***Abdullatif*** gaflatparaz ulamalaryň gizlin fetwasyny çykardyp, atasynyň öldürilmegini guraýar. **1449-njy ýyl** ***Mürze Ulugbek*** 55 ýaşynda pajygaly heläk bolýar.

Şeýdip, ***Ulugbek*** Mawerannahry kyrk ýyl dolandyrdy. Bu döwürde ýurduň syýasy durmuşynda ýiti göreş dowam edendigine seretmezden, döwleti berkitmäge, ýurduň bitewiligini saklap galmaga we medeni durmuşy ýokarlandyrmaga, ösdürmäge çalyşdy.

**1.** Ulugbek nädip Mawerannahryň hökümdary bolupdyr?
**2.** Ulugbek näme üçin we nirelere harby ýörüşler edipdir?
**3.** Şahruh aradan çykandan soň nähili wakalar boldy?
**4.** Ulugbegiň pajygaly tagdyry barada aýdyp beriň.
**5.** Ulugbek 40 ýyllyk hökümdarlygynda döwleti dolandyrmakda nämelere üns beripdir?
**6.** Pederkuş Abdullatif barada sizde nähili düşünje peýda boldy?

## 37-§. TEMURILER SOLTANLYGYNYŇ KRIZISE DUÇAR BOLMAGY

**Daýanç düşünjeler:** ***Syýasy durnuksyzlyk; Soltanlygyň dargap başlamagy; Horasandaky ýagdaý.***

**Syýasy durnuksyzlyk.** ***Ulugbek*** öldürlip, aradan birnäçe gün geçensoň, **Abdullatif** tagt dawagärinden gutulmak maksadynda öz inisi **Abdulezizi** hem-de atasyna wepaly bolan emirleri öldürdip, Temurileriň Mawerannahrdaky täjitagtyny bütinleý eýeleýär. Ýurduň raýatlary tarapyndan *"pederkuş"* ("ata ganhory") diýlip länetlenen ***Abdullatif*** we onuň tarapdarlary tagtda uzak wagt oturyp bilmedi. Aradan alty ýarym aý geçip-geçmänkä köşkde ***Abdullatif***e garşy pitne guralyp, ol öldürilýär.

Oppozision güýçler Samarkantda Şahruhyň agtygy **Mürze Abdulla**ny, Buharada Miranşanyň agtygy **Abu Saidi** hökümdar edip saýlaýarlar. Netijede olaryň arasynda häkimiýet üçin ýene göreş başlanýar.

Mawerannahrda we Horasanda dyngysyz dowam edip duran özara göreşler Deşti Gypjakdaky hökümdarlar üçin örän amatly boldy. **1451-nji ýylda Abulhaýrhan** uly goşun bilen

**Abu Said**iň kömeginde we gatnaşmagynda Daşkent, Çinaz we Jyzzak arkaly Samarkanda ***Mürze Abdulla*** garşy ýörüş edýär. Şiraz obasynyň golaýyndaky *Bulungur anharynyň ýakasynda söweş* bolýar. Özara çaknyşykda ***Mürze Abdulla*** ýeňilýär we söweşde heläk bolýar. Şeýdip, ***Abulhaýrhan***yň kömeginde ***Abu Said*** Samarkandy eýeläp, Mawerannahra häkim bolýar.

Horasan bu döwürde Şahruhyň agtygy ***Abulkasym Babur***yň garamagyndady. Horasanda syýasy dagynyklyk örän güýjeýär. Temuriler döwri taryhçylarynyň ýazmagyna görä, bu döwürde Horasan on bir bölege bölünip gidýär. Olaryň arasynda uruşlar dyngysyz dowam edýärdi. **1457-nji ýylda Abulkasym Babur** aradan çykansoň, ýagdaý ýene kynlaşýar. Horasanda hem, Hyratda hem häkimiýete dawa edýänler köp bolsa-da, ýöne olaryň ýekejesi-de döwleti dolandyryp bilýän güýje eýe däldi. Şeýle amatly ýagdaýdan peýdalanan **Abu Said 1457-nji ýylda** Hyrat tagtyny eýeleýär we soltanlygyň iki bölegini birleşdirmegi başarýar. Ýöne welaýat häkimleriniň özbaşdak hökümdarlyga ymtylmaklaryna, dagynyklygy aradan aýdyp bilmedi. Aýratynam, ony ***Abulkasym Babur*** aradan çykandan soň Horezmi eýelän Umarşaýh Mürzäniň nesli ***Soltan Hüseýn***iň pitneleri hemmeden köprak aladalandyrýar.

**1469-njy ýyl**yň ir baharynda **Abu Said** Azerbaýjan, Günbatar Eýran we Yraga çenli bolan welaýatlary eýeläp duran türkmenlere garşy söweşde heläk bolýar. Atasy aradan çykandan soň ***Abu Said***iň mirasdüşerleri ***Soltan Hüseýn*** bilen çaknyşmaga ý4rek edip bilmän, Mawerannahra gaýdýarlar. **1469-njy ýylyň 24-nji martynda Soltan Hüseýn** Horasanyň häkimi hökmünde dabara bilen Hyrata girip barýar. Netijede Temuriler soltanlygy ýene iki özbaşdak bölege: ***Soltan Hüseýn*** hökümdarlygyndaky Horasana we Abu Saidiň ogly **Soltan Ahmet** hökümdarlygyndaky Mawerannahra bölünip gidýär.

**Dagynyklyk.** Mawerannahrda Abu Saidiň ogullary: ilki **Soltan Ahmet** (1469–1494), soň **Soltan Mahmyt** (1494–1495) we soňluk bilen Mahmydyň ogly **Soltan Ali** (1498–1500) özbaşdak häkimlik edýär. Ýöne Mawerannahrda dagynyklyk

has-da güýjeýär. Bu wagtda Mawerannahr özara gaşydaş bolan temury şazadalar baştutanlyk edip duran birnäçe welaýatlara bölünip gidipdi. Ýurduň başyna uly aladalar düşen wagtlarda din ulamalaryndan biri **Hoja Ubaýdullah Ahrar** betbagtçylyklary ýok etnek ugrunda birnäçe gezek janypkeşlik görkezipdi. **1454-nji ýyl**da Hyradyň häkimi ***Abulkasym Babur*** Mawerannahra çozup girip, Samarkandy gabawa alanda ***Hoja Ubaydullah Ahrar*** dawa berk gatyşyp, bäsdeşleri ylalaşdyrýar.

**Soltan Hüseýn we Alyşir Nowaýy.** ***Soltan Hüseýn Baýkara*** Amyderýanyň günortasyndaky ýerlere hökümdar bolup, ol öz garamagynda Horasany, Horezmi hem-de Gündogar we Demirgazyk Eýran welaýatlaryny birleşdiripdi. Ol baryp 40 ýyl höküm süren Temurileriň soňky iri hökümdary bolup, onuň döwründe şazadalaryň we emirleriň özdiýenliligine seretmezden, ýurduň hojalyk we medeni durmuşy ýokarlanýar. Horasanyň abat edilmeginde, gülläp ösmeginde döwrüniň kärendeçisi we dana hökümdary ***Soltan Hüseýn*** bilen bir hatarda beýik şahyr we döwlet işgäri ***Alyşir Nowaýy***nyň hem hyzmaty örän uly boldy.

**Alyşir Nowaýy 1441-nji ýyl**da Hyratda dünýä inipdir. Onuň ata-babasy Temuriler köşgünde gulluk edipdir. Soltan Hüseýn bilen Alyşir bir mekdepde okapdyrlar. Olar çagalyk çaglaryndan başlap Horasanyň hökümdary ***Abulkasym Babur***yň hyzmatynda bolupdyrlar. Ol aradan çykandan soň 12 ýylyň dowamynda başga-başga şäherlerde ýaşapdyrlar. ***Hüseýn*** bu döwürde ilki Horezmde, soňra Horasanyň Abywerd, Nusaý, Maşat we başga welaýatlarynda sergezdançylykda gezip, güýç toplap ***Abu Said***e garşy gozgalaň turuzýar. ***Alyşir Nowaýy*** bu ýyllarda Maşatda we Hyratda okaýar. Şol wagtlardan başlap ol şahyrlyk talanty sebäpli uly şöhrat gazanypdy. Ýaşlykdan ***Soltan Hüseýn*** bilen ýakyn bolan ***Alyşir*** özüne görä ***Abu Said***de duşmançylyk keýpini duýansoň, Samarkanda baryp, mälim wagt ol ýerde ýaşamaga mejbur bolýar. Samarkantda ol ylym-bilim we şygryýet bilen meşgul bolýar. Bu ýerde ol

meşhur alym, filosofiýa, mantyk, hukuk, arap dili, edebiýat we şygryýetiň ýiti bilimdany **Fazlullah Abullaýs Samarkandy**dan sapak alýar. **1469-njy ýyl**da ***Soltan Hüseýn*** Hyrady eýelänsoň, ***Nowaýy***ny öz huzuryna teklip edýär. ***Alyşir***i ol ilki *mührdarlyk* wezipesine, soňrak bolsa *wezir* edip belleýär.

***Soltan Hüseýn*** hökümdarlygy döwründe ***Alyşir Nowaýy*** ýurtda merkezleşen soltanlyk emele gelmegi, welaýatlar abat edilmegi, obalarda daýhançylyk, şäherlerde hünärmentçilik we söwdanyň giňelip ösmegi ugrunda hyzmat edýär. ***Alyşir Nowaýy*** edebiýat, sungat we ylmyň medeni aň-bilimiň gülläp ösmegi, ilatyň parahat we asuda ýaşamagynyň tarapdarydy.

Ýöne ***Soltan Hüseýn*** döwleti ***Alyşir*** garaşany ýaly ösmeýär. Suýurgal tertibine esaslanýan bu döwletde, bir tarapdan, welaýat hökümdarlary, hatda täji-tagt mirasdüşerleri **Badiuzzaman** we **Muzaffar Hüseýn Mürze** pitneleri bolup geçýär. Ikinji tarapdan, zulum netijesinde Hyratda we onuň welaýatlarynda halk gozgalaňlary bolýar. Üçünjiden, öz bähbitlerini gözleýän açgöz köşk emeldarlary pitne we hileleri güýçlendirip, onuň batgasyna Soltan Hüseýni hem batyrýarlar. Şeýle ýagdaý, şübhesiz, baş wezirlik wezipesinde duran dana Nowaýynyň köşkden, hatda paýtagtdan uzaklaşmagyna getirýär.

Şeýdip, **XV asyryň ikinji ýarym**yndaky durnuksyz syýasy ýagdaý sebäpli Temuriler soltanlygy krizise duçar bolýar.

**1.** Pederkuş Abdullatifiň takdyry näme bilen gutarýar?
**2.** Soltan Abu Said nähili ýol bilen Mawerannahrda häkimiýeti eýeleýär?
**3.** Horasandaky ýagdaý nähilidi?
**4.** Soltan Abu Said Hyrat tagtyny haçan, nähili eýeleýär, ol haýsy söweşde heläk bolýar?
**5.** Mawerannahryň parahatçylygy ugrunda Hoja Ubaýdullah Ahraryň hyzmaty nämede?
**6.** Soltan Hüseýn Baýkara we Alyşir Nowaýy barada nämeleri bildiňiz?

## 38-§. SOSIAL-YKDYSADY ÖSÜŞ WE DÖREDIJILIKLI ZÄHMET

**Daýanç düşünjeler:** ***ykdysady durmuş, hünärmentçilik görnüşleri, içerki we daşary söwda, pul dolanyşygy, ýer eýeligi, salgyt görnüşleri.***

**Hünärmentçilik.** Mawerannahryň **Samarkant, Buhara, Daşkent, Şahruhiýa, Termiz, Şährisebz, Karşy** we başga ençeme şäherleri hünärmentçilik merkezine öwrülýär. Şäherlerde hünärmentçilik mähellelериniň sany artyp, kesp-hünär bilen bagly bolan täze-täze güzerler, köçeler, bazar hatarlary, basyrlan bazarlarlar we taklar (üsti gümmezli bazar) peýda bolýar. Köp şäherlerde zergärlik, misgärlik, iňňeçilik, sowutçylyk, daş taraşlaýjylar, çüýşeçiler, gönçülik ýaly hünärmentçilik mähelleleri bolupdyr.

Orta asyr hünärmentçiliginde küýzegärçilik ýokary ösüş gazanyp köp pudakly ugra öwrülýär. Bu döwürde daş ýonmak, ony timarlap, oýma nagyşlar we dürd ýazuwlar ýazmak sungaty kämilleşýär. Samarkantda Bibihanym juma metjidinde Gurhan goýmak üçin oturdylan uly daş bölegi, Göri Emirdäki nefrit guburdaşy, Şahizinda (Şeýhizinda) we başga ýerlerdäki saganalara owadan nagyşlar berlip, haşamly aýatlar, marsiýalar we taryhy ýazgylar ýazylypdyr.

Samarkant hünärmentçiliginde, aýratynam, kagyz öndürmek aýratyn orun tutýar. Samarkant kagyzy orta asyr Gündogar hatdatlygynda örän meşhur bolup, onuň mälim bir bölegi çet ülkelere çykarylypdyr.

**Gurluşyk, agaç haşamçylygy.** Bu döwürde ýurduň iri şäherleri, hususan-da, Samarkantda we Hyratda gurluşyk işleri giň gerim alyp, gurluşykçylaryň roly barha artýar. Kerpiç örüp ymaratyň kaddyny bina gurluşykçylar *“banno”*, portallara hem-de taklara berçin we girihler örtüp ymarata timar berijiler *“ustaz”* diýlip atlandyrylypdyr.

Bu döwürde neçjarçylyk hem ösüpdir. Ökde neçjar ussalar agaç haşamçylygy bilen meşgullanypdyr. Olar nagyşly gapy-

lary, penjireleri, sütünleri, täk-rawaklar, hantagtalar, kürsüleri we başga hili köpdürli enjamlary ýasapdyrlar. Göri Emir we Şahizindanyň aýatlar ýazylan nagyşly gapylary XV asyryň halk ussalarynyň agaç haşamçylygy sungatyndaky iň seýrek nusgalaryndan hasaplanýar.

**Söwda aragatnaşyklary.** XV asyrda temuriler uzak we ýakyn ençeme goňşy ýurtlar: Hytaý, Hindistan, Tibet, Eýran, Rus, Wolgaboýy we Sibir bilen yzygider söwda-satyk edýärdi. Daşary döwletler bilen özara söwda-satygyň giňeltmekde temurileriň goňşy ýurtlar bilen alyp baran ilçilik aragatnaşyklary uly rol oýnaýar. **Ulugbek** we **Şahruh** Hytaý bilen üznüksiz ýagdaýda ilçiler çalşyp durupdyrlar. Olaryň zamanynda Tibet we Hindistan bilen hem gowy goňşuçylyk gatnaşyklary ýola goýulýar.

**Pul dolanyşygy.** Ykdysady ösüş mälim derejede şol döwürde geçirilen pul özgertmesi bilen hem baglydy. Mälim bolşy ýaly, ***Ulugbek*** **1428-nji ýyl**da dolanyşykdaky *fulusy pullar* özgertmesini amala aşyrdy. Ulugbek ýeňil agramlykda zikgelenen we dolanyşykda bolan şaý pullar

*** Tamga — söwda pajy, söwdagärlerden alynýan salgyt.**
*** Fulus — misden ýasalan maýda şaý pul**

bilen alyş-çalyşygy gadagan edipdir. Köne şaýlary täzesine çalşyryp, içerki söwdanyň *fulusyy pullara* bolan talabyny kagatlandyrmak üçin bir wagtyň özünde ol Buhara, Samarkant, Karşy, Termiz, Daşkent, Şahruhiýa we Andijan şäherlerinde zikgehanalar döredilip, birmeňzeş agyrlykdaky saldamly fuluslar zikgeledilýär we dolanyşyga çykarýar. Halkyň arasynda *"fulusy adliýa"*, ýagny *"adalatly şaý"* ady bilen şöhrat gazanan Ulugbegiň bu täze *fuluslary* içerki bölekleýin söwda üçin giň ýol açýar.

Şunuň bilen birlikde ***Ulugbek*** daşary söwdadan döwlet hazynasyna düşýän girdejini köpeltmek maksadynda tamga salgydyny birneme artdyrýar.

Şeýdip, ***Ulugbegiň*** döwründe ýurtda içerki we daşary söwdanyň giňelmegi hünärmentçilik önümleriniň göwrümini artdyryp, kesp-hünär pudaklarynyň ösmeginde esasy faktorlardan birine öwrüldi.

**Daýhançylyk we maldarçylyk.** Ýurtda ýygy-ýygydan bolup durýan özara içerki uruşlara seretmezden, XV asyrdada Mawerannahryň we Horasanyň obalarynda birneme abadançylyk işleri amala aşyryldy. Hususy işewürleriň sähralarda täze ýerleri özleşdirmek, kanallar gazyp, bag gögertmek we garawsyz galan taşlandy ýerleri suwaryp, abat etmek ýaly zähmetleri goldaw tapýar. Hatda şeýle işewürler biriki ýylyň dowamynda hemme salgytlardan we töleglerden azat edilýär.

Hojalygyň ykdysady durmuşynda, aýratynam, ýaýla çarwaçylygy: *gylýalçylyk, düýeçilik* hem-de *iri şahly maldarçylyk* möhüm orun tutupdyr.

**Ýer eýeçiligi.** XV asyryň dowamynda Mawerannahrda we Horasanda öňküsi ýaly ýer we ýer eýeçiliginiň esasan dört görnüşi: *“mülki diwany”*, *“mülk”*, *“mülki wakf”, “jemagat ýerleri”* bolupdyr. Suwarylýan ýerleriň iň uly bölegi döwlet mülki hasaplanypdyr. Bu ýerlere öňküsi ýaly ýurduň hökümdary soltan ýa-da emirler eýelik edýärdi.

Temuriler döwründe döwlet ýerlerini *“suýurgal”* hökmünde sowgat etmek giň ýaýraýar. Suýurgal eýeleriň tabynlygyny güýçlendirmek maksadynda merkezi häkimiýet käte olaryň garamagyndaky ýer meýdanlaryny gysgaldýardy ýa-da olaryň hak-hukuklaryny çäklendirip, boýun egmedik tagdyrda suýurgal hukugyndan mahrum edilip başga şahsa berilýärdi.

Bu döwürde baş hökümdar tarapyndan iri ýer eýelerine gowy hyzmatlary üçin *tarhanlyk ýarlygyny* bermek däbe öwrülýär. Tarhanlyk ýarlygyny alan ýer eýeleri ähli salgytlardan, töleglerden we borçnamalardan azat edilipdir. Tarhanlyk ýarlygy adatda emirlere, beklere, köşk emeldarlaryna, seýitlere we başga ýokary gatlak wekillerine berlipdir. Şeýle ýarlygy alan mülkdaryň adyna “tarhan” mertebesi goşulyp aýdylypdyr.

XV asyrda-da öňki döwürlerdäki ýaly örän köp ýer we suw metjitlere, medreselere, hanagählere, kümmetlere we mazarlara birikdirilip, şeýle ýerler *“mülki wakf”* diýlip atlandyrylypdyr. Adatda ýerden we suwdan daşary ençeme dükan, kärhana, degirman, apjuwaz, bazar söwda hatarlary, kerwensaraýlar hem wakf edilip, olardan düşen girdeji metjit, medrese, tebipleriň öýlerini we hanakähleriň abatlanmagy, enjamlaşdyrylmagy, mutawelli, muderris, tebiplere we talyplara berilýän tölegler hem-de langarhana (mysapyrhana) we şypahanalaryň gündelik harajatlary üçin sarp edilipdir.

**Salgyt görnüşleri.** Suwarymly daýhançylyk ýerlerinden alynýan esasy salgyt **“hyraç”** diýlip atlandyrylypdyr. Hyraç önüm ýa-da pul bilen tölenipdir. Ol hasyla we ýeriň hasyldarlygyna garap kesgitlenipdir. Meselem, derýa we bulak suwlary bilen suwarylýan suwarymly ýerlerden hyraç hasylyň üçden bir bölegi (33%) mukdarynda alnypdyr. Düme ýerlerden hasylyň altyndan bir, ýagny 16,5% dan tä sekizden bir, ýagny 12,5% mukdarida salgyt alnypdyr.

Mülk ýerleriniň bir böleginden “**üşr**”, ýagny hasylyň ondan bir bölegi (10%) mukdarynda salgyt alnypdyr. Şeýle ýerler adatda döwrüniň ylym-bilimi, medeni aň-bilimi we ruhy durmuşynda möhüm abraýa eýe bolan ulamalaryň we maşaýyhlaryň garamagynda bolupdyr. Çarwa mallaryndan kyrkdan bir, ýagny 2,5% mukdarynda zekät alnypdyr.

*** Begar – ýerli ilata ýüklenen köşk, jemgyýetçilik binalary, goranma we suwaryş desgalaryny hem-de ýol gurluşyk işlerinde köpçülikleýin işläp bermek borçnamasy, mukaddes köpçülikleýin haşar.**

Esasy salgytlardan daşary ýerli ilat *begar* işlerinde hem gatnaşypdyrlar. Begarda gatnaşýan her bir adam işlemek üçin gerekli gural-enjam we ýeterli iýmitini özi bilen getirmeli bolupdyr.

1. Temuriler döwründe hünärmentçiligiň nähili görnüşleri ösdi?
2. Neçjarçylyk kagyz önümçiliginiň ösenligine mysallar getiriň.
3. Söwda aragatnaşyklary nähili ýola goýlupdyr?
4. Ulugbegiň pul özgertmesi we onuň netijeleri barada nämeleri bildiňiz?
5. Temuriler döwründe daýhançylyk nädip ösüpdi?
6. Temuriler döwründe ýer eýeçiliginiň nähili görnüşleri bolupdyr?
7. Temuriler döwründe nähili salgyt görnüşleri bolupdyr?
8. “Tarhan” ýarlygy barada aýdyp beriň.

## Aşakdaky jedweli dolduryň

| Hünärment-çiligiň görnüşleri | Söwda aragat-naşyklary | Ýer eýeligi | Salgyt görnüşleri |
|---|---|---|---|
| | | | |

## EMIR TEMUR DÖWLETINIŇ KARTASY



# VI B A P. XIV-XV ASYRLARDAKY YLMYŇ WE MEDENIÝETIŇ HÄZIRKI ZAMAN SIWILIZASIÝANYŇ ÖSÜŞINDÄKI ROLY WE ÄHMIÝETI

## 39-§. BILIM ULGAMY

**Daýanç düşünjeler:** ***Medresei umumy, Medresei oliya.***

**Medreseleriň işi.** Temur we temuriler döwründe medrese ýokary maglumat berýän merkez wezipesini ýerine ýetiripdir. Mawerannahrda we Horasanda esasan döwlet we gurply şahslaryň serişdelerine gurlan ençeme medreseler bardy. Medresede ylahyýet bilen birlikde dünýewi ylymlar: kanunşynaslyk (ylahyýet), mantyk, matematika (ryýazat), geometriýa (handasa), astronomiýa, lukmançylyk, taryh, geografiýa, edebiýat, şygryýet (ylmy aruz), arap dili we onuň morfologiýasy (kafiýa) okadylypdyr. Medresede iň ökde hünärmenler ders beripdirler. Olara aýratyn iş haky tölenýärdi.

**1404-nji ýyl**da Saraýmülkhanym Samarkantda şeýle medrese gurdurypdyr welin, ol öz mahabaty bilen şol döwürdäki başga desgalardan tapawutlanýardy. Onda öz döwrüniň meşhur alymlary mugallymlyk edipdirler.

Diňe Hyradyň çäginiň özünde 36 sany medrese bolup, bu medreselerde we şu çäkde ýerleşýän hanagählerde tälim almak üçin dürli ýurtlardan talyplar gelýärdiler.

Hyradyň töwereginde ýerleşýän emir Feruzşa medresesi we hanagähi aýratyn şöhrat gazanypdy. Injil anhorynyň boýunda ýerleşýän Ihlasiýa medresesi we Halasiýa hanagähi Hüseýn Baýkara hökümdarlygy döwründe gurlupdyr.

Okatmak seçip almak esasynda alnyp barylyp, her aýlyk seçip almada gowşak talyplar düşürlip galdyrylyp, okuwy diňe güýçlüler dowam etdiripdirler.

Ulugbekiň permany bilen **1417-nji ýyl**da Buharada, **1420-nji ýyl**da Samarkantda, **1433-nji ýyl**da Gijduwanda medreseler gurlupdyr. Hatda Buhara medresesiniň derwezesine *“Bilim almak her bir musulman aýalyň we erkegiň borjudyr”,* diýen çagyryşnama oýup ýazyp goýulýar. Mawerannahryň bu üç

gadymy şäherlerinde gurlan ylym dergähleri, hususan-da, Samarkant medresesi döwrüniň uniwersitetidi.

**Ulugbek medresesi.** **1420-nji ýyl**da açylan Samarkant medresesi iki etažly, elli hüjreli bolupdyr. Her bir hüjre üç otaga: gaznak (ammarhana), ýatakhana we dershanalara bölünipdir. Medresede şol zamanyň güýçli alymlaryndan mawlana **Şamsiddin Muhammet Hawofiý** öňdebayjy muderris bolupdyr. Orta asyrlaryň meşhur alymlary **Kazyzada Rumy, Gyýasiddin Jamşit Kaşany, Mürze Ulugbek** we onuň şägirdi **Alauddin Ali Guşçy**lar dürli ylymlardan ders beripdirler. Medrese açylan güni birinji dersi **Şamsiddin Muhammet Hawofiý** okapdyr, dersde talyby ylymlardan togsan sanysy gatnaşypdyr. Medresede ilmi haýatdan (astronomiýa) dersi **Kazyzada Rumy** beripdir. Medresede iň bolmanda 15–16 ýyl tälim alyp, onuň maksatnamasy boýunça ylymlary doly özleşdiren we synaglarda öz bilimini görkezmegi başaran talyby ilmlere **sanad** (şahadatnama) ýazyp berlipdir.

Şol döwürde Samarkantda Ulugbek medresesinden daşary Hanym, Kutbiddin Sadr we Muhammet Sadr medreseleri hem bardy.

Medrese we hanagäh diňleýjileri ylmyň dürli ugurlaryndan köp kitaplary derňeýärdiler. Emir Temur we onuň nesilleri köşklerinde köne dünýä we orta asyryň seýrek eserleri saklanyp gelýän baý kitaphanalary bardy. Samarkantda Emir Temuryň we Ulugbegiň, Hyratda Şahruhyň, Baýsunguryň, Hüseýn Baýkaranyň we Alyşir Nowaýynyň baý kitaphanalary bilim ýaýratmak bilen meşguldy.

1. Temur we Temuriler döwründe medrese nähili wezipäni ýerine ýetiripdir?
2. Medresede nähili ylymlar okadylypdyr?
3. Medresede okatmak prosesi nähili guralypdyr?

## 40-§. ANYK YLYMLARYŇ ÖSÜŞI

**Daýanç düşünjeler:** ***Ylym-bilim merkezleri, Matematika we astronomiýa ylymlarynyň ösüşi, Beýik alymlaryň ylmy mirasy, Samarkant akademiýasy, obserwatoriýa.***

**Ylym-bilim merkezleri.** XV asyrda **Samarkant**da we **Hyrat**da alymlardyr okumyşlar, şahyrlardyr kompozitorlaryň ep-esli uly topary toplanypdy. Ylym-bilimiň we sungatyň ösüşinde döwrüniň medeni gurşawynda terbiýelenip, ýaşlygyndan başlap meşhur alym hökmünde şöhrat gazanan ***Ulugbeg***iň goşandy örän uludyr. ***Ulugbek*** ýurdy dolandyrmak bilen bir hatarda, ylmy işler bilen meşgullanýar, alymlaryň çekişmelerinde işeňňir gatnaşýar. Ulugbek geçmişdaşlary Ahmet Fergany, Abu Nasyr Faraby, Muhammet Horezmi, Abu Reýhan Biruny we Ibn Sina eserlerini jikme-jik öwrenipdir. Bu beýik akyldarlaryň eserleri arkaly ol gadymky grek alymlary Aflotun, Arastu, Gipparh, Ptolomeýleriň klassyky eserleri bilen hem tanyşýar.

Astronomiýa we matematika ugrunda gazanylan uly üstünlikler temuriler döwletine uly şöhrat getiripdir. Bu şöhrat birinji nobatda Ulugbegiň ady bilen baglydyr.

**Ulugbegiň obserwatoriýasy.** Samarkantda öz daşyna toplanan görnükli alymlaryň gönüden-göni gatnaşmagynda we kömeginde ***Mürze Ulugbek*** **1424–1429-njy ýyllar**da şäheriň golaýyndaky Obirahmat anhorynyň boýunda obserwatoriýa gurdurýar. Henize çenli alymlaryň gyzyklanmasyny oýaryp gelýän bu uly ymaratyň beýikligi 31 metrdi.



**Ulugbegiň obserwatoriýasynyň içerki görnüşi.**

***Gyýasiddin Jemşid***iň ýolbaşçylygynda obserwatoriýanyň esasy ölçeg gural-enjamy – ullakan sekstant ornaşdyrylypdyr. Samarkant sekstanty şol döwürde Gündogarda mälim bolan sekstantlaryň iň

ulusy hasaplanypdyr. Ulugbegiň obserwatoriýasynyň ýanynda döwrüniň baý kitaphanasyny hem döredýär. Bu kitaphanada ylmyň ähli diýen ýaly ugurlaryna degişli on bäş müň jilt kitap saklanypdyr.

Ulugbegiň işeňňir gatnaşmagynda Ulugbegiň obserwatoriýasy şol döwrüň şertine kämil astronomik gural we enjamlar bilen enjamlaşdyrylan ýokary derejedäki ylym mesgenine öwrülýär. Obserwatoriýada Ulugbek bilen birlikde meşhur matematiklerden we astronomlardan *“Aflatuny zaman”* diýip at alan **Kazyzada Rumy, Gyýasiddin Jamşit Koşony**, *“öz döwriniň Ptolomeýi”* ady bilen şöhrat gazanan **Ali Guşçy** we ençeme başga alymlar ylmy gözegçilikleri we barlaglary alyp barýarlar. Mahlasy, Ulugbegiň Samarkantda bütin bir astronomiýa mekdebini döretdi.

*** Akademiýa – ýokaryy ylmy gurama**
*** Obserwatoriýa – asman jisimleri barlagy üçin mahsus enjamlaşdyrylan ylmy edara we şu edara ýerleşýän bina**
*** Sekstant – asman ýagtylgyçlarynyň beýikligini kesgitlemek üçin niýetlenen aýna-serpikdirijili esbap**

Obserwatoriýada alnyp barylan gözegçilikler we barlaglar sebäpli **1018** sany gozganmaýan (durnukly) ýyldyzlaryň orny we halaty anyklanyp, olaryň astronomik jedweli düzülýär. Alnyp barylan barlaglaryň netijeleri esasynda matematika we astronomiýa degişli ençeme seýrek eserler döredildi.

Ulugbegiň şa eseri *“Ziji jadidi Koragany”* (Koraganynyň täze astronomik jedweli) atly kitabydyr. *“Ziji jadidi Koragany”* esasan iki bölekden: giň giriş bölümi we 1018 gozganmaýan ýyldyzlaryň orny we halaty anyklap berlen jedwellerden ybarat. Ulugbegiň astronomik jedweli şol zamandaky şoňa meňzeş jedwelleriň arasynda ýokary derejede takyklygy bilen tapawutlanýar. Şonuň ýaly-da, Ulugbegiň ýyl hasabyny häzirki hasap-hesiplere deňeşdirýän bolsak, ol bary-ýogy bir minut iki sekunda tapawutlanýar. Bu XV asyr üçin örän ýokary takyklyk bolup, häzirki zaman ölçeglerine örän ýakyndyr.

Ulugbek *“Taryhy arba’ ulus”* (Dört ulus taryhy) atly taryhy eser hem-de saz ylmyna bagyşlanan bäş sany eser hem ýazypdyr. Ulugbegiň astronomiýa mekdebi öz döwrüniň özboluşly akademiýasydy. Ulugbek töweregine toplanan 100 den artyk alymlaryň öz gujagynda ýetişdiren ady dünýä meşhur Samarkant obserwatoriýasiy şu wezipäniň hötdesinden gelipdir. Meşhur fransuz filosofy, ýazyjy we taryhçy alym **Wolter** (1694–1778): *“Ulugbek Samarkantda bolup akademiýany esaslandyrdy. Ýer şaryny ölçemegi buýurdy we astronomiýa degişli jedwelleri düzmekde gatnaşdy”*, – diýip ýazypdy. Ulugbegiň astronomiýa mekdebi orta asyr musulman Gündogary astronomiýasynyň ösüşine uly täsir etdi.



**“Samarkant akademiýasy” – 1004-nji ýylda Horezmde döredilen “Danyşmentler öýünden” (Mamun akademiýasy) soňky ikinji “Dor ul-ilmdi”.**

1. Hany aýdyň, XV asyrda haýsy şäherler ylym-bilim merkezleridi? Munuň sebäbi nämededi?
2. Ulugbegiň ylmy ösdürmäge goşan goşandy barada nämeleri bildiňiz?
3. Ulugbegiň obserwatoriýasy we onuň ylmy işleri barada aýdyp beriň.
4. “Ziji jadidi Koragany” eseriniň ähmiýeti nämeden ybaratdy?
5. Oýlap görüp, aýdyň, anyk ylymlaryň ösmegi nähili netijelere getirmegi mümkindi?

## 41-§. EDEBIÝAT

**Daýanç düşünjeler: *Klassyky edebiýatyň görnükli wekilleri; taryhşynaslar.***

**Klassyky edebiýat görnükli wekilleri.** Orta Aziýa halklarynyň edebiýaty çeper stil taýdan kämilleşdi, täze derejä göterildi. Prozada hem, poeziýada hem ençeme seýrek çeper we lirik eserler döredildi. Orta Aziýa halklary, hususan-da,

özbek hem-de täjik edebiýaty arasynda özara aragatnaşyk we hyzmatdaşlyk giňeldi we pugtalandy. Terjime edebiýat emele geldi. Çeper edebiýatyň gülläp ösmegi bilen aýrylmaz baglylykda edebiýatşynaslyk hem ösdi, seýrek eserler döredildi.

**Durbek** tarapyndan gaýtadan işlenen *"Ýusuf we Züleýha"* dessany, daşkentli şahyr ***Ataýy***nyň diwany şol döwür çeper edebiýatynyň dürdäneleridir.

Bu döwrüň özbek şahyrlarynyň içinde ***Lutfy*** (1366–1465) aýratyn orun tutýar. Nowaýa çenli özbek şygryýetinde ***Lutfiy*** derejesine ýetýän şahyr bolmandyr. Ol diňe bir türki dilde eserler döretmek bilen çäklenmän, eýsem pars dilinde hem kasydalar ýazypdyr. ***Lutfy*** döredijiliginde hakykat we adalaty söýmek, rehimli we şepagatly bolmagy wagyz etmek, ylym we sungaty söýmek ýaly pikirler uly orun alypdyr.

XV asyr çeper edebiýatynyň gülläp ösmeginde beýik döwlet işgäri, beýik şahyr, alym, akyldar **Alyşir Nowaýy (1441-1501)** we beýik pars-täjik şahyry **Abdurahman Jamy**nyň **(1414-1492)** goşantlary örän uludyr.

***Nowaýy*** bütin işlerini we döredijiligini adamyň bagty üçin göreşe, halkyň asudalygyna, özara uruşlaryň öňüni almaga, abadançylyk işlerine, ylym-bilime, sungata we edebiýatyň ösüşine bagyşlady. Ol özbek edebi dilini, özbek klassyky edebiýatyny täze derejä göterdi. ***Nowaýy*** otuzdan artyk iri çeper eser ýazdy. *"Hamsa", "Hazoýin ul-maony", "Mahbub ul-kulub", "Lisan ut-taýr"* şolara degişlidir.

Özbek halkynyň beýik şahyry we akyldary ***Alyşir Nowaýy*** özüniň bibaha eserlerinde gozgan örän ynsanperwer taglymlary bilen dünýä edebiýatynyň beýik görnükli wekilleri hataryndan mynasyp orun eýeledi. ***Abdurahman Jamy Alyşir Nowaýy***nyň döwürdeşi, halypasy we dostudy. Olaryň dostlugy we hyzmatdaşlygy özbek we doganlyk halklaryň dostlugynyň we hyzmatdaşlygynyň aýdyň tymsalydyr.



**Alyşir Nowaýy**

***Eger bu beýik ynsany öwliýä diýsek, ol öwliýäleriň öwliýasy, akyldar diýsek, akyldarlaryň akyldary, şahyr diýsek şahyrlaryň soltanydyr.***

**Islam KARIMOW. "Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch".**

**Taryhçylar.** Taryh ylmynyň görnükli wekillerinden biri ***Mirhand*** (1438-1498) bolup, onuň hakyky ady ***Muhammet Howandşa ibn Mahmyt***dyr. Ol Balhda doglan bolsa-da, ömrüniň köp bölegini diýen ýaly Hyratda geçirýär. ***Mirhand***yň ata-babalary asly buharaly bolup, ylahyýet ylmynda döwrüniň ýetik alymlary hökmünde şöhrat gazanypdyr. Mirhand barada maglumatlar gaty az. Ol hakda käbir maglumatlar agtygy ***Handemir*** tarapyndan ýazyp galdyrylypdyr: "*Pederpenah jenap emir Howand Muhammet ýigitlik çaglarynda dürli ylymlary eýelemek we nepis sypatlary kämilleşdirmek ugrunda tutanýerlilik etdi we zor zähmet çekdi…gysga wagtyň içinde bilimdanlykda zaman alymlarynyň öňdebaryjysyna öwrüldi. Ol (köpräk) taryh ylmyny kär edindi we dünýäniň ýagdaýyny hem-de syrlaryny derňäp öwrenmäge girişdi. Asylly hatyrany tiz pursat içinde bu ylmy eýelemekden azat etdi, emma terbiýesi keýpi-sapaadamlaryna goşulmaga ýol bermedi, lezzete berilmedi… Ders bermek we emru medeni aň-bilime isleg onuň röwşen huşunda asla görünmedi. Emma (bu ýagdaý) … arzuw we amanligyň kyblagähi, ýagny asylly Soltan (Hüseýn) hezretleriniň ýakyn dostunyň (Emir Alyşir Nowaýy) huzurlaryna baryp we onuň her dürli mylaýym, merhemet, hormat hem-de şepagatlaryny tapmagyny dowam etdi*".

***Mirhand*** Alyşir Nowaýynyň görkezmesi we howandarlygy bilen "*Rawzat us-safo*" ("Jennet bagy") eserini ýazýar. ***Handemir***iň nygtamagyna görä, şu eser ***Mirhand*** tarapyndan tamamlanmandyr. Eser ***Handemir*** tarapyndan ýazyp tamamlanypdyr. "*Rawzat us-safo*" eseri dünýäniň ýaradylmagyndan tä 1523-nji ýyla çenli bolan Orta Aziýa, Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynda bolup geçen sosial-syýasy wakalar giň beýan edilen. ***Mirhand***yň bu eseri Gündogar ýurtlarynda uly şöhrat gazanýar. Dünýä kitaphanalarynda "*Rawzat us-safo*" eseriniň ençeme golýazma nusgalary bar.

Ýewropada Mirhandyň eseri esli wagta çenli Gündogaryň taryhy boýunça möhüm çeşme bolup hyzmat edipdir.

Mirhandyň agtygy ***Handemir*** (1475-1535) hem öz döwrüniň meşhur taryhçysydyr. Ol hezret Alyşir Nowaýynyň şägirdidi. ***Handemir*** 15-16 ýaşlarynda Alyşir Nowaýynyň üns-nazaryna düşýär we ol aradan çykýança beýik şahyryň ýanynda bolup, onuň kitaphanasyna ýolbaşçylyk edýär. ***Handemir*** özüniň giň maglumaty, ylym-bilime teşneligi bilen beýik alym we akyldar şahyryň hormat gazanýar. Nowaýy Handemir barada "*Majolis un-nafois*" eserinde aşakdakylary ýazyp galdyrypdyr: "*Mawlana Handemir Mirhandyň perzendidir we zehinli ýigitdir. Taryh ylmynda ökdeligi bardyr*".

***Handemir*** önümli işleýän alymdy. Ol taryha degişli ona ýakyn eser ýazyp galdyrypdyr. Özüniň ölmez taryhy eserleri bilen köp asyrlyk medeniýetimiziň hazynasyny baýlaşdyrdy we ylym-bilim taryhynda öçmez yz galdyrdy. ***Handemir*** öz eserlerinde halkymyzyň geçmiş taryhy we waka hadysalaryny gözel edip suratlandyrypdyr. Aýratynam onuň "*Habib us-siýar*" eseri Orta Aziýanyň we Horasanyň XV asyryň ahyry we XVI asyryň birinji çärýegindäki sosial-syýasy taryhyny öwrenmekde möhüm we gymmatly çeşmelerden biri hasaplanýar.

**1.** XV asyrda şahyrlar we ýazyjylardan kimler ýaşap döredijilik edipdirler?

**2.** Hany aýdyň, Lutfy özbek şahyrlarynyň içinde nähili orun tutýar? Ol hakda goşmaça maglumatlar toplaň.

**3.** Özbek edebiýatynyň gülläp ösmeginde Alyşir Nowaýynyň hyzmati nämelerden ybarat?

**4.** Mirhand we Handemir haýsy döwrüň taryhy barada taryhy eserler ýazyp galdyrypdyrlar?

## 42-§. ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY

**Daýanç düşünjeler:** ***Kitap sungaty, şekillendiriş sungaty, Hatdatlyk; Suratkeşligiň Hyrat mekdebi.***

**Kitap sungaty.** XV asyrda kitap sungaty, ýagny golýazma eserleri göçürip ýazmak we onuň bilen bagly bolan hatdatlyk,

suratkeşlik, lawwahlyk we sahhaflyk sungaty hem örän gowy ösýär.

*** Lawwahlyk - görnüş, peýzaž çekmek**
*** Sahhaflyk - kagyzy sahaplamak we kitaby jiltlemek.**

Çaphana we kitap neşir etmek entek emele gelmedik zamanda kitap döretmek we onuň nusgalaryny köpeltmek agyr zähmet we köp wagt sarp edilýän örän kyn iş bolupdyr.

Her bir kitap kagyzyndan çekip sahabyna çenli, syýadan çekip tä boýaglarydyr zerlerine çenli mälim kada esasynda taýýarlanardy. Hatdat bolmak üçin uzak wagt sabyr-takat we işleg bilen maşk etmek, kämil sowatly, çeper daty belent adam bolmalydy. Ökde hatdatlar öz usulyny we stilini şägirtlerine öwredýärdi. Şeýdip hatdatlyk däpleri dowam etdirilerdi we ösdürilerdi.

Meşhur hatdat **Miraly Töwrizi** (1330–1404) *nastalik* diýlip atlandyrylan täze stildäki haty açyş edýär. Owadan ýazýan hatdatlardan biri **Soltanali Maşhadi**di (1432–1520). ***Soltanali*** tarapyndan göçürilen 50-den gowrak kitap we ençeme kytgalar häzirki wagta çenli ýetip gelipdir. ***Soltanali*** haşamçylyk sungatynda hem ökde bolupdyr. Ol hatdatlyk sungatynyň görnüşleri barada mahsus eser hem ýazypdyr. **Soltanali Maşhadi** *“Kiblat ul-kuttob”* (Kätipler kyblasy) we *“Soltan ul-hatdatin”* (Hatdatlar soltany) atlary bilen şöhrat gazanýar.

Samarkantda we Hyratda ýörite köşk kitaphanalary döredilipdi. Kitaphana işlerine kitaphana dorugasy ýa-da kitapdar baştutanlyk edipdir. Onuň gol astynda hatdatlar, nakgaşlardyr suratkeşler, ökde lawwahlardyr sahhaflar buýurmalary ýerine ýetiripdirler.

Meselem, Hyratda Ulugbegiň inisi ***Baýsunguryň*** kitaphanasynda kyrk hatdat we birnäçe nakgaşlar golýazma eserlerden nusgalar göçürmek we olary bezemek bilen meşgul bolupdyrlar. **1429-njy ýyl**da bu kitaphanada Abulkasym Firdöwsiniň meşhur “Şanama” dessany göçürdilip, ol 20

sany dürli mazmun we görnüşli reňkli miniatýuralar bilen bezelipdir.

***Hüseýn Baýkara*** we ***Alyşir Nowaýy*** köşk kitaphanasyny seýrek eserler bilen baýlaşdyrmaga gamhorlyk edýärler.



**Nowaýynyň suratkeş Mahmyt Muzahhib galamyna degişli suraty**

**Şekillendiriş sungaty.** XV asyrda uly üstünlikler gazanan şekillendiriş sungaty – portretler, durmuşy görnüşler, tebigatyň görnüşleri, binalara we çeper eserlere işlenen suratlardan ybarat bolupdyr. Beýik adamlaryň keşbiniň teswirleriniň arasynda **Jamy, Nowaýy, Abdulla Hatifi, Behzad, Hüseýn Baýkara, Babur** we başgalaryň teswirleri bize çenli saklanyp galypdyr. Suratkeşler bu taryhy şahslaryň daşky keşbini anygrak we kämilräk şekillendirmäge, käbir ýagdaýlarda hatda olaryň ruhy dünýäsini açmaga çalşypdyrlar. Meselem, meşhur suratkeş **Mahmyt Muzahhib** tarapyndan çekilen Nowaýynyň suratynda şahyr hasa daýanan, onuň gamaty birneme egilen, garaýyşlarynda-da ýadawlyk alamatlary, hem beýiklik we asyllylyk aýdyň göze ilýär.

**Kemaliddin Behzad** (1455—1536) XV asyr şekillendiriş sungatynyň beýik wekilidir. Ol suratkeşlikde *“Hyrat mekdebi”* diýlip atlandyrylan täze bir döredijilik stiliniň esaslandyryjysy boldy. Behzad öz döwründe *Moniýi Sany* (Ikinji Moniý) diýip hormatlandypdyr. Ol halypa sungat işgäri hökmünde Orta Aziýa, Eýran, Azerbaýjan we başga ülkeleriň şekillendiriş sungatynyň ösüşine netijeli täsir etdi. Behzadyň döredijiligi dürli-dürli mazmuna eýe bolup, ol taryhy keşpleriň (Hüseýn Baýkara, Şeýbanyhan, Alyşir Nowaýy) portretlerinden çekip tä kaşaň hökümdar köşklerindäki kabul dabaralary we söweş meýdanynyň görnüşlerine çenli hakyky we täsirli edip bermegi başarypdyr. Aýratynam, Dehlewiniň “Leýli we Mejnun” dessanyna bagyşlanan onuň lirik görnüşleri ýa-da Şarafiddin Ali Ýazdynyň “Zafarnama” eseri üçin çekilen



**Kamaliddin Behzad**

söweş meýdanyndaky gazaply söweş suratlandyrylan miniatýuralary örän täsirli we özüne çekijidir.

Behzadyň däpleri soňky döwrüň suratkeşleriniň döredijiligine oňyn täsir edýär. Onuň döredijiligi we mirasy sungatşynaslar, suratçylar tarapyndan giň öwrenilýär. Behzadyň adyny ebedileşdirip, Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň **1997-nji ýylyň 23-nji ýanwar**yndaky permanyna görä Kemaliddin Behzad adyndaky Döwlet baýragy döredildi, Milli suratkeşlik we dizaýn institutyna Behzadyň ady dakyldy.

**2000-nji ýylyň noýabr**ynda Daşkent, Samarkant şäherlerinde we daşary ýurtlarda ÝUNESKO howandarlygynda Behzadyň doglan gününiň **545 ýyllygy** giň bellendi, Daşkent şäherinde Behzad adyndaky memorial bag döredildi. Daşkentde Temuriler taryhy döwlet muzeýinde Behzada bagyşlap Beýik Britaniýa, Türkiýe, Hindistan, Azerbaýjan, Täjigistan we Özbegistan sungatşynas alymlarynyň gatnaşmagynda halkara ylmy konferensiýa geçirildi.

Mahlasy, şekillendiriş sungaty eserleri bilen çeper edebiýatyň özara üznüksiz aragatnaşykda gülläp ösenligi, biri ikinjisine netijeli täsir edendigini görkezýär.



**1.** Kitap sungaty bilen bagly ýene haýsy ugurlar örän gowy ösýär? Näme üçin hut şu ugurlar ösen diýip oýlaýarsyňyz?
**2.** Hatdatlyk sungaty barada nähili düşünjä eýe bolduňyz?
**3.** Kitaphanalaryň ösenligini mysallar bilen düşündiriň.
**4.** XV asyrda şekillendiriş sungaty nähili teswirlerden ybarat bolupdyr?
**5.** Kemaliddin Behzad barada gysgaça maglumat taýýarlaň.

## MAZMUNY

Giriş.....................................................................................3

### I BAP
### ORTA ASYRLARDA ÝER EÝEÇILIGI GATNAŞYKLARYNYŇ ŞEKILLENMEGI WE ÖSÜŞI

1-§. Sosial-ykdysady özgerişler............................................................6
2-§. Irki orta asyrlarda Horezm, Hyýanylar, Kidariýler döwletleri.............8
3-§. Eftallar döwleti. Eftallar döwründe sosial-ykdysady we medeni durmuş..10
4-§. Orta Aziýa halklary Türk hakanlygy döwründe...............................14
5-§. Günbatar Türk hakanlygy..............................................................17
6-§. Ýerli häkimlikleriň döredilmegi.....................................................19
7-§. VI-VII asyrlarda medeni durmuş....................................................22

### II BAP
### ARAP HALYFATY DÖWRÜNDE MAWERANNAHR

8-§. Mawerannahrda arap halyfatynyň ornaşdyrylmagy.......................27
9-§. Mawerannahrda yslam dininiň ýaýramagy.......................................31
10-§. Halyfata garşy halk närazylygy..................................................... 33
11-§. Apbasylar döwründe Horasan we Mawerannahr...........................37

### III BAP
### MAWERANNAHRDA ÖZBAŞDAK DÖWLETLERIŇ DÖREDILMEGI

12-§. Garlyklar, oguzlar, tahyrylar........................................................41
13-§. Samanylar.......................................................................................45
14-§. Samanylar döwründe sosial-ykdysady durmuş...........................48
15-§. Gaznawylar.....................................................................................53
16-§. Garahanlylar...................................................................................55
17-§. Horezm döwleti we onuň ýokarlanmagy.......................................60
18-§. Horezmşa bilen Çingiz hanyň gatnaşyklary.................................63
19-§. Muhammet Horezmşanyň ýurt goranmasyna degişli
çäreleri we onuň netijesi.....................................................................66
20-§. Jelaletdin Menguberdiniň Horezmiň tagtyna geçmegi.................71
21-§. Jelaletdin Menguberdi ökde serkerde...........................................74

22-§. Jelaletdin Menguberdi Watan gahrymany....................................78
23-§. Çagataý ulusynyň döredilmegi..................................................82
24-§. Sosial-ykdysady durmuş...........................................................85
25-§. Etnik prosesler we özbek halkynyň şekillenmegi........................88

## IV BAP
## EŽDATLARYMYZYŇ YLMY MIRASY EBEDI RUHY HAZYNADYR

26-§. Mawerannahryň we Horezmiň medeni durmuşy...........................91
27-§. Edebiýat.....................................................................................98
28-§. Dini bilimleriň ösüşi...............................................................101
29-§. Binagärçilik, sungat we saz....................................................106

## V BAP
## EMIR TEMUR WE TEMURILER DÖWRI TARYHY

30-§. XIV asyryň ortalarynda Mawerannahrda sosial-syýasy ýagdaý.........109
31-§. Emir Temur – merkezleşen döwletiň esaslandyryjysy................114
32-§. Emir Temur soltanlygynda döwlet dolandyryşy we harby düzüm116
33-§. Emir Temuryň daşary syýasaty.................................................122
34-§. Emir Temuryň dünýä taryhynda tutýan orny..............................127
35-§. Temuriler döwründäki syýasy prosesler....................................131
36-§. Mürze Ulugbegiň hökümdarlygy döwründe Mawerannahr.........133
37-§. Temuriler soltanlygynyň krizise duçar bolmagy...........................137
38-§. Sosial-ykdysady ösüş we döredijilikli zähmet............................141

## VI BAP
## XIV- XV ASYRLARDAKY YLMYŇ WE MEDENIÝETIŇ HÄZIRKI ZAMAN SIWILIZASIÝANYŇ ÖSÜŞINDÄKI ROLY WE ÄHMIÝETI

39-§. Bilim ulgamy.............................................................................146
40-§. Anyk ylymlaryň ösüşi.................................................................148
41-§. Edebiýat.....................................................................................150
42-§. Şekillendiriş sungaty..................................................................153

*O‘quv nashri*

MUHAMMADJONOV ABDULAHAD RAHIMJONOVICH

# O‘ZBEKISTON TARIXI

**(Turkman tilida)**
**(IV ASRDAN XVI ASR BOSHLARIGACHA)**

**7-SINF**

*O‘zbekiston Respublikasi Xalq ta’limi vazirligi tomonidan umumiy o‘rta ta’lim maktablari uchun darslik sifatida tasdiqlangan*

Uchinchi nashr

“Sharq” nashriyot-matbaa
aksiyadorlik kompaniyasi
Bosh tahririyati
Toshkent – 2017

Terjime eden *Kamiljan Hallyýew*
Redaktor *Jumanazar Metýakubow*
Çeper redaktor *Feruza Başarowa*
Tehredaktor *Ra’no Babahanowa*
Korrektor *Jumanazar Metýakubow*
Sahaplajylar: *Aýgül Fozilowa, Kamiljan Hallyýew*

**Neşir litsenziyasi AI № 201, 28.08.2011-y.**

Çap etmäge 2017-nji ýylyň 20-nji dekabrynda rugsat edildi. Möçberi $60\times90^1/_{16}$. “Times New Roman” garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 10,0. Neşirýat-hasap listi 10,7. 890 nusgada çap edildi. Buýurma№ 4774

**“SHARQ” neşirýat-çaphana**
**paýdarlar kompaniýasynyň çaphanasy,**
**100000, Daşkent şäheri, Beýik Turan köçesi, 41.**

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| № | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrlan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |

*Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalaýyş kadalaryna esasan doldurylýar:*

| | |
|---|---|
| ***Täze*** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| ***Ýagşy*** | Kitabyň daşy bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Hemme listleri bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| ***Kanagat-lanarly*** | Kitabyň daşy ýenjilen, birneme çyzylyp, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanypdyr. Goparylan listleri täzeden abatlanan, käbir sahypalaryna çyzylan. |
| ***Kanagat-lanarsyz*** | Kitabyň daşy çyzylan, ýyrtylan, esasy esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanypdyr. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzylyp, boýalyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*O'quv nashri*

MUHAMMADJONOV ABDULAHAD RAHIMJONOVICH

# O'ZBEKISTON TARIXI

**(Turkman tilida)**
**(IV ASRDAN XVI ASR BOSHLARIGACHA)**

**7-SINF**

*O'zbekiston Respublikasi Xalq ta'limi vazirligi tomonidan umumiy o'rta ta'lim maktablari uchun darslik sifatida tasdiqlangan*

Uchinchi nashr

"Sharq" nashriyot-matbaa
aksiyadorlik kompaniyasi
Bosh tahririyati
Toshkent – 2017

Terjime eden *Kamiljan Hallyýew*
Redaktor *Jumanazar Metýakubow*
Çeper redaktor *Feruza Başarowa*
Tehredaktor *Ra'no Babahanowa*
Korrektor *Jumanazar Metýakubow*
Sahaplajylar: *Aýgül Fozilowa, Kamiljan Hallyýew*

**Neşir litsenziyasi AI № 201, 28.08.2011-y.**

Çap etmäge 2017-nji ýylyň 20-nji dekabrynda rugsat edildi. Möçberi $60\times90^{1}/_{16}$. "Times New Roman" garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 10,0. Neşirýat-hasap listi 10,7. 144 nusgada çap edildi. Buýurma № 4774 A

**"SHARQ" neşirýat-çaphana**
**paýdarlar kompaniýasynyň çaphanasy,**
**100000, Daşkent şäheri, Beýik Turan köçesi, 41.**